TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

TÜRKMEN HALK NAKYLLARY

Çapa taýýarlan
Myrat Çaryýew

AŞGABAT «MIRAS» 2005

UOK 894.361
T90

T90 Türkmen halk nakyllary. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 — 648 s.

REDAKTOR

Gurbanjemal Ylýasowa, *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda Beýik Garaşsyzlygymyzyň ýyllary içinde ilkinji gezek neşir edilip halka hödürlenilýän bu ýygyndy ata-babalarymyzyň pähim-paýhasy siňen dürdäne nakyllary öz içine alýar. Nakyllar halk döredijiliginiň iň kämil görnüşleriniň biridir. Az sözde uly many berýän nakyllar nesil terbiýesiniň başlangyjydyr. Halk nakyllaryndan Watany söýmegi, ony depäňe täj etmegi, ilegüne hormat-sylagy, wepadarlygy, mertligi, edermenligi, gaýduwsyzlygy, ruhubelentligi, halallygy öwrenmek bolar.

TMMMM №41

TDKP №67 **2005** **KBK 84Tür.7**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.
Türkmen halk nakyllary, 2005 ý.
M.Çaryýew, çapa taýýarlama, sözsoňy 2005 ý.

Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň
Ilkinji we Ömürlik Prezidenti
Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň
howandarlygynda neşir edilýär.

GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*».** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

Eziz halkym!

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!

Türkmenistanyň Prezidenti
Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.

BEÝIK SAPARMYRAT TÜRKMENBAŞYNYŇ MUKADDES RUHNAMASYNDAKY PÄHIMLER WE NAKYLLAR

– A –

Abadançylyk agzybirlikdendir.

* * *

Abraý, ýagşy at – bakydyr.

* * *

Açgözlülik adamçylyk mertebesinden aýrar, ýakynlaryňy duşmana öwrer.

* * *

Adalat ýoly – ynsanlar üçin şamçyragdyr.

* * *

Adam adama myhmandyr.

* * *

Adam akyly bilen adamdyr.

* * *

Adam akyly-da gyzyl güldür.

* * *

Adam – Allatagalanyň wagty syzmak üçin ýasan guralydyr.

* * *

Adam atasynyň bilinden, enesiniň bolsa ýüreginden önýändir.

* * *

Adam – bagdyr, zähmet – bagbandyr.

* * *

Adam baýlygyň däl-de, baýlyk adamyň gullugynda bolmalydyr.

* * *

Adam boljak bolsaň, bigänelikde däl, märekede ulal!

* * *

Adam bolmak – özüň bolmakdyr.

* * *

Adam ogly – gelejege barýar.

* * *

Adam ruhy şahsyýetdir.

* * *

Adam söýgi basgançagyna münüp, Ýagşyzada bolup biler.

* * *

Adam şekilli ýaşamagy zähmet bilme!

* * *

Adam tebigata garylyp, tebigat ýaly päk, owadan bolup biler.

* * *

Adam tebigatyň önümi. Tebigatyň perzendi!

* * *

Adam ýerde ýaşaýar, emma adamyň göwni asmanda perwaz urýar.

* * *

Adama atadan gylyk-häsiýet, eneden bolsa zehin geçýändir.

* * *

Adama ýylgyryp bilmegi, gülüp bilmegi Allatagala bagyş edendir.

* * *

Adamdan ýalňyz bir ýadygärlik galýar, ol hem onuň bitiren işleridir.

* * *

Adamy adam eden ylymdyr.

* * *

Adamy – durmuş, şahsyýeti – taryh terbiýeleýär.

* * *

Adamy özgä berýän bahasy bilen-de tanap bolar.

* * *

Adamyň akyllysy dil öwrener.

* * *

Adamyň borjy – bilmekdir.

* * *

Adamyň gany atadandyr, süňňi bolsa enedendir.

* * *

Adamyň hakyky keşbi – onuň ata-enesine goýýan hormatyndadyr.

* * *

Adamyň ilkinji Watany-da enedir.

* * *

Adamyň ýaramazy günäni özünden gözlemän, döwrüne we jemgyýetine myjabat ýapýanydyr.

* * *

Adamzadyň islendik işiniň manysy haýyr görmekdir.

* * *

Adamzadyň mazmuny döretmekden, ýaratmakdan, agtarmakdan, gözlemekden, gurmakdan ybarat.

* * *

Adamzat jemgyýeti ylymsyz, adam akylsyz ýaşap bilmez.

* * *

Adamzat tebigatyň iň kämil närsesidir.

* * *

Aga-arkaň gara dagy. Bibi öýüň söýesidir.

* * *

Agam bar – ne gamym bar.

* * *

Aglasa enem aglar, galany ýalan aglar.

* * *

Agyr zamananyň hem ýeňil günleri bolýandyr.

* * *

Agzybire – Taňry biýr, agzybire – Taňry birdir.

* * *

Agzybirlik – döwletiň ambary, hazynasydyr.

* * *

Agzybirlik – ebedi türkmen milletiniň baş ýörelgesidir.

* * *

Agzybirlik ojakdyr, agzybirlik saçakdyr.

* * *

Ajaýyp adamlar köpelse, durmuş ajaýyplaşar.

* * *

Akyl – adamzat ýaşaýşynyň uslybydyr.

* * *

Akyl – Allanyň gözüdir, ynsap – halk gözüdir.

* * *

Akyl aňlanylýan we aňlanylmaýan dertleriň baryndan halas edýändir.

* * *

Akyl bagtyň kepili, ynsap kämilligiň güwäçisidir.

* * *

Akyl bile ynsap bolsa – daşda däl, içdedir.

* * *

Akyl – biwepalyk etmeýän dostdur.

* * *

Akyl – çözgütdir.

* * *

Akyl edebiniň manysy ataň-eneň gadyr-gymmatyna, tapylgysyzlygyna akyl ýetirmekden ybaratdyr.

* * *

Akyl – gutarmaýan baýlykdyr.

* * *

Akyl içinden açylýar.

* * *

Akyl jomartlygy – peýdaly pähimleri ündemekdir.

* * *

Akyl kämilligi danalyk, duýgy kämilligi – ruhanalykdyr.

* * *

Akyl kämilligi Watanyň nämedigine düşünmekdir.

* * *

Akyl nämäni buýursa, dil şony diýer.

* * *

Akyl – öçmeýän söýgüdir.

* * *

Akyl uly güýçdür.

* * *

Akyl we ylym – Alla ýakynlaşmagyň mümkinçiligidir.

* * *

Akyl ylmyň şinesidir, zehin – tohumydyr.

* * *

Akyl ýaşadykça gurba gelýär.

* * *

Akyl ýaşda bolmaz, başda bolar.

* * *

Akyl ýok ýerinde adam bolmaz.

* * *

Akyl ýok ýerinde ynam-ynanç ýokdur.

* * *

Akyllylygyň şerti sagdynlykdyr.

* * *

Akylyň bolmasa, Alladan gorkyny bilmersiň, ynsabyň bolmasa, ili sylamagy bilmersiň.

* * *

Akylyň iň ýokary derejesi – parasatdyr.

* * *

Alanyňda – bir eliň bilen al, bereniňde – iki eliň bilen ber.

* * *

Alla bilen adamsyň, il-gün bilen kişisiň.

* * *

Alla her kime, her bir jandara rysgal paýlaýar.

* * *

Alla saňa baýlygy adamlaryň peýdasyna işlet diýip berendir.

* * *

Alla ýaradandyr – ýaradyjydyr. Ene bolsa, döredijidir.

* * *

Alladan gorkan ölümden gorkmaz, ilden çekinen nebisden gorkar.

* * *

Alladan gorkmadyk ölümden gorkar, ilden çekinmedik ryswalykdan gorkmaz.

* * *

Allany, Allanyň wekilini aldap bolmaýar.

* * *

Allanyň bendesiniň ýagşysyny ýaýyň, ýamanyny, belki, onuň özi düzeder.

* * *

Allanyň halamajak işini eden imansyz, il-günüň halamajak işini eden ryswa bolar.

* * *

Allanyň öňünde imanyň, milletiň öňünde zähmetiň seniň iň uly güwäňdir.

* * *

Allanyň saýlan ýerinde ýaramaz ýer bolmaz.

* * *

Allanyň ýaradan bendesi hiç bolmanda sençe-mençe bardyr.

* * *

Allatagala adama akyl beripdir.

* * *

Allatagala adamy atasyz ýaratsa-da, enesiz döredip bilmändir.

* * *

Allatagala bu dünýäni adamzat üçin ýaradypdyr.

* * *

Alym bolmak aňsat, adam bolmak kyn.

* * *

Alym hakykatyň dostudyr, jemgyýetiň hyzmatkäridir.

* * *

Alym – ylym eýesi, jemgyýet – alym eýesidir.

* * *

Amanady aýa, eýesi başgadyr.

* * *

Anyk ýoly bar millet bagtlydyr.

* * *

Aňy we köňli bilen Watan ezizligine göz ýetiren türkmen hiç mahal ruhdan düşmez.

* * *

Arassalyk, päkizelik ynsapdan çykman, halallyga gol ýapmakdyr.

* * *

Asyl ruhy-ahlak gymmatlyklarynyň ulgamydyr.

* * *

Ata-babalarymyz Asmanda Allatagala, Zeminde Adama ynanýardylar.

* * *

Ata-babalarymyz öz güýjüne, gaýratyna ynanýardylar.

* * *

Ata bilen enäni bagtyýar etmek perzentleriň borjudyr.

* * *

Ata-eneň – iň oňat dostuň, iň wepaly mähribanlaryňdyr.

* * *

Ata-enäniň gadyr-gymmaty ýaşyň geçdigiçe artýar.

* * *

Ata-enäniň ýüregi perzentdedir.

* * *

Ata haky – Taňrynyň hakydyr.

* * *

Ata kesbi – ogla halal.

* * *

Ata münen atasyny tanamaz.

* * *

Ata öz ýalňyşlyklaryna toba etmese, ol ýalňyşlyklary perzendiň gaýtalajagy ikuçsuzdyr.

* * *

Ata – seniň il öňündäki tutarygyňdyr, güwäçiňdir.

* * *

Ata seniň Alladan soňky ikinji hossaryňdyr.

* * *

Ata Watanyna dönüklik eden kişä biziň aramyzda orun-ojak bolmasyn.

* * *

Atalar ölmeýär, olar öz perzentlerinde ýaşaýarlar.

* * *

Ataň adyny, eneň ojagyny ýitirme!

* * *

Ataň bolmasa, sen hem bolmazdyň, ekmedik bolsa, dünýä gelmezdiň.

* * *

Ataň kimdiginden utanma, «Atasyndanam oňat» diýdir.

* * *

Ataň maly terekä salnar, emma abraýy ähli doganlaryňyza bölünmän, bütewiligine geçer.

* * *

Ataň seniň öňki «meniňdir».

* * *

Ataňa näme ýagşylyk etseň, özüňe ýagşylyk edeniňdir.

* * *

Ataňy äsgermezlik – özüňi äsgermezlikdir, ataňy sylamazlyk – özüňi sylamazlykdyr.

* * *

Ataňy sylamak bolsa, Watanyňy sylamakdyr.

* * *

«Atasyça ýok» diýlerinden utan.

* * *

Atasyny sylamadyk – ýurduny sylamaz, enesini söýmedik – topragyny söýmez.

* * *

Atasyzlyk – garnyň açlygydyr. Enesizlik – mähir ýetmezçiligidir.

* * *

Atylan oklar, meňzeş hem bolsa, diňe käbiri nyşana degýär.

* * *

Aý, ýyl tiz geçýär diýýäris, ýok, aý, ýyl haýal geçýär, ömür çalt geçýär.

* * *

Aýal äri üçin ýaşar, är il üçin ýaşar.

* * *

Aýal giden öýden döwlet gider, erkek giden öýden tug gider.

* * *

Aýal – öýüň şasydyr, hojalygyň eýesidir!

* * *

Aýaly – başdan, çagany – ýaşdan.

* * *

Aýalyň – kalbyň, uýaň – süňňüň dowamydyr.

* * *

Aýalyň ýykan öýüni Taňry hem düzedip bilmez.

* * *

Aýawlylyk, tygşytlylyk halallykdan nyşandyr.

* * *

Aýrylama – ýüregiňi Watanyňdan aýrylama, türkmen!

* * *

Azapsyz ýeriň ady bolmaz, emgeksiz baýlygyň gadyry bolmaz!

* * *

Azmak-azaşmakdyr, azaşmak bolsa, ýoldan çykmakdyr.

– B –

Bag – bakja – seniň howlyň lybasydyr!

* * *

Bagt daşyňda däl, içiňdedir!

* * *

Bagt hemişelik bolanda bagtdyr, döwlet yrylmaz bolanda döwletdir, baýlyk halal bolanda bereketlidir.

* * *

Bagt, ykbal birbada berilýän däldir.

* * *

Bagta zähmet bilen ýetilýändir.

* * *

Bagtyň girewi edepli pikirlere, edepli sözlere we edepli hereketlere endik etmekdir.

* * *

Bagtyýar ýaşamagyň altyn açary dünýä, ýaşaýşa bolan söýgüňdedir!

* * *

Baş döwletiňi tapsaň, baýlyga bakma.

* * *

Başyň gökde bolsa-da, topraga tagzym et!

* * *

Başyňy sallamazlyk üçin ruhuň belent bolmagy gerekdir.

* * *

Batyr – uruşda, dana – gaharda, dost – horlukda tanalýandyr.

* * *

Baý bolmaga-da zehin gerek.

* * *

Baýlygy gazanmakdan saklamak, jaý ýerine sarp etmek kyn.

* * *

Baýlygy gazanmankaň, ony sowmagyň pikirini et, soň giç bolar.

* * *

Baýlygy göterinip bilmedik ýol urduryp, azgyn bolar, garyplygy ýeňen adam bolsa myradyna ýeter, adam bolar.

* * *

Baýlygy haýyr işe ulandygyňça, bereketi artar, baýlygy ulanman goýdugyňça, öz-özünden hümmeti gaçar.

* * *

Baýlygy ruha gulluk etdir.

* * *

Baýlygy saklamagy başar.

* * *

Baýlygyň çeşmesi zähmetdir.

* * *

Baýlyk – binýatdyr, rehnet – binadyr.

* * *

Baýlyk – gulçulyga, rysgal-döwlet azatlyga getirýär.

* * *

Baýlyk – nebsiň keýpi däldir, iliň peýdasydyr.

* * *

Baýlyk sildir, siliň öňünde durup bilmersiň, ondan bir tarapa sowlup aman galan ýagşydyr.

* * *

Baýlyk, zat – ýoldan çykarar. Döwlet-rysgal – ýola salar.

* * *

Bedenini mata gundagy, kalbyny hem akylyny edep gundagy bilen gundagla!

* * *

Berip bilýärkäň bermeseň, almaly günüň hem alyp bilmersiň.

* * *

Bermegi başarsaň – minnetdarlyk görersiň.

* * *

Beýiklik – diňe Watandadyr we beýiklik Watan bilendir.

* * *

Bägül bagda gowy, gelin-gyz – öýde.

* * *

Bikärligiň süýjüligi soňy ajy gutarýan gökje hyýaryňky ýalydyr.

* * *

Bikärlik, nadanlyk we ýaltalyk hiç bir duşmanyň edip bilmejek zyýanyny eder.

* * *

Bilegi zor birini ýykar, bilimli zor – müňüni.

* * *

Bilim – ilden özüňe almakdyr, sarp etmekdir. Ylym – özüňden ile bermekdir, döretmekdir.

* * *

Bilim we ylym ýaramaz işiň ähtimallygyny juda azaldýandyr.

* * *

Bilimi hem-de ylymy adamzadyň özi tapypdyr.

* * *

Bilmek söýgiňi artdyrar.

* * *

Bir aýaly iki är alyp bilmez. Bir ýurda iki töre sygmaz!

* * *

Bir dogran biler, birem – dogan.

* * *

Bir nahal ekseň, ýaşyň bakydyr.

* * *

Biri oda siňe seredip, dünýäniň gözbaşyny görýär, ýene biri oda siňe seredip dünýäniň gutaryşyny görýär.

* * *

Biri süýde siňe seredip gan görýär, ýene biri gana siňe seredip süýt görýär!

* * *

Biedeplik ynsap gülüni guradar, akyl daragtyny çüýreder.

* * *

Biz şahalar, ata-enemiz bolsa daragtdyr.

* * *

Boljak oglan ýaşlykdan bellidir.

* * *

Boýun egmegiň oňady nebsiň göwne boýun bolmagydyr.

* * *

Bu dünýä gelmek bagtdyr.

* * *

Bulagyň suwy hapalansa, sakasyndan, çeşmäniň suwy kesilse, gözünden gör!

* * *

Buzdan sowuk dünýäde ýüregiň yssysy bolmasa ýaşamak kyn düşýär.

– Ç –

Çabgalar, baranlar – däli ummanlaryň söýgüsidir.

* * *

Çaga bezzat bolsa, günäkär ene-atasy!

* * *

Çaga gorksa «eje» diýip gygyrar, uly aljyrasa, atasyndan haraý gözlär.

* * *

Çaga öz ýaşyna görä zähmetde taplanmalydyr.

* * *

Çagadan namazlykdan düşmän oturan molla-da ýasap bolar, ganhor-da!

* * *

Çagakaň iň uly hossaryň, ulalaňda iň uly ýürekdeş dost-ýaryň ataň bilen eneňdir.

* * *

Çagalyk – pyntyk, ýetginjeklik – gunça, ýigitlik – bir gyzyl güldür.

* * *

Çagaňa dili manysy bilen öwret.

* * *

Çaganyň ýaşlykdaky maňlaý deri – geljeginiň altyn däneleridir.

* * *

Çeşmeler, çaýlar – depesi ümürli-dumanly daglaryň söýgüsidir.

* * *

Çopan işden garda dynar, daýhan – görde.

* * *

Çyn alym – ylym üçin doglan kişidir.

* * *

Çyn garyndaş – süňk hossardyr.

* * *

Çyn ýeňiş öz-özüňi ýeňmekdir.

* * *

Çytyk ýüzüň bilen goňşyňy ynjytma!

– D –

Dag – ýykylmazdyr, öý ýumrulmazdyr.

* * *

Dag ýaly harmandan depe ýaly çäç galýar!

* * *

Daşyňda gowy adam köpelse, galaly bolarsyň.

* * *

Daýanç – sütündir.

* * *

Der damjasy – dür dänesidir!

* * *

Derýalar öz suwuny içmeýärler, baglar öz miwelerini iýmeýärler.

* * *

Dil baýlygy – il baýlygy.

* * *

Dil bolmasa, il bolmaz.

* * *

Dil döwletdir.

* * *

Dil edebi – dilewarlykdyr.

* * *

Dil jomartlygy – ýagşy sözleri aýtmakdyr.

* * *

Dilewarlyk – göwün açarydyr.

* * *

Dilewarlyk – göwün gapysydyr.

* * *

Dilim bar, dünýäm bar.

* * *

Diliňem jomart bolsun, eliňem jomart bolsun!

* * *

Diňe başlanmaýan ýol gutarýan däldir.

* * *

Diňe eliň däl, köňlüňem jomart bolsun!

* * *

Diňe oňat zatlar wagyz edilýär.

* * *

Dirä – güman, ölä – aýan.

* * *

Dirä – ýörelge, ölä – gonalga.

* * *

Diriligiň çynlygy diriligiňi aňlap bilşiňe-de baglydyr.

* * *

Dirilik ölüm bardygy bilen tagama gelýändir.

* * *

Dogan – ilkinji watandaşyňdyr. Onuň oturan gujagynda oturansyň.

* * *

Dogan islege berilmeýär, dogany saýlap tutup bolmaýar.

* * *

Doganyň dost bolsun, dostuň dogan!

* * *

Doganyna dogan bolmadyk, ýada dost bolup bilmez.

* * *

Doganyňy dost, ýakynyňy dogan, ýadyňy ýakyn et!

* * *

Dogry sözlüniň dosty – Hudaý!

* * *

Donuň täzesi ýagşy, dostuň könesi.

* * *

Dost – adamyň ikinji özüdir.

* * *

Dost – adamyň kalbynyň aýnasydyr.

* * *

Dost – durmuşyň manysydyr.

* * *

Dost dogan derejesinde, dogan hem dost derejesinde görülýändir.

* * *

Dostlaşyp utulan, doganlaşyp zyýana galan ýokdur!

* * *

Dostluk – iki tende bir ýürek bar diýmekdir.

* * *

Dostluk – ýüregiňi bütinligi bilen özge birine bagyş etmekdir.

* * *

Dostluk manysy – söýgüdir, mähirdir.

* * *

Dostuň bolmasa günä Hudaýda däl, doganyň bolmasa günä özünde däl.

* * *

Dosty nähili bolsa, adama hem dosty boýunça baha kesýändirler.

* * *

Dörediji bolmak üçin kalbyň şahyranalygyny ýitirmän saklamak esasy şertdir.

* * *

Döretmek – ylmyň enesidir.

* * *

Döwlet – halk möçberindäki uly öýdür.

* * *

Döwlet – milli ruhuň gaýmagydyr.

* * *

Döwlet gurmak – milletiň öz-özüni döretmegidir.

* * *

«Döwlet tapaýyn» diýseň, öýüňi halaldan tut!

* * *

Döwletiň hem rysgalyň halallyk bilen baglanyşygy bar.

* * *

«Döwletli bolaýyn» diýseň, Watandan ryskyňy aýrylama!

* * *

Durgunlyk diňe ölümde mümkindir, durgunlygy diňe ölüm halaýandyr.

* * *

Durmak – durmak däl, yzyňa gaýtmakdyr.

* * *

Durmuş – Allatagalanyň bize eçilen bagt meýdanydyr.

* * *

Durmuş – sungatdyr.

* * *

Durmuşa şatlyk berseň – şatlyk, bagt berseň – bagty gaýtaryp berýändir.

* * *

Durmuşda eýeleýän ornumyz, wezipämiz däl-de, barýan ýolumyz möhümdir.

* * *

Durmuşyň gadyr-manysy – birek-birege bolan söýgüňdir.

* * *

Durmuşyň lezzeti – ömrüňi manyly geçirmekdedir.

* * *

Durmuşyň tagamy ata-enä goýýan hormatyňdadyr!

* * *

Duýgy kämilligi – Watany söýmek.

* * *

Dünýä – Allatagalanyň mekdebi.

* * *

Dünýä – dowamatdyr, abraý – bakyýetdir.

* * *

Dünýä – tükeniksizlige barýar.

* * *

Dünýä bir göwre bolsa, ruh onuň janydyr.

* * *

Dünýä gelen her bir adamyň bezegi – gylyk häsiýetleridir.

* * *

Dünýä hakykaty ahyret rowaýatynyň kölegesidir.

* * *

Dünýäde iň oňat zat – nurdur, baýlykda iň oňat zat – ruhy baýlykdyr.

* * *

Dünýäde şeýle bagt bar – bilmek, öwrenmek, pikir edip, oýlanyp göz ýetirmek bagty.

* * *

Düýä münüp, hataba bukma.

– E –

Edebiň başy-da öz-özüň öňünde edepli bolmakdyr.

* * *

Edebiň iň ýagşysy bolsa, öz-özüňi çäklendirmekdir.

* * *

Edebiň netijesi bolsa ýagşy ahlakdyr.

* * *

Edebiň ýagşysy ata-eneňi sylamakdyr.

* * *

Edebiň ýagşysy Watany söýmekdir.

* * *

Edep – bergidir. Ahlaklylyk – beglikdir.

* * *

Edep – netijedir.

* * *

Edep – pelsepe bilen esaslandyrylan milli ahlak we durmuş kadalarydyr.

* * *

Edep ýok ýerinde adamy-da gözläp oturmaň!

* * *

Edep ýok ýerinde ylym bolmaz.

* * *

Edepli perzent il içinde halal ýaşamagyň tärini atasyndan öwrenen perzentdir.

* * *

Edepli perzent öz-özünden döremeýär.

* * *

Edepli ýaşamagy endik edinseň, ömrüň sapaly geçer.

* * *

Eger bu goja zeminiň üstünde gudrat bar bolsa, ol gudrat – ejedir!

* * *

Eklegeniň gadyryny ekläniňde bilersiň, saklaganyň gadyryny saklanyňda bilersiň.

* * *

Eklemek borçdur, çörek bermek borçdur, terbiýe bermek bolsa iki esse borçdur.

* * *

El jomartlygy – halal zatlary eçilmekdir.

* * *

Eliň dyrnagyny ilden utanyp, aýagyň dyrnagyny özüňden utanyp almalydyr.

* * *

Eliň ýüwrük, pikiriň ýüwrük, göwnüňem ýüwrük bolsun!

* * *

Eliň, aňyň hem ýüregiň dek durmasyn!

* * *

Elwan güller, ýaşyl maýsalar – topragyň söýgüsidir.

* * *

Emgege dözümli bol!

* * *

Enäniň göwnüni ýykan nekgendäniň durmuşda dikeltjek zady bolmaz!

* * *

Ene – mähriň adam keşbine girmegidir.

* * *

Ene – mukaddeslikdir.

* * *

Ene bize topragy söýmegi, ata bize Watany söýmegi gan, ruh bilen bagyş edendir.

* * *

Ene gargyşyna galmak – ýowuz bela.

* * *

Ene haky – Taňrynyň hakydyr.

* * *

Ene-ataňa dirikä-de, ýogalandan soň hem hyzmat etmekden irinme!

* * *

Eneli günleriň bagtly günler, ataly günler iň manyly günlerdir.

* * *

Eneň seniň dadyňdyr, ataň – haraýyňdyr.

* * *

Eneň seniň içiňi bina edýändir, ataň bolsa daşyň galasydyr.

* * *

Enesine seretmedik kişi başga adama seredýär diýseler ynanmaň!

* * *

Enesine-atasyna seretmedik adama Allanyň perişdeleri hem bakmazmyş!

* * *

Enesine-atasyna seretmedik adamyň ýüzüne seretmegem päl däldir.

* * *

Enesini ynjydan adam ilem ynjydyp biler, ýurdam!

* * *

Enesini-atasyny ynjydan adamdan gaçyň, beýle adamdan hiç haçan adam bolmaz!

* * *

Erkek – aýaly bilen erkekdir.

* * *

Erkinlik bolmasa, jemgyýetiň höziri ýok, kanun bolmasa weli, jemgyýetiň özi ýok.

* * *

«Et!» diýme, özüň edip görkez! «Etme!» diýme, özüň etmekden saklan!

* * *

Et ete gider, çorba – pete.

– Ä –

Äheňňir bolma, işeňňir bol!

* * *

Ähli edepleriň başy ata-eneňi hormatlamak, derejelemek edebidir.

* * *

Ähli günäleriň gözbaşy – gybat bilen ýalandadyr.

* * *

Ähli ynam ene-atadan başlaýar.

* * *

Ähli zat Allatagalanyň beýik söýgüsinden döräpdir.

* * *

Är – daýa.

* * *

Är – öýüň goragy, aýal – öýüň diregi, direg bolmasa, goragyň ne manysy bar.

* * *

Är – zähmeti bilen, bedew at – ýyndamlygy bilen, gylyç – kesgirligi bilen tanalýandyr.

* * *

Är ýigit är ykbalyna hem razy.

* * *

Äri är edýänem – aýal, äri gara ýer edýänem – aýal.

– G –

Gadyr-gymmat ýitgi arkaly aýan bolýar.

* * *

Gahar – kapyr!

* * *

Gala salynma, öý edin!

* * *

Galplyk – ikiýüzlülik, öz asyl keşbini gizlemekden ötri başga biri bolup görünmekdir.

* * *

Gam-gussa dartanyň bilen gam-gussa aýrylyp gidýän däldir.

* * *

Gam-gussa köňül berseň, ol goş basyp, duluňda ýatar.

* * *

Gapysyny açyp, kalbyny açmadykdan gaç, kalbyny açyp, gapysyny ýapanyň günäsini geç!

* * *

Gara garnyň däl, gara başyň aladasyny et.

* * *

Garyn nebsi – iýmekde we içmekde çäksizlikdir.

* * *

Garyndaşlykda at-abraý – mukym, biabraýlyk – mysapyr bolsun!

* * *

Garyndaşyň zyýapatynda elek bilen suw daşalýandyr.

* * *

Gaýtalamaň we gaýtalanmaň!

* * *

Geçmişiň pikirine daýanyp, gelejege gidip bolmaýar.

* * *

Geljek – biziň ertirki güne bolan ynamymyzdyr.

* * *

Gep-gybat bilen goňşyňy gozgama!

* * *

Gerçegiň başy gökde, göwni ýer kimindir.

* * *

Gerçegiň endamy gaty, köňli ýumşak bolar.

* * *

Gerçegiň gaýgy-gamy bir pursatlyk, şadyýanlygy ömürlik bolar.

* * *

Gerçegiň ruhy belent, päli pes bolar.

* * *

Gerçek gussasyny özüne, şatlygyny iline berer.

* * *

Gerçek ýigit kiçiniň ýanynda – kiçi, ulynyň ýanynda – welidir.

* * *

Geýim adamy bezeýär, göze mährem görkezýär.

* * *

Giç ýat, ir tur – alty pişegi artyk ur.

* * *

Göbek ganyň daman ýeri seniň üçin Älemiň merkezidir.

* * *

Goç ýigit – ýokary ahlak sypatlary özünde jemleýän şahsyýetdir.

* * *

Gonamçylyk – taryhyň beýnisi.

* * *

Goňşy – diňe Allanyň däl, uly iliň şaýadydyr.

* * *

Goňşy – diňe kyýamatyň däl, şu ajap döwranyňam baha ölçegidir.

* * *

Goňşy – iň ýakyn aradaky ildir.

* * *

Goňşy – mähek daşydyr, sen sap altyn ýa-da mis garyndysymyň – goňşy bahym kesgitlär.

* * *

Goňşy – ömrüňe dahylly kişidir.

* * *

Goňşy – ykbalyňa täsirli kişidir.

* * *

Goňşynyň dili – uly iliň dilidir.

* * *

Goňşynyň gözi – uly iliň gözüdir.

* * *

Goňşynyň gulagy uly iliň gulagydyr.

* * *

Göwni baý adam – baýlyga özüni aldyrmaýan adamdyr.

* * *

Göwni baýyň sözi – jaý.

* * *

Göwni giňlik – ruhubelentligiň esasydyr. Sabyr-kanagat – göwni giňligiň doganydyr.

* * *

Göwnüň syna-syna seýik bolar.

* * *

Göwnüňem jomart bolsun, akylyňam jomart bolsun!

* * *

Göwün göwünden suw içer.

* * *

Göwün guşy hoş bolmasa, perman bilen uçmaýar.

* * *

Göwün jomartlygy – halky söýmekdir.

* * *

Göwünde garratma etsem-petsemiň.

* * *

Gowy adam bolmak özgä däl, öňi bilen, özüňize zerur.

* * *

Gözellik – manyly we pelsepewi ýaraşyklylykdyr.

* * *

Gözlän adam tapýar.

* * *

Gözleriň ýylgyryşy ruhy dünýäniň derwezesidir.

* * *

Gözüm ýagşysyny görsün! Ýaman özün görkezer.

* * *

Gün – älemiň söýgüsidir.

* * *

Gün bolmasa, älem ýaşaýşy bolmazdy.

* * *

Gün bolmasa, gündizlik bolmaz, ylym bolmasa, jemgyýet bolmaz.

* * *

Günüňden zeýreniji bolma!

* * *

Gurmak, döretmek, ýaratmak, bina galdyrmak Allatagalanyň, pygamberleriň ýoludyr, entek bu ýol bilen gidip ýalňyşan ýokdur!

* * *

Güýç – halallykdadyr.

* * *

Güýçli bolmak üçin, esasan, iki zat gerek: asyl hem-de maksada okgunlylyk.

* * *

Gyrmyldan gyr aşar, yrgyldan çat açar!

* * *

Gysgançlyk – imansyzlykdandyr.

* * *

Gyz-gelniň göwnüni ýykan türk-iman (türkmen) däldir.

– H –

Hak ady – bakylyk nukdaýnazarydyr.

* * *

Hakaýyl kişiler dünýä ir akyl ýetirer, olaryň ylahy nazary geçmişem görer, geljegem.

* * *

Hakykat – Allanyň ýalkawydyr!

* * *

Hakyky baýyň, öňi bilen ruhy baý bolýandyr.

* * *

Hakyky bilim – biziň aňymyzda ömürboýy saklanyp galýan zatlardyr.

* * *

Hakyky sungat ynsana ruhy güýç berýän dermandyr.

* * *

Halal «men halal» diýmez, çünki beýtmegiň manysy ýokdur.

* * *

Halal adamyň müýni ýokdur.

* * *

Halal baýlyk – döwletdir.

* * *

Halal baýlyk – imana deňdir.

* * *

Halal rysk, halal döwlet adamyň ýüregini öňküdenem arassalaýar.

* * *

Halal zat hiç mahal adamy azgynlyga, hapaçylyga getirmeýär.

* * *

Halallyga ýeten – ýeňilmezdir.

* * *

Halallyk – arkaň dagydyr!

* * *

Halallyk – jemgyýetiň şahsyýete bildirýän talabydyr, erkinlik şahsyýetiň köpçülik öňünde tekrarlaýan gymmatlygydyr.

* * *

Halallyk – türkmeni arşa göterer!

* * *

Halalyň hemaýatkäri içinde, haramynyň ýagysy ýanyndadyr.

* * *

Halalyň ornuna haram geçen bolsa, jemgyýetde terbiýäniň pese düşenligidir.

* * *

Halk bar – ony şu gün ýaşap ýören ogullary beýgeltmeli! Halk bar – entek oňa ogullary beýik bolup akyl ýetirmeli!

* * *

Halkyň ýoly – Hakyň ýoly.

* * *

Hanly il – imanly il.

* * *

Haram – jemgyýete zyýan etmekdir. Halal – jemgyýete haýyr etmekdir.

* * *

Haram «men halal» diýer, çünki şeýtmese, ýol almaz.

* * *

Haram baýlyk – özgäniň hasabyna gazanylan baýlykdyr.

* * *

Haram baýlyk – özgäniň rysgalyndan ýygnalan baýlykdyr.

* * *

Haram har eder, halal hal bolar!

* * *

Haram iýmek – iki egniň etinden çekeläp iýmek bilen barabar!

* * *

Haramlygyň netijesi – biedeplik, halallygyň netijesi – edeplilikdir. Edep perzendiň bagtynyň girewidir.

* * *

Haramlyk binýadynyň üstünde halallyk diwaryny galdyryp bolmaz.

* * *

Hassa soramaga barýan wagtyň ömrüň umumy hasabyna urulmaýar.

* * *

Hatarda ner bolsa, ýük ýerde galmaz.

* * *

Haýbat etmesizden gorkup duran adama haýbat atmak nämä gerek?

* * *

Haýra sarp etmegiň baş şerti baýlygy halal gazanmakdyr.

* * *

Haýsy maşgala agzybir bolsa, şol maşgala döwletlidir.

* * *

Haýsy oba agzybir bolsa, halky bagtyýardyr.

* * *

Haýsy ýurt ösýän bolsa, şol ýurtda agzybirlik bardyr!

* * *

Haýyr işe başlasaň, Hudaýa, iliňe, döwletiňe bil bagla.

* * *

Haýyr işi jäht tut!

* * *

Hemmeler jemgyýete bergilidirler, mugallymyň bergisi – ýaş nesle ylym we bilim bermekdir.

* * *

Her adamyň ruhy belent bolanda, halkyň ruhy belent bolýar.

* * *

Her bir köpbilmiş ylym eýesi bolup bilmez.

* * *

Her bir millet – Allatagalanyň dünýä bagynda eken bir gülüdir.

* * *

Her bir okumyş alym bolmaz.

* * *

Her bir türkmeniň beýikligi – onuň halkynyň beýikligi.

* * *

Her kim bol, öz işiňe ussat bol!

* * *

Her kim mätäçlere kömek etmegi başarmasa, ýolbaşçylyga ýaramaz.

* * *

Her kim öz-özüni düzedip bilse, onbaşy bolmaga ýarar.

* * *

Hereketde durgunlyk bolmaz.

* * *

Hereketsizlik nebsi – ýaltalyk hem ukudyr.

* * *

Herki zadyň gadyr-gymmaty hakda ýitirip, soňundan oýlanýarys.

* * *

Hiç bir kitap ylhamsyz ýazylmaýar.

* * *

Hoş gününde eselmedi, hor gününde peselmedi.

* * *

Hudaý – ahlak gözelligidir, Watan – gözel ahlaklylykdyr.

* * *

Hudaý ähli tarapdan seredip durandyr!

* * *

Hudaý, hatda gursagyňdan hem seredip durandyr!

* * *

Hudaýa iman – Hudaýyň barlygyna we birligine ynanmakdyr.

* * *

Hudaýa ynanyp bilmeseň, eneň-ataň guburyna sežde ediber.

* * *

Hudaýdan alanyňy halka ber, halkdan alanyňy – Hudaýa ber.

* * *

Hudaýtagalanyň istäni – türkmene parzdyr.

* * *

Hudaýyň beren zehinini zähmet bilen ýiteltmeseň, ol kütelmek bilendir.

* * *

Hünär ýokmy, at hem ýok!

* * *

Hünäriň ýaramazy bolmaz.

* * *

Hünärsiz kişi – miwe getirmez daragtdyr.

– I –

Içi-daşy bezemen, kaşaň jaý ýagşydyr, emma içinde ýürekdeşiň bar jaý has ýagşydyr.

* * *

Iki dogan bir göwräniň iki goly bolarmyş.

* * *

Ikiçäklik – pynhanlyk, hylwatlykdyr.

* * *

Il ýörän ýer, ýol bolar.

* * *

Ilden utanyp, daşky eşigiňi, özüňden utanyp, içki geýimiňi tämiz saklamalydyr.

* * *

Ilden ýagşy sözüňi, güler ýüzüňi, açyk gönüňi gysganma!

* * *

Ile haýry bolmadyk pul hakyky baýlyk däldir.

* * *

Il-gün – edep terezisidir.

* * *

Il-günüň – keramatdyr. Delalaty şondan gözle!

* * *

Il-günüňe, jemgyýete we döwlete şübhe etmek haramlyga tarap ädilen ilkinji ädimdir.

* * *

Ili hormatlamak – adamy, ýanyňdaky janly adamy hormatlamakdan başlanýar.

* * *

Iliň, jemgyýetiň götermejek zadyny etme, şonda jemgyýet hem seni adam sanyna goşar.

* * *

Ilki öýüňi, soň özüňi beze!

* * *

Ilki özüň kämilleş, soň perzendiň kämilleşmegine giriş.

* * *

Ilki özüňe gara, soň özgelere!

* * *

Iman – Hudaýa ynançdyr.

* * *

Iman – ruhy gymmatlyklara ynançdyr.

* * *

Iman – Taňrynyň barlygyna we birligine ynanmakdyr.

* * *

Iman edebi – kalbyň edebidir.

* * *

Iman hem yşkdyr.

* * *

Imanyň şerti yşk, netijesi bolsa ruhy hakydadyr.

* * *

Iň baý kişi – mähre baý adamdyr.

* * *

Iň güýçli gujur adamzada berlen akyldyr, ylym ol gujury azat etmegiň, çykarmagyň serişdesidir.

* * *

Iň gysganç adam – ilden salamyny gysganýan adamdyr.

* * *

Iň ilkinji miras hem iň ýagşy miras, hemişe täze miras hem hiç mahal tükenmez miras – edepdir!

* * *

Iň oňat baýlyk – jemgyýetiň haýryna berilýän baýlykdyr.

* * *

Iň oňat mugallym öwredýärkä öwrenip bilýän mugallymdyr.

* * *

Iň oňat mugallym ylmyny özgä berip bilýän alymdyr.

* * *

Iň oňat ylym – jemgyýete peýda getirýän ylymdyr.

* * *

Iň uly baýlyk – akyldyr.

* * *

Iň uly gymmatlyk – ylymdyr.

* * *

Inim bar – ilim bar.

* * *

Inim bar – inerim bar.

* * *

Ir dana bor, bu dünýäniň örtäni.

* * *

Işe, söze ilki uly başlar.

* * *

Işiň hemişe niýetiňe görädir.

* * *

Işiň höziri nagtdyr, ýaltalygyň höziri nesýedir.

* * *

Işläňde işle gul ýaly, ýaşaňda ýaşa beg ýaly!

* * *

Itiňi hem kesekä berenden goňşyňa bergin, seniňem öýüňi gorar.

– J –

Jan nebsi – janyňy, öz arrygyňy ähli zatlardan eý görmekdir.

* * *

Jan saglygy – beden azatlygy, başyň dikligi bolsa – akyl azatlygydyr.

* * *

Jan saglygynyň ýüzi – geljege, kynçylyklaryňky bolsa geçmişe sarydyr.

* * *

Janyň – Ýaradandan, şanyň – halkdandyr.

* * *

Jemagatsyz ylym gury owazdyr.

* * *

Jemgyýete miwe, netije bermän, ylma güýmenmek sapaksyz iňňe bile eşik tikmek bilen barabardyr.

* * *

Jemgyýete peýda bermeýän ylmyň hakyky ylymdygy şübhelidir.

* * *

Jemgyýete peýdasyz ylym bimanylykdyr.

* * *

Jennet ýaly owadan ýurtlar ýagşydyr, emma öz ýurduň, ata Watanyň has ýagşydyr.

* * *

Jomart adam – Allanyň ýalkan adamydyr.

* * *

Jomartlyk – halallykdan, husytlyk – haramlykdan nyşandyr.

* * *

Jomartlyk – özüňi ile aldyrmakdyr.

* * *

Jomartlyk – seniň özüňiňem, seniň zadyňyňam Allanyňkydygyny ykrar etmekdir.

* * *

Jomartlyk – il-güne söýgüňi subut etmegiň iň ynandyryjy ýoludyr.

* * *

Jynsy söýgi – külli janly-jandaryň nesil dowamatyny üznüksiz edýär.

– K –

Kalbyňy arassa we mähirli saklamak – dünýä hemişe aşyk gözler bilen bakmakdyr.

* * *

Kalp – jandyr.

* * *

Kanagat hem ruh bilen köňlüň gözüni doýurmasaň, göz doýýan däldir.

* * *

Käbe, kybla manysy mukaddeslikdir.

* * *

Kämil çykaýyn diýseň, Watana ýykyl!

* * *

Kämil çykmak isleseň, özüň bilen dalaş, özüň bilen tutluş, özüň bilen garpyş.

* * *

Kämillik – öz-özüňi çäklendirmegi başarmakdyr.

* * *

Keçäňi satsaňam goňşyňa sat, myhman baraňda bir burçunda ýene özüň oturarsyň.

* * *

Kemi bar adamyň, artykmaç ýerem bardyr.

* * *

Kiçi bolma, kişi bol!

* * *

Kiçilik – amal edilen ululykdyr.

* * *

Kiçini sylamak – uly üçin parz!

* * *

Kim deňlik ýolundan dogry ýörese, onuň ýoly şumluga barmaz.

* * *

Kim Watanyny depesinde täç eýlese, Watany hem ony başyna täç eýlär.

* * *

Kişi zadyny göterme hem öýüňe getirme.

* * *

Kitap – adam paýhasynyň maddylaşmagydyr.

* * *

Kitap okamak – söhbetdeşlikdir.

* * *

Kök bolmasa, daragt ýok, binýady bolmasa binasy ýok.

* * *

Köküňden aýrylma – gurar gidersiň. Örküňden aýrylma – azaşarsyň, ýitersiň!

* * *

Köp dil bilen, köp biler.

* * *

«Kyn» diýip ýagşy işlerden gaçmak, «aňsat» diýip, ýaman işe baş goşmak perzendiňe hyýanat etmekdir.

* * *

Kynçylyk artdygyça, gujuryň artsyn!

* * *

Kynçylykdan basylmak öz-özüňi kemsitmekdir.

* * *

Kyýamat güni goňşudan.

– M –

Maddy baýlyga bütinleý berilmek adamy harsydünýälige eltýär, ony bütinleý inkär etmek bolsa terkidünýälige getirýär.

* * *

Maddy baýlyk bilen ruhy baýlyk sazlaşanda altyn ýaşaýyş dörär.

* * *

Magtymguly türkmeniň Eflatunydyr.

* * *

Maksady bolmadyk adam – pagtabent okdur.

* * *

Maksat – ömrüň mazasy we ölümiň belagerdanydyr.

* * *

Maksat gutarsa, ömürem paýawlaýandyr.

* * *

Mal eýesine çekmese, şumluk.

* * *

Maňlaýyň çygjarmasa, agzyň ýagjarmaz!

* * *

Maşgala aýaldan başlanýar.

* * *

Maşgalany gaty berk, jebis, agzybir, bagtly maşgala edýän – perzentdir.

* * *

Masgaraçylykdan gaçyp gitmäge ýer ýok.

* * *

«Men agyr durmuşda ýaşadym, oglum beri bol-telkilikde ýaşasyn» diýip, ogluň elini sowuk suwa urdurmazlyk – ogluňa duşmanyň hem edip bilmejek ýamanlygyny etmekdir.

* * *

Men «baý» diýip dänjiremegin, baýlygyň guk gapdalynda gallaçlyk ýatandyr!

* * *

«Men garyp» diýip gamlanmagyn, garyplygyň aňyrsynda Möwlam bardyr!

* * *

Men-menligiň dogasy toba gelmek, aman dilemek.

* * *

Mert – iliň adamy.

* * *

Mähir – akyl söýgüsidir, şonuň üçinem, ýaşululygyňy mähir bilen beze!

* * *

Millet agzybir bolanda ýeňip bolmajak güýç ýokdur!

* * *

Millet ýokary galdygyça, şahsyýet hem barha kämilleşer.

* * *

Milletimiz – biziň buýsanjymyz!

* * *

Milletiň bagty Watanyny, ýurduny batyrgaý gorap bilmegindedir.

* * *

Milletiň özeni onuň aňyýetidir.

* * *

Milletiňe akyl ýetirmek är işi, akyldar işi!

* * *

Mirap ekini suwsuzam guradyp bilýär, suw bilenem!

* * *

Mirasyň çagalaryňa, at-abraýyň – il-günüňe, derdiň hem armanyň – ata-eneňe galýandyr.

* * *

Mirasyň ýagşysy edepdir.

* * *

Mukaddeslik – ruhy şänigiň süýji maňzydyr, nesihat bagynyň gülüdir.

* * *

Mydama halkyň agysyna aglap, şatlygyna şatlansaň, agzybir bolsaň, başyňa döwlet guşy gonar.

* * *

Myhman ataňdan uly.

– N –

Naçar uýa dag ýaly erkek doganyň söýgedidir.

* * *

Naçaryň gara başy ölünçä agasynyňkydyr.

* * *

Namart – bir özüni bilýär.

* * *

Nämäni gözleseň, şonam taparsyň!

* * *

Nebis – dert, göwün – dermanydyr.

* * *

Nebis – ten şahsyýetidir.

* * *

Nebis – seni içiňden ýykjak nägehandyr.

* * *

Nebis – seniň içiňdäki iň uly belaňdyr.

* * *

Nebisden ýalňyz gaçybatalga – imana göwün bermekdir.

* * *

Nebsiň gözbaşy tamakinlikdir.

– O –

Odun atdygyňça ot güýçlenýär! Dogany gaýtaladygyňça keramaty artýar!

* * *

Oglanlykda – gyzyk hem many aýakdadyr. Kämillikde – gyzyk hem many bildedir. Ululykda – gyzyk hem many dildedir.

* * *

Ogry we haramyny dep etmeýän patyşa öz eli bilen ili we kerweni urýandyr.

* * *

Ogul – bakylyga puryja we nesil üznüksizliginden nyşan.

* * *

Ogul – döwlet başy.

* * *

Ogul bar – millet bar.

* * *

Ogul bar – ýurt bar.

* * *

Ogul dogulsa, ene-ata döwlet tapdym diýer, dogan-garyndaşlary «Ýene bir ýumrugymyz artdy» diýer.

* * *

Ogul öýermek, gyz çykarmak – adat.

* * *

Ojak öçse, ömür öçer.

* * *

Okamagyň iň oňat usuly pikirlenip okamakdyr.

* * *

Okamak, öwrenmek – Beýik Allatagalanyň alkyşydyr.

* * *

Okamak, öwrenmek – durmuş hakda has düýpli oýlanmakdyr.

* * *

Oňat ýerine ýetirmek – netijeli ýerine ýetirmekdir.

– Ö –

Ölüm – sapakdyr.

* * *

Ölüm bolmasa, dirilik hem bolmazdy.

* * *

Ölümden gorky duýgusy adam bilen bilelikde dünýä inýändir.

* * *

Ölüme ýeňil çemeleşýän adam ömre-de sarpa goýup bilmez.

* * *

Ölüp bolmasa, doglup hem bolmazdy.

* * *

Ölüsini sylamadyk – dirisini sylamaz.

* * *

Ölüsini sylan baý bolar, dirisini sylan – beg.

* * *

Ömri iň soňunda puşman, ökünç, ahmyr, arman bilen tamamlamaz ýaly ýaşa!

* * *

Ömri ýatdan çykarmak terkidünýälige, ölümi ýada salmazlyk dünýäparazlyga getirýändir.

* * *

Ömrüňi eýesiz goýmajak bolsaň, hünär edingin!

* * *

Ömrüňi gydyrdanyp geçir!

* * *

Ömrüňi ömre meňzet!

* * *

Ömür – barlykdyr, ölüm – ýoklukdyr.

* * *

Öňi – jahyllyk, soňy – kämillikdir.

* * *

Ösmek, özgermek – dünýäniň kanuny, älemiň kanuny.

* * *

Öter dünýä üçin ötmejek abraýyňy satma!

* * *

Öwrenmän, diňe öwretmek – puly gazanman, diňe sowmak bilen deň zatdyr.

* * *

Öwrenmegiň iň oňat usuly okamakdyr. Pikir ýok ýerinde bilim hem ýokdur.

* * *

Öwüt däl, görelde bilen terbiýele!

* * *

Öý – maşgalanyň ýaşaýyş mesgenidir.

* * *

Öý – öý eýesiniň başarnygynyň keşbidir!

* * *

Öý – öý eýesiniň ruhunyň keşbidir!

* * *

Öýde ata ýalňyşsa, ogul ýalňyşar, ene ýalňyşsa, gyz ýalňyşar.

* * *

Öýde işläp dynç al, dynç alýarkaň, işe meşgul bol!

* * *

Öýde tertip ýok bolsa, ýurtdan tertibe garaşma!

* * *

Öýke-kine etmek köňül husytlygydyr.

* * *

Öýkene howanyň, garna çöregiň zerurlygy ýaly, ýürege we köňle ruhubelentlik zerurdyr.

* * *

Öýüň bezegi, ýerli – ýerindeligi, göze gelimliligi, arassalygy.

* * *

Öýüň hapa bolsa, özüň üflis.

* * *

Öýüňde mediwanlyk edebini berjaý et!

* * *

Öýüňde öýüň adamy, işiňde işiň adamy, il içinde iliň adamy bol!

* * *

Öýüne ikilik eden, ýurduna wepa bermez!

* * *

Öz diýeniňi etmeseň, özgäň diýenini-de etmezlige endik edersiň.

* * *

Öz milletini söýüp bilmedik özgäniň milletini söýüp bilmez.

* * *

Öz ynsabynyň we akylynyň synagyndan geçen, iliň içinde başyny dik tutup gezer.

* * *

Öz ýurtlarynda oturyp öwüdi diňlemedikler, uly suwa gaçyp, çykmadyk ite ýa-da gür tokaýyň içine atylan oka meňzärler.

* * *

Özüň bolmak – gaýtalanmazlyk, öýkünmezlik, özgäň ornuna we derisine girmezlikdir, ýasama hem emeli bolmazlykdyr.

* * *

Özüň bolmak – şänik däl, maňyz bolmakdyr, harpyk däl, çäç bolmakdyr, gabyk däl, kösük bolmakdyr.

* * *

Özüň özüňi zähmetiň arkaly döret!

* * *

Özüňden utanmagy endik etmeseň, ildenem utanmak diýen zady bilmersiň.

* * *

Özüňe «tütjar» diýdirme, «döwletli» diýdir, özüňe «kemrysgal» diýdirme, «rysgally» diýdir.

* * *

Özüňe hökümdar bol, özüňe erk edip bilseň, islendik işiň hötdesinden gelip bilersiň.

* * *

Özüňe sähel üstünlige monça bolmagy öwret!

* * *

Özüňe uly kynçylyga döz gelmegi öwret!

* * *

Özüni bilen weli.

* * *

Özüňi çäklendir, şonda dünýä seniňki bolar.

* * *

Özüňi ilki pikiriňde, soň işiňde kemala getir!

* * *

Özüniň ynsaplydygyny bilýän kişä özge lezzet gerekmez.

* * *

Özüniň ynsaplydygyny bilýän kişini dyza çökerip bolmaz.

– P –

Parasat üç zatda: sözde, hereketde we ýürekde bolýandyr.

* * *

Patyşa haky – Taňrynyň hakydyr.

* * *

Patyşalar öýsüzleriň we ýetimleriň atasydyr.

* * *

Paýhasly söz bakydyr.

* * *

Paýhasyň miwesi ylymdyr.

* * *

Perzendiň bagty ata-enesine goýýan hormatyndadyr.

* * *

Perzendiň binýadam, özenem, hamyrmaýasam ata-enedir.

* * *

Perzendiň binýadyny halaldan tut!

* * *

Perzendiň edepli bolmagyny isleseň, öz biedepligiňi bes et!

* * *

Perzendiň halallygy ata-enäniň halallygyndan gözbaş alar.

* * *

Perzendiň ilkinji borjy ene-atasynyň hakyny berjaý etmekdir.

* * *

Perzendiň terbiýesini öz terbiýäňden başla!

* * *

Perzendiň ýaman bolsa, günäni ilki özüňden agtar.

* * *

Perzendiňe öz-özüni kämilleşdirmegi öwret, galanyny özi alyp çykar.

* * *

Perzent adamzadyň ertiridir.

* * *

Perzent ata-enäniň dowamatydyr.

* * *

Perzent atanyň gözüniň nury, ýüreginiň bagydyr.

* * *

Perzent atanyň teniniň bir bölegi, enäniň bolsa ýüreginiň bir parasydyr.

* * *

Perzent edep görmese, edep görkezmez.

* * *

Perzent seniň synaň bir bölegidir, synaň bölegine özüň jogapkärsiň.

* * *

Pespällikden har bolan ýekeje adamy görkezip bilseňiz, men size men-menlik zerarly heläk bolan million adamy mysal getirip bereýin!

* * *

Peýdaly dostlar şulardyr: gönümel dost, ýürekdeş dost, köp zat eşiden we okan dost.

* * *

Peýdasyz dostlar şulardyr: ikiýüzli dost, ýürekdeş däl dost, hemem ýaňra dost.

* * *

Pikiriň ömrüňden öňde bolsun!

* * *

Pikiriňem dury, göwnüňem dury, gözüňem dury bolsun!

* * *

Pikirlenmegi öwrenmek – içi bimöçber, sansyz tyllaly hazynanyň açaryny edinmekdir.

– R –

Rehimdarlyk ejizleriň däl, güýçlüleriň sypatydyr.

* * *

Rehnet – ömrüň miwesini görmekdir.

* * *

Ruh – biziň gursagymyzda Allatagaladan parçadyr!

* * *

Ruh bolmasa ýaşaýyş ýokdur. Ruh ýaşaýşyň içki maňzydyr.

* * *

Ruh ruhdan döräpdir. Ruh ruhda-da gaýtadan döreýändir.

* * *

Ruh ýaşaýşyň «bissimillasydyr».

* * *

Ruhana adamyň işi mydama şow alýandyr.

* * *

Ruhnama türkmeniň sesidir, şol sesi diňläp oka!

* * *

Ruhubelent adamy Allatagala ýalkarmyş, ryskyny iki esse berermiş.

* * *

Ruhubelent adamyň ýüreginiň örki, bagrynyň bagy onuň eziz Watanydyr.

* * *

Ruhubelent ýaşamagyň şirin lezzetini hiç bir zat bilen çalşyryp bolmaz.

* * *

Ruhubelentlik – adamlyk mertebäňi duýup ýaşamakdyr.

* * *

Ruhubelentlik – kalbyň ýylysynyň ýitmezligidir.

* * *

Ruhubelentlik – maksadyňa ýetmegiň iň gysga ýoludyr.

* * *

Ruhubelentlik – ömrüňize nur-many çaýar, kyn işiňizi aňsat eder.

* * *

Ruhubelentlik – ýaşaýşa bolan hyjuwyň mizemezligidir.

* * *

Ruhubelentlik – ýaşaýşa bolan yşgyň gowşamazlygydyr.

* * *

Ruhubelentlik ynamdan gelip çykýar.

* * *

Ruhuň belent bolsa, bagt hemraň bolar.

* * *

Ruhuň ganaty – söýgi!

* * *

Ruhuň iýmiti – söýgi!

* * *

Ruhy peslik ýalňyzlykdan döreýändir.

* * *

Ruhy söýgi – ruhy dowamaty amal edýär, gözel ahlagy kemal edýär.

* * *

Rysgal – adamyň halal hereketi üçin Allanyň oňa berýän nygmatlarydyr.

* * *

Rysgal – hiç mahal azgynlyga getirmeýän paýdyr.

* * *

Rysgal – özüňe ýeterlik halal baýlykdyr, artyk gazanylan baýlyk özgeleriň agzyndan kakylyp alnan rysgaldyr.

– S –

Saçak türkmeniň kasamy.

* * *

Saňa ýokjak gara özümde dursun, aklygym, päkligim seňki, türkmen!

* * *

Sen duşmanyňy daşdan däl, içiňden gözle!

* * *

Sen duşmanyňy özgeden däl, özüňden gözle!

* * *

Sen özüňi ýitirmän, Watany ýitirip bilmersiň.

* * *

Seni gaýyplykdan barlyga getiren ata-eneňdir.

* * *

Seniň aslyňam millet, seniň nesliňem milletdir.

* * *

Seniň halallygyň çaganyň kalbyny göz-dilden gorap saklajak iň uly keramatdyr!

* * *

Seniň perzendiň – seniň dowamatyňdyr.

* * *

Sähra – Asmanyň sypatydyr.

* * *

Siz nirede bolsaňyz hem eneleriň ýüregi siziň bilendir!

* * *

Sogap Hudaýyň öňünde gazanylýan zat, emma halkyň alkyşy bolmasa, sogap berilýän zat däl.

* * *

Sowuk sözüň bilen goňşyňy ürküzme!

* * *

Söýgi – mähirdir.

* * *

Söýgini söýgi bilen oýaryp, söýgini söýgi bilen ganatlandyryp bolýar.

* * *

Söýmän, ýaşamak bolmaz.

* * *

Söýülmek – bagt, emma söýmek iki esse bagtdyr.

* * *

Söýülýän kişi owadandyr, bagtlydyr.

* * *

Söz – akylyň şaýadydyr.

* * *

Söz – Beýik Allatagalanyň ynsana eçilen iň keramatly peşgeşidir.

* * *

Söz – ten, kalp – jandyr.

* * *

Söz ýürekden çyksa güýçli.

* * *

Sözi paýhas bezär.

* * *

Suhangöýlük – ruhubelentligiň özenidir.

* * *

Suhangöýlük we dilewarlyk ylymdandyr.

* * *

Sungat älem giňişliginde şöhle saçýan Gün mysalydyr.

* * *

Suw – atadyr, ýer – ene.

* * *

Suwuň ýok ýerinde ýaşaýyş ýok.

* * *

Sygryň şahyna ursaň, dagdaky sugunyň şahy syzlar.

* * *

Synalaryňyz toprakdan bolany bilen, ruhuňyz Allatagaladandyr.

* * *

Synanyşyp görmedik işiňe başaramok diýme!

– Ş –

Şahsyýet edebi – adam bolmakdyr.

* * *

Şahsyýet milletden gözbaş alýar.

* * *

Şahsyýet üçin milletden gaýry uly gymmatlyk, milletden eziz zat ýokdur.

* * *

Şeýtanyň gözi seniň iki baýlygyňdadyr: wagtyňdadyr we imanyňdadyr.

* * *

Şägirt halypasynyň sapaklaryny bilensoň, halypasyny çalyşýar!

* * *

Şu günki işiňi ertä goýmak – şu günüň zähmetiniň lezzetinden we miwesinden özüňi mahrum etmekdir.

* * *

Şu günki türkmen, sen tä okamagyňy bes edýänçäň bilimlisiň, bilimli bolmak islegiň ýitensoň, nadana öwrülersiň.

* * *

Şübhe – ýüregiň kiridir.

– T –

Tabynlygyň oňady özüňi özüňe tabyn etmekdir.

* * *

Talyp medresäniň dersleriniň aňyrsyna çykanyndan soň, medresesini çalyşýar!

* * *

Taňrynyň ynsana beren peşgeşi paýhasdyr.

* * *

Tebigat – adamzadyň baş mugallymy.

* * *

Ten arassa bolup, kalp hapa bolsa, bu iň ýigrenji zatdyr.

* * *

Ten arassalygy kalp arassalygy bilen utgaşanda, adam adam bolýandyr.

* * *

Terbiýäniň netijesi edepdir.

* * *

Terbiýäniň ýagşysy göreldedir, görelde bolsa söz bile hereketiň birligidir.

* * *

Terbiýesiz çaga baş öwredilmedik at ýalydyr.

* * *

Toba – öz-özüňi döretmekdir.

* * *

Toba – ruhy şahsyýet hökmünde gaýtadan dogulmakdyr.

* * *

Topragy söýmedik, Watany söýmez.

* * *

Toprak – türkmeniň ýedi hazynasynyň başydyr.

* * *

Toprak teniňdir, asman – ruhuň.

* * *

Toý – göwün baharydyr.

* * *

Tör – töräniň ornudyr.

* * *

Tutan ýeriňi gopar, giden ýeriňden getir!

* * *

Tutan ýoluňy il oňlamasa, görjegiň gowulyk bolmaz.

* * *

Türkmen – topragyňa bolan söýgüden başlanýar.

* * *

Türkmen adam hakda aňsat-aňsat ýaramaz söz aýtmaz.

* * *

Türkmen dönügi ähli zatdan nejis görýär, iň soňky peslik hasaplaýar.

* * *

Türkmen döwletiniň bähbidi – halkyň bähbidi.

* * *

Türkmen düýe malyny – dünýe maly hasaplapdyr.

* * *

Türkmen goýmadygyny götermez.

* * *

Türkmen halky agzybirlikden başlanýandyr.

* * *

Türkmen halkynyň tugy – ary-namysy.

* * *

Türkmen hiç haçan gylyjyny gynyndan goňşusynyň garşysyna çykarmaz.

* * *

Türkmen milleti halaly halaýar.

* * *

Türkmen milli sazy – milletiň kalbynyň owazy.

* * *

Türkmen nesibeli halk, rysgally halk.

* * *

Türkmen öz däbi-ýoly üýtgän ýerinde ýeňilýär.

* * *

Türkmen ruhubelentligi dünýä nusga häsiýetdir.

* * *

Türkmen saçagy deý halal bolsun!

* * *

Türkmen sözüne ygrarly, lebzine wepaly!

* * *

Türkmen tebigaty – türkmen milletiniň gönezligidir.

* * *

Türkmen topragyna bereket saçagy hökmünde sygynýandyr.

* * *

Türkmen topragynda dönüge lagnat daşy atylýar.

* * *

Türkmen türkmene dostdur, dogandyr.

* * *

Türkmen ýow güni maldan–başdan geçýär!

* * *

Türkmen zor bilen almaz.

* * *

Türkmençilik – gerçek bolup ýaşamagyň kadakanunyTürkmeni maksat-myradyna, altyn ýaşaýşyna ýetirjek – ylymdyr. Türkmeniň geljegi beýikdir, şöhratlydyr, çünki onuň geçmişi we şu güni bardyr.

* * *

Türkmeni türkmen etjek türkmendir!

* * *

Türkmeniň bilim hazynasy – baky hazyna.

* * *

Türkmeniň ýoly halal ýoldur!

* * *

Türkmenligimizi näçe çuňňur, näçe düýpli aňlasak, şonçada türkmenligimiz berkär.

– U –

Ulaldanyň ogly ulalar.

* * *

Ulalyp, adam çykyp, ataňy artyk ýük hasaplama, ol seni ömürboýy ýük edinip, gerdeninde göterip gelendir.

* * *

Ulug ýokmy – ulama bar.

* * *

Ulular bir gezek ýalňyşsa, ýaşkiçiler müň gezek ýalňyşar.

* * *

Ulularyň ýardamçysy, kiçileriň armaçysy bol!

* * *

Ululyk – Watana barabarlykdyr. Watan ululyk çägiňdir. Hiç haçan Watanyňdan uly bolup bilmersiň.

* * *

Ulyny sylamasaň, kiçini söýmeseň adamçylyk ýiter.

* * *

Ulynyň sözi – kiçi üçin perman!

* * *

Uruş – dawa bilen goňşyňy göçürme!

* * *

Uruş-söweş – yzan-da çuwanlygyň ýeri. Toý-şagalaň – şatlygyň ýeri.

* * *

Uýa edebiniň baş şerti – mähriban bolmakdyr.

– Ü –

Üç bilimdaryň ylalaşan sözüni, her ýerde diýmek bolar.

* * *

Üçünji watandaşyň-da doganyňdyr.

* * *

Üstünlikde eselme, kynçylykda peselme!

* * *

Üstünlikde herrelme, kynçylykda müzzerme!

* * *

Üstünlikde men-menlige, kynçylykda peslige, gaýgy-hasrata syrnyh bol!

* * *

Üstünlikde nebsiňe, kynçylykda göwnüňe buýur!

* * *

Üstünlikde özgä, kynçylykda özüňe pitjiň atma!

* * *

Üstünlikde özgä, kynçylykda özüňe sygyn!

* * *

Üstünlikde saýrama, kynçylykda zeýrenme!

* * *

Üstünlikde şowlulygyň, kynçylykda şowsuzlygyň hemişelik däldigini unutma!

* * *

Üstünlikde süwümsiz, kynçylykda durumsyz bolma!

* * *

Üstünlikde süýjüňi gizleme, kynçylykda ajyňy sözleme!

* * *

Üstünlikde, barka bermegi endik et, kynçylykda, ýokka almaga ýeriň bolar!

– W –

Wagt – ömürdir.

* * *

Watan – Allatagalanyň başymyza geýdiren täjidir.

* * *

Watan – ölçegiňdir. Ululygyňam – Watanyňdan alarsyň.

* * *

Watan beýikligi – ýüreklerimizdedir.

* * *

Watan – birlikdir, ýeke-täklikdir, üýtgewsizlikdir!

* * *

Watan duýgusy – ýüregiňi tämizleýji duýgudyr.

* * *

Watan – seniň köküň-damaryňdyr.

* * *

Watana dirikäň eden hyzmatlaryň ýogalanyňdan soň hem peýdaly boljakdyr. Watan duzy we ene süýdi – mukaddesdir, keramatdyr.

* * *

Watana iman – Watany öz janyňdan ilerde goýmakdyr.

* * *

Watana sygynsaň, Watan ýüregiňe sygar.

* * *

Watançylyk kasamy türkmene, Türkmenistana wepalylyk ähtidir.

* * *

Watandan aýrylmak – öz-özüni ýitirmekdir.

* * *

Watany baýatman baýap bolar, ýöne bu baýlygyň soňy puçdur.

* * *

Watany beýgeltmän, beýgelip bolmaz.

* * *

Watanyň asman bolsa, başarýanyň uçmak.

* * *

Watanyň duzy-da ene süýdi mysalydyr. Watany söýmek – käbäň eneňi söýmekdir, käbäň eneňi söýmek – ata Watany söýmekdir.

* * *

Watanyň sähra bolsa başarýanyň ýöremek, Watanyň dag bolsa başarýanyň dyrmaşmak. Watanyň deňiz bolsa – başarýanyň ýüzmek bolar.

* * *

Watanyňy beýgeltseň, özüňem beýgelersiň, Watanyňy harladygyň – özüňi harladygyňdyr.

* * *

Wyždan – Allatagalanyň wekili.

* * *

Wyždanyň beýikligi – ol geçirimli.

– Y –

Yhlaslylyk, zähmetsöýerlik – bagtyň ýaranydyr.

* * *

Ykbally bolaýyn diýseň, Watanyň ykbalyndan aýrylma!

* * *

Ylahy gudratlara diňe ýylgyryş bilen baryp bolýar.

* * *

Ylmyň netijesi – terbiýedir.

* * *

Ylym – akylyň öz-özüni azat etmesidir.

* * *

Ylym – bilmek ýolunyň çürbaşydyr, kämilligidir.

* * *

Ylym – bilmekligiň durmuşy özgertmek, durmuşy kämilleşdirmek ukybyna ýetmegidir.

* * *

Ylym – diňe iliňkini almak däl, özüňkini hem aýan etmekdir. Ylym bilmekligiň göni durmuşa çykýan, bilmekligiň durmuş bilen ýüzbe-ýüz bolýan pursatydyr.

* * *

Ylym – adamzadyň bir artykmaçlygydyr.

* * *

Ylym akyly, akyl kalby, kalp zybany, zyban bolsa, adamy herekete getirýändir.

* * *

Ylym – gymmatyny gaçyrmaýan gymmatlykdyr.

* * *

Ylym ýok ýerinde akyl bolmaz.

* * *

Ynam – adamy bagta ýetirýän gudratdyr. Ynam – bagtyň gapysydyr.

* * *

Ynam ýok ýerinde edep ýokdur.

* * *

Ynanç – Güýç! Ynanç – ýeňip bolmaýan Güýç!

* * *

Ynanç duýgudan döreýär.

* * *

Ynanç subutnamadan döremeýär.

* * *

Ynjamaýyn diýseň, ynjytma!

* * *

Ynsabyň görkezijisi – utançdyr.

* * *

Ynsabyň umydy ýene bir gymmatlyk – ruhubelentlikdir.

* * *

Ynsan – amalyň içki ruhy esasydyr.

* * *

Ynsanyň jemaly – sözüniň haklygyndadyr.

* * *

Ynsap – jandyr, utanç – bedendir, jan bolmasa, beden ölüdir.

* * *

Ynsap iki zada – adamyň zadyna we ynanjyna baglydyr.

* * *

Ynsap – özüňe etmejek işiňi özgä-de etmezlikdir.

* * *

Ynsap – ýüregiň içki emridir.

* * *

Ynsaply adam özüniň ynsabyndan minnet çekýändir.

* * *

Ynsaplylyk – gözel ahlakdyr.

* * *

Yşk – munuň özi barlyga düşünmegiň, ýaşaýşa göz ýetirmegiň ýörelgesidir.

* * *

Yşk – munuň özi dirilige göwün bermekdir.

* * *

Yşk – munuň özi ölümi inkär etmekdir.

* * *

Yşk – ruhy ömürdir.

* * *

Yşk – ruhy-ahlak kämilliginiň hususy ýoludyr.

* * *

Yşkyň netijesi Hak ýadydyr.

– Ý –

Ýadyňy ýakyn et!

* * *

Ýagşy adam bilen ýaryşsaň, ýagşy bolarsyň.

* * *

Ýagşy aýal – maşgalanyň abadançylygynyň daýanjydyr.

* * *

Ýagşy aýal – maşgalanyň at-abraýynyň daýanjydyr.

* * *

Ýagşy aýal – öýüň akylynyň daýanjydyr.

* * *

Ýagşy aýal – öýüň rysgalynyň daýanjydyr.

* * *

Ýagşy är – ýagşy hatyndan bellidir.

* * *

Ýagşy iş eliňden gelmese, göwnüňde ýagşy niýetiň bolsun.

* * *

Ýagşy niýetliniň ýoluny hut, Hudaýyň özi açar, ýaman niýetliniň duşmançylykdan başga baran ýeri bolmaz.

* * *

Ýagşy sözler, röwşen jümleler, şuglaly sözlemler ýürekden çykar hem göni ýürege barar.

* * *

Ýagşylygy at üçin hem, hormat üçin hem etmän, halkyň we döwletiň gülläp ösmegi üçin etmelidir.

* * *

Ýagşylyk – öz bähbidiňden geçmäni başarmakdyr, ýamanlyk – iliň bähbidine hyýanat etmekdir.

* * *

Ýagşylyk, päli päklik, ýagtylyk Alladandyr.

* * *

Ýagy goňşyňy çapsa, seniň öýüňi-de çapar.

* * *

Ýaltalyk – beden edepsizligidir, ýaltalyk – ömrüň betnyşanlygydyr.

* * *

Ýaltalyk – nebsiň çöwre ýüzüdir.

* * *

Ýaltalyk – ömrüňi meýletin puja çykarmakdyr, özüňi ýele bermekdir.

* * *

Ýaltalyk, bikärlik – şum süýjülikdir.

* * *

Ýamanyň soňy ökünç, ýagşynyň soňy rehnetdir.

* * *

Ýamanyň zyýanyny, çynyň peýdasyny birbada aňlap bilmersiň.

* * *

Ýaryndan aýrylan ýedi ýyl aglar, Watandan aýrylan ölinçä aglar! Köklerinden aýrylan daragt aglaman neýlesin?!

* * *

Ýaryňy ýitirmek – ýaryny ýitirmek, Watanyňy ýitirmek – baryny ýitirmek.

* * *

Ýaşamak wagty geçirmek däl-de, wagtyň içinden geçip, bakylyga ýetmekdir!

* * *

Ýaşaýşa iman – dünýä gözelliginiň ýaşaýyş manysyny ykrar etmekdir.

* * *

Ýaşaýşa ukyplylyk – zähmet çekmäge ukyplylyk, durmuşa taýýarlyk – zähmet çekmäge taýýarlykdyr.

* * *

Ýaşaýyş – eneden başlanýar.

* * *

Ýaşaýyş – hereketdir, ýaşajak bolsaň, mydama hereketde bol!

* * *

Ýaşaýyş – kämillige barýar.

* * *

Ýaşaýyş – ýaryşdyr!

* * *

Ýaşlyk – bahar, garrylyk – gyşdyr, adam perzent öndürip, öz ömrüniň gyşyny bahara öwürýär.

* * *

Ýat tutmak – mugallymyň beren sanly tyllasy bilen oňmakdyr.

* * *

Ýat tutmak – mugallymyň bilýäni bilen oňmakdyr.

* * *

Ýatana ýylan hem degmez.

* * *

Ýazlar zeminiň ýylgyryşydyr.

* * *

Ýekeje düwür ýeri harlan türk iman (türkmen) däldir.

* * *

«Ýeňil» diýip, harama ulaşma, «agyr» diýip, halaldan gaçma!

* * *

Ýer ýaly jomart bol, üstüňden ýaşaýyş gitmez!

* * *

Ýeri güýz sür, güýz sürmeseň, ýüz sür.

* * *

Ýeriň üstünde jepa çeken goýnunda rahat tapar.

* * *

Ýetimiň ýagdaýy ýesiriňkiden elhalrakdyr.

* * *

Ýola çyksaň, diliňi gora.

* * *

Ýollaryň ýagşysy – halkyň ýoludyr. Halkyň ýoly – Hakyň ýoludyr!

* * *

Ýollaryň ýagşysy – ynsan kalbyna barýan ýoldur.

* * *

Ýollaryň ýagşysy – hassa kişini soramaga alyp barýan ýoldur.

* * *

Ýigit bilen gyz söýgi nikasyndan geçseler, hemişe bagtyýar bolarlar.

* * *

Ýüregiň, kalbyň gözüni açmazdan owal paýhasyň gözüni açmaly.

* * *

Ýürek awusy ten awusyndan has güýçlüdir.

* * *

Ýürek birligi, özüňi, ýüregiňi iliňden-günüňden aýra tutmazlyk–söýgüdir.

* * *

Ýürek – duýgularyň, adamçylyk ölçegleriň mekanydyr.

* * *

Ýürekde näme bolsa, dil şony diýer.

* * *

Ýüzi gyzarýanyň ýüreginde gara bolmaz.

* * *

Ýylgyran kişi söýüp-de bilýändir.

* * *

Ýylgyran ýüzde nur bardyr.

* * *

Ýylgyran ýüze ýygyrt düşmez.

* * *

Ýylgyryp, duşmany dost edip bolýar.

* * *

Ýylgyryş – adamyň ruhy ýüzüdir.

* * *

Ýylgyryş – mähremligiň nyşanydyr.

* * *

Ýylgyryş – söýgüdir, mähirdir.

* * *

Ýylgyryş – ynsan dünýäsiniň gapysydyr.

– Z –

Zadyňy terekä salarlar, abraýyňy Alla-da almaz.

* * *

Zehin – akylyň bilim ýolundaky jylawdarydyr.

* * *

Zeleliň kiçisi barka, ulusyna ýapyşmaň!

* * *

Zenan – bakylygyň nyşany. Zenan – bakylygyň açary. Zenan – bakylyga geçelge.

* * *

Zenan – mähek daşydyr!

* * *

Zenan öýüň Hudaýydyr.

* * *

Zer alma, ýer al!

* * *

Zeýrenç sustuňy pes eder, şowsuzlyklaryň üstüne elter.

* * *

Zeýrenip gala alan, iş bitiren ýokdur.

* * *

Zähmet adamy kämillige, ýaşaýşy bolsa – gözellige ýetirýär.

* * *

Zähmet – adamyň öz-özüni ykrar etmegidir.

* * *

Zähmet – bagtyň çeşmesidir.

* * *

Zähmet – baýlygyň doganydyr.

* * *

Zähmet – iň uly terbiýeçidir.

* * *

Zähmet – maddy söýgüdir, söýginiň maddylaşmagydyr.

* * *

Zähmet – mertebedir, mertebäňden ýüz dönderme!

* * *

Zähmet – ömrüň wepasydyr.

* * *

Zähmet – ulalmak serişdesidir.

* * *

Zähmet–yhlas gudrat döredýär.

* * *

Zähmet – ýaşaýşyň rehnetidir.

* * *

Zähmet – zehiniň açarydyr.

* * *

Zähmetde gaýduwsyz bol, kynçylykdan gaýtma!

* * *

Zähmetden daşlaşdygyň – gowy durmuşdan daşlaşdygyň-dyr.

* * *

Zähmetsöýerlik – bagtyň kepilidir.

* * *

Zynhar, ýaşulyny syla!

TÜRKMEN HALK NAKYLLARY

– A –

Abadan kent tüssesinden belli.

* * *

Abat öýüň bilbili, bibat öýüň baýguşy.

* * *

Abdal gelip Horasanda tarykatdan[1] söz açar.

* * *

Abraý diýeniň gyrkylan erkeçdir, gaçsa tutdurmaz.

* * *

Abraý isleseň – köp diýme, saglyk isleseň – köp iýme.

* * *

Abraýly ýigide ýaraly keýik sataşar.

* * *

Abraýy gaçandan gut[2] gaçar.

---

[1] Tarykat – sopuçylygyň üç sany ugrunyň ikinjisiniň ady.
[2] Gut – bagt.

* * *

Abraýy tapyp bolmaz, biabraýlyk duran ýeriňde.

* * *

Aç aň bilmez, arryk höwür.

* * *

Aç başym – dynç gulagym.

* * *

Aç galandan, giç gal.

* * *

Aç itiň guýrugyny arryk it ýalar.

* * *

Aç öleniň hem aýry mazary ýok.

* * *

Aç ryzkyny kowalar, ýalaňaç öýe girer.

* * *

Aç towuk düýşünde dary görer.

* * *

Aç uklasa, düýşünde – nan, oýansa, huşunda – nan.

* * *

Açda algyň bolmasyn, bege – bergiň.

* * *

Açgöz ulalsa, ilini tanamaz.

* * *

Açgözüň garny doýsa-da, gözi doýmaz.

* * *

Açlyk belasyndan, dokluk belasy ýaman.

* * *

Açlyk daşa çeker, ýalaňaçlyk – içe.

* * *

Açlyk näme iýdirmez, dokluk näme diýdirmez.

* * *

Açlyk ýylynyň arpasy, bugdaýdan belent sarpasy.

* * *

Açlyk zaryn çekmedik, dokluk gadyryny nä bilsin.

* * *

Açsam – aýamda, ýumsam – ýumrugymda.

* * *

Açyk agyz aç galmaz.

* * *

Açyk baş getir, gür çäç getir.

* * *

Açyk gaby it ýalar.

* * *

Açyk gapydan it bakar.

* * *

Açyk saçak hödür islemez.

* * *

Açyk ýaradan är ölmez.

* * *

Açylan etek ýapylar, göreniň gözünden gitmez.

* * *

Adam – amanat, amaly – baky.

* * *

Adam adam bilen, pisse badam bilen.

* * *

Adamy adam bolsa, golça dykam bir gap.

* * *

Adam adam bolsa, pyşbaga-da gural.

* * *

Adam adama mätäç, bir-ä dokçulykda, bir hem ýokçulykda.

* * *

Adam adama myhman, jan – göwrä.

* * *

Adam adamdan gutular, adam pälinden gutulmaz.

* * *

Adam alasy içinde, haýwan alasy daşynda.

* * *

Adam aňyndan belli, kerwen – jaňyndan.

* * *

Adam arasyny dil bozar, dagy-daşy ýel bozar.

* * *

Adam arrygy hor bolar, ýer arrygy – şor.

* * *

Adam aşda belli, at – daşda.

* * *

Adam aýbyny ýer ýaşyr.

* * *

Adam balasy – iliň lälesi.

* * *

Adam bar – gep bar, arpa bar – çöp bar.

* * *

Adam bar gözden gyzar, adam bar – sözden.

* * *

Adam bardyr, adamynyň nagşydyr,

Adam bardyr haýwan ondan ýagşydyr.

* * *

Adam başy – daşdan gaty.

* * *

Adam bilenini okar, towuk görenini çokar.

* * *

Adam bir ýaşar, edebi – iki .

* * *

Adam dilinden tapar.

* * *

Adam doga ýaman däl, dura ýaman.

* * *

Adam edebinden tanalar, ýurt – tugundan.

* * *

Adam eli hem abat, hem bibat.

* * *

Adam görki – akyl, söz görki – nakyl.

* * *

Adam göwni gülden näzik.

* * *

Adam gulagyndan iglär.

* * *

Adam hem düzer, hem bozar.

* * *

Adam işden ölmez, igençden öler.

* * *

Adam köki il aşar, arça köki – dag.

* * *

Adam namartlasa, aty-da aýagyny ýitirer.

* * *

Adam şatlansa-da hiňlener, gamlansa-da.

* * *

Adam saýdym eşegi, gapa ýazdym düşegi.

* * *

Adam sözi adam öldürer.

* * *

Adam ynanmaz sözi düz bolsa-da, sözleme.

* * *

Adam ýüregi çil[`] ýüpek, çigin alsa çözülmez.

* * *

Adamdan emel gutulmaz.

* * *

Adamy iş garratmaz, gaýgy-alada garradar.

* * *

Adamy ýüreginden daglarlar, haýwany – budundan.

[`] Çil ýüpek – ýüpegiň iň gowy görnüşi.

* * *

Adamyň eti haram bolsa-da, lebzi halal.

* * *

Adamyň gahary – ýylanyň zäheri.

* * *

Adamyň hormaty özüne bagly.

* * *

Adamyň iki gözi terezi.

* * *

Adamyň owwaly hem oglan, ahyry hem oglan.

* * *

Adamyň ýuwhasy ýylanyň ýuwhasyndan beter.

* * *

Adamyň ýüzüne gara-da, halyny sora.

* * *

Adamynyň özüne bakma, sözüne bak.

* * *

Ady biriň jany bir.

* * *

Ady güwälik, sözi dogalyk.

* * *

Ady ilde, orny törde.

* * *

Adyl däl kişiniň aýagy synyk, gözi sokur.

* * *

Adyl sakçylygy goýun itinden öwren.

* * *

Adyň aga bolsa, iliň daýysy bolarsyň.

* * *

Aga bilen inininiň oky-ýaýy başgadyr,

Baý öýüniň gyzynyň sepi-şaýy başgadyr.

* * *

Aga borç eýlär, nöker – harç.

* * *

Aganyň-inininiň azary bolmaz,

Azary bolsa-da, bizary bolmaz.

* * *

Agaç barly bolsa, başy aşak.

* * *

Agaç bolan ýerde pudak synar.

* * *

Agaç egildi – döwüldi, ýigit uýaldy – öldi.

* * *

Agaç garrar, guş pudagyna bir gonar.

* * *

Agaç gatysy soky bolar.

* * *

Agaç iýmişinden belli, adam – kylmyşyndan.

* * *

Agaç miwesinden belli, adam – hilesinden.

* * *

Agaç tutan ýeriňden döwülmez.

* * *

Agaç ýamany gazyk bolar, tokmak iýer.

* * *

Agaç ýatgynyna ýatar, ýaman aslyna tartar.

* * *

Agaç ýok ýerinde gamyşam agaç.

* * *

Agaç ýykylsa, paltaly-da ylgar, paltasyz-da.

* * *

Agajy içinden gurt iýer.

* * *

Agajy ne jüre bolsa, miwesi hem şo jüre.

* * *

Agajy ýaşlykda bük.

* * *

Agajyň pahnasy hem özünden öner.

* * *

Agam aty ozandan, agyldaşymyň aty ozsun.

* * *

Agam bir hatyn aldy, dawany satyn aldy.

* * *

Agan araba Alla neýlesin!

* * *

Aganyň ala gözi, ýeňňäniň ajy sözi.

* * *

Agaryp öňe-de düşme, garalyp soňa-da galma.

* * *

Agaryp tenim görnenden, gögerip ýamam görünsin.

* * *

Agasy aganyň guly guduz.

* * *

Agasyny görüp, ini öser, bibisini görüp – siňli[1].

---

[1] Siňli – uýa, gyz dogan.

* * *

Aglak agylyndan dok.

* * *

Aglamadyk oglana emjek ýok.

* * *

Aglamak – gör başynda.

* * *

Aglamasyny bilmedik ölüsini murdarlar[1].

* * *

Aglan, agysynda diňer.

* * *

Aglap-aglap pel çeken, gülüp-gülüp suw tutar.

* * *

Aglaşmaga öz ýagşy, sylaşmaga ýat ýagşy.

* * *

Aglasy gelen oglan atasynyň sakgalyny oýnar.

* * *

Agsagy taýak saklar.

* * *

Agsak – ädimsek, sakaw – sözlemsek.

---

[1] Murdar – ýaramaz, hapa.

* * *

Agsak keýik müň torsuga ýetdirmez.

* * *

Agşam gören tanşyňy ertir görmek gümana.

* * *

Agşam şapak gyzarsa, gelniň ogul tapdy bil,
Daňdan şapak gyzarsa, malyňy ýagy çapdy bil.

* * *

Agşamlygyny tapan ertirligini gaýgy etmez.

* * *

Agşamyň haýryndan ertiriň şeri.

* * *

Agşamyň syryny daň biler.

* * *

Agylda owlak dogsa, arykda oty biter.

* * *

Agyň – ady, garanyň – dady.

* * *

Agyr daş ýerinde ýatar.

* * *

Agyr gün delmireder, ýeňil gün ýeldireder[1].

---

[1] Ýeldireder – bu söz bu ýerde «aýnadar» manysynda gelýär.

* * *

Agyr günde dost gerek.

* * *

Agyr ýüküň azabyny gatyr biler.

* * *

Agyrmadyk başa ýaglyk daňma.

* * *

Agyrmaýan baş ýassyk islemez.

* * *

Agyry aşdan geler, dawa – garyndaşdan.

* * *

Agyryly ýerden gol gitmez.

* * *

Agysyz ölüm bolmaz, öýkesiz – toý.

* * *

Agyz – bir, gulak – iki, bir sözläp, diňle iki.

* * *

Agyz agyzdan ýel alar.

* * *

Agyz – aýgak, söz – taýgak.

* * *

Agyz beripdir, aş-da ýetirer.

* * *

Agyz bir bolsa, göwün jem bolar.

* * *

Agyz iýen aşy göz tanar.

* * *

Agyz iýmese, ýüz utanmaz.

* * *

Agyz iýse, göz uýalar.

* * *

Agyz ulusyny büzse bor,
Göz ulusyny süzse bor,
Burun ulusyny nätse bor?!

* * *

Agyz agyzdan ýelli, gulak gulakdan eşitgir.

* * *

Agyzdan çykan başa deger.

* * *

Agyzdan çykan söz – atylan ok.

* * *

«Agza geldi» diýip, diýiberme, «öňe geldi» diýip, iýiberme.

* * *

Agzy gana degen gurt ol oba ýoda açar.

* * *

Agzy gepden boşamaz, sözi söze ogşamaz.

* * *

Agzy gowşak ýumşak arar.

* * *

Agzy gulply sandygy diş açmasa, dil açar.

* * *

Agzy gyşyk bolsa-da, baý gyzy är dannar.

* * *

Agzy gyşyk bolsa-da, baý ogly geplesin!

* * *

Agzy tagam tanamaz, han palawyna at dakar.

* * *

Agzy ýaman il bular, aýagy ýaman gol bular.

* * *

Agzybire Taňry biýr, agzalany gaňrybiýr.

* * *

Agzybiriň aşy bir.

* * *

Agzybirlik aş getirer, agzalalyk – kaş[1].

[1] Kaş – duşman, ýagy.

* * *

Agzyma aş, garnyma daş.

* * *

Agzyň doly gan bolsa-da, ýagynyň ýanynda tüýkürme.

* * *

Agzyň köpi aşa ýakyn, eliň köpi – işe.

* * *

Agzyň parawuzy[1] ýok, diliň – süňki.

* * *

Agzyny aç, dili bolsa – gaç.

* * *

Agzyny alart-da, höküm sür.

* * *

Agzynyň aýdanyny gulagy eşitmez.

* * *

«Ah» diý, «wah» diý, öz gamyňy özüň iý.

* * *

Ahmalyň döwlete zyýany bar.

* * *

Ajal bilen myhman soraman geler.

---

[1] Parawuz – owadanlyk üçin aýlanylýan mata.

* * *

Ajal gaýyp, didar gaýyp, nika gaýyp.

* * *

Ajal geldi jahana, başagyry bahana.

* * *

Ajal geler ýorta-ýorta, kime bu gün, kime erte.

* * *

Ajal iki gelmez, bir gelende-de gutulyp bolmaz.

* * *

Ajal ýetmän jan çykmaz, bahyl baýdan nan çykmaz.

* * *

Ajala çäre ýok.

* * *

Ajala derman ýok, pakyra – perman.

* * *

Ajala doga ýok, akyla – bela.

* * *

Ajaly ýeten köpek, metjidiň diwaryna buşugar.

* * *

Ajaly ýeten tilki, hinine bakyp uwlar.

* * *

Ajaly ýeten ýylan ýol üstüne çykar.

* * *

Ajaly ýetmedik gul ölmez.

* * *

Ajy badamjany gyraw almaz.

* * *

Ajy bilen süýjüni gören biler,

Uzak bilen ýakyny – ýörän.

* * *

Ajy – gepletme, doky – derletme.

* * *

Ajy günleri süýjä öwürýän – sabyrdyr.

* * *

Ajy hem bolsa, çyn söz ýagşy.

* * *

Ajy sorag berip, süýji jogaba garaşma.

* * *

Ajybalgaz[1] çykdy, tebipleriň goly baglandy.

* * *

Ajygan guduzlandan beter.

---

[1] Ajybalgaz – dermanlyk häsiýeti bolan ot.

* * *

Ajygan ölmez, alňasan öler.

* * *

Ajyksaň – çopan ýanyna bar,

Suwsasaň – daýhan ýanyna.

* * *

Ajyksaň ajy ek.

* * *

Ajylykda burç ajy, burçdan-da borç ajy.

* * *

Ajyň aňy bolmaz, dokuň – gaýgysy.

* * *

Ajyň aňy bolmaz, garybyň – imdady[1].

* * *

Ajyň awy ganamaz.

* * *

Ajysy bolmadygyň, süýjüsi bolmaz.

* * *

Ak altyn gara günde gerek.

---

[1] Imdat – kömek, ýardam.

* * *

Ak atly bolar, gara datly.

* * *

Ak düýäni gördüňmi? Göremok, şondan gowusy ýok.

* * *

Ak ekine ýokardan, gök ekine akardan.

* * *

Ak gireni bilen aň girmez.

* * *

Ak gün – agardar, gara gün – garaldar.

* * *

Ak maýa çökmese, boz maýa gaýmaz.

* * *

Ak öýi görüp, gara öýi ýykmazlar.

* * *

Ak ýüzde gara hal zynatdyr.

* * *

Ak zat alnyňa ýagşy.

* * *

Akabam uzyn bolsa, uzyndyr ömrüm meniň.

* * *

Akan aryk akar eken, bakan döwlet bakar eken.

* * *

Akar suw çeşme bolsa, ýatyp içme,
Asylzada köpri bolsa, basyp geçme.

* * *

Akar suwuň kesileni – durany,
Är ýigidiň baş egeni – öleni.

* * *

Akar-akar, öz adyny kişä dakar.

* * *

Akjak gan damarda durmaz.

* * *

Akmaga ýüz berme, nadana – söz.

* * *

Akmaga akyl öwretseň, düýpsüz guýa suw guýan ýaly.

* * *

Akmaga dymmaklyk jogap.

* * *

Akmaga iş buýursaň, ol saňa akyl berer.

* * *

Akmaga syryňy berme.

* * *

Akmaga toý kän, utançsyza – hezil.

* * *

Akmagyň – dilinde, akyllynyň – elinde.

* * *

Akmagyň agasy bolandan, akyllynyň inisi bol.

* * *

Akmagyň aty çyksa, özüni töre saýar.

* * *

Akmagyň jogaby – ümsüm oturmak.

* * *

Akmak – işi seni ýakmak.

* * *

Akmak akmak däl, akmaga «akmak» diýen akmak.

* * *

Akmak aranyny bilmez, köse garranyny.

* * *

Akmak aýak üstünde garrar.

* * *

Akmak başyň külpetini aýaklar çeker.

* * *

Akmak bent baglar, akylly ýap gazar.

* * *

Akmak bilen gülüşenden, akylly bilen aglaşan ýagşy.

* * *

Akmak çynyny aýtjak bolup, syryny aýdar.

* * *

Akmak dostdan, dana duşman ýagşydyr.

* * *

Akmak dünýä ýygnar, kimiň iýjegini Alla biler.

* * *

Akmak elini işleder, akylly – kellesini.

* * *

Akmak it Aýa üýrer.

* * *

Akmak it tazy ýalyndan tama eder.

* * *

Akmak myhman öý eýesine hödür eder.

* * *

Akmak özüni bildirer, töweregini güldürer.

* * *

Akmak pälinden myrat gözlär, segparaz[1] – it ýalagyndan.

* * *

Akmak sürer dünýäni, akyl onuň haýrany.

---

[1] Segparaz – ite çokunýan, ite sygynýan.

* * *

Akmaýa gaýmasa, gara ýer doýmaz.

* * *

Akrap[1] geler gygyryp, ýel-ýagmyryn çagyryp.

* * *

Aksakgal ak baş bolar, ýöne göwni ýaş bolar.

* * *

Akyl – aýnamaz, altyn – çüýremez.

* * *

Akyl – dost, gahar – duşman, soňy – puşman

* * *

Akyl – sözde, mähir – gözde.

* * *

Akyl akyldan ötgür.

* * *

Akyl akyldan sowaşyk.

* * *

Akyl är döwletden düşse-de, hormatdan düşmez.

* * *

Akyl başdan çykar, altyn – daşdan.

---

[1] Akrap – hijri-şemsi aý hasabynda Garaşsyzlyk aýyna gabat gelýän howanyň sowaýan döwri.

* * *

Akyl et, pikir et, pisindiňe syganna ynan, sygmadygyna ynanma.

* * *

Akyl güýç berer, güýç hem ýürek.

* * *

Akyl kellede bolmasa, jan azapda.

* * *

Akyl ýigide desmaýa, akylsyzyň ömri zaýa.

* * *

Akyldan artyk baýlyk ýok, saglykdan gymmat zat ýok.

* * *

Akylla – yşarat, akmaga – kötek.

.* * *

Akylla bir söz besdir, akmaga müň söz hebesdir.

* * *

Akylly – getirer, akmak – ýitirer.

* * *

Akylly – öwrener, akmak – öwreder.

* * *

Akylly aşa ýakyn, akmak – daşa.

* * *

Akylly aýal başa garar, akmak aýal – ýaşa.

* * *

Akylly diýseň akmagy, başa urar tokmagy.

* * *

Akylly dostuny öwer, kemakyl – aýalyny, samsyk – özüni.

* * *

Akylly gelin öý diker, akmak gelin öý ýykar.

* * *

Akylly haýra hemradyr, akmak – şere.

* * *

Akylly iş – ganatly guş.

* * *

Akylly işi bilen, akmak dişi bilen.

* * *

Akylly işine ynanar, akmak – düýşüne.

* * *

Akylly işlär, akmak onuň hözürini görer.

* * *

Akylly ogul başdan biler,
Akmak ogul – başa gelende,
Tokmak ogul – hiç haçan-da.

* * *

Akylly ogul hem edep, hem talap.

* * *

Akylly ogul – hümmetli, akylly gyz – gymmatly.

* * *

Akylly oýlanýança, tentek işini bitirer.

* * *

Akylly ýigit ile ýetirer, akmak ýigit ýoly ýitirer.

* * *

Akyllynyň aty armaz, dony tozmaz.

* * *

Akyllynyň gadyry akmak ýanynda bilner.

* * *

Akyllynyň işinden göwnüň söýüner,
Akmagyň işinden pähmiň käýiner.

* * *

Akyllynyň öňünden ýöre, akmagyň – yzyndan.

* * *

Akylsyz batyrlyk – bagtyňy ýatyrlyk.

* * *

Akylsyz baý bolandan, akylly gedaý bol.

* * *

Akylsyz ýaş ýok, bahasyz – iş.

* * *

Akylsyza akyl bermek hebesdir.

* * *

Akylsyzyň zowky[1] artyk.

* * *

Akyly çaşanyň mähneti[2] aşar.

* * *

Akyly diňläne berseň ýagşy.

* * *

Akyly keltäň – dili uzyn.

* * *

Akyly ýoguň ýakyny ýok.

* * *

Akylyň bahasy bolmaz, terbiýäniň – çägi.

* * *

Akylyň bolmasa, ýer diňle.

* * *

Akylyň bolsa, akyla eýer,
Akylyň bolmasa – nakyla.

---

[1] Zowk – keýp, hezillik, inçe duýgy.
[2] Mähnet – azap, kynçylyk, zähmet.

* * *

Akylyň bolsa, uzak ýola şöwür et,
Bilimiň bolsa, bilmedige öwret.

* * *

«Al» diýlen malda haýyr bar.

* * *

Ala ekiniň hasyly-da kel-köse.

* * *

Ala garga oka gelmez,
Çopan adam köpe bolmaz.

* * *

Ala gargada hakym bolsa, gyş gelmese, ýaz geler.

* * *

Ala sürlen ýeri çöp basar.

* * *

Alabahar alty gün, altysy-da gaty gün.

* * *

Alahekek öz dilinden bela galar, ýa-da öler.

* * *

Alaja ýylandan gorkan alaja ýüpden gorkar.

* * *

Alan aldy, galan galdy.

* * *

Alan bir günäli, aldyran müň günäli.

* * *

Alanyň gözi satanyň elinde bolar.

* * *

Alanyňa begenip, bereniňe gynanma.

* * *

Alanyňa ýaman diýme, müneniňe – çaman.

* * *

Alaryny bilse, Allasyna garamaz.

* * *

Alaryňy bilseň-de, ynsabyňy elden berme.

* * *

Alçysyna münen altyn aşyk ogully-da bolar.

* * *

Aldan haldadyr, aldanan ýoldadyr.

* * *

Algy berginiň ýerini tutmaz.

* * *

Algyly – arslan, bergili – syçan.

* * *

Algylyny bergili ýeňer.

* * *

Algyň soňy bergi bolar.

* * *

Algyr guşuň ömri az.

* * *

Aljagym bolsa-da, berjegim galmasyn.

* * *

Aljagyna gyrgydyr, berjegine gargadyr.

* * *

Aljyran aýal ärine «aba» diýer.

* * *

Aljyranyň aňy bolmaz.

* * *

Alkyş bilen är gögär, ýagmyr bilen – ýer.

* * *

Alkyş gyzyldan gymmat.

* * *

«Alla, Alla» diýmeseň, işler düzelmez.

* * *

Alla keremdir, guýusy tereňdir.

* * *

Alla şere meçew berse, bir demde dünýä ýumrulardy.

* * *

Alla ýalkasa ýaş berer, bendesi ýalkasa – aş.

* * *

Allany tanamadyk bendesini tanamaz.

* * *

Allanyň bermedigini bendesi berip bilmez.

* * *

Almadyk haýwanyň guýrugyndan ýapyşma.

* * *

Almak asandyr[١], bermek çetin[٢].

* * *

Almalaşyga zat düýtmez.

* * *

Almany atan biler, nary – satan.

* * *

Almany çöle ek, armydy – baýra.

* * *

Almany göge zyň, ýere düşýänçä ýa pelek.

* * *

Almany soý[٣] ýere, armydy saý[٤] ýere.

---

[١] Asan – aňsat.
[٢] Çetin – kyn.
[٣] Soý – şorluk ýer.
[٤] Saý – sähralyk ýer.

* * *

Almanyň miwesi agajyndan alys düşmez.

* * *

Almaz kül içinde-de görner.

* * *

Almazak-da, bermezek, berse ukusy gelmezek.

* * *

Alňasalan işe şeýtan garyşar.

* * *

Alnyňdan akan suwuň gadyry ýok.

* * *

Alnyňdan çykan alaja ýylan, al-da biliňe çolan.

* * *

Alsaň aýal bolar, gonsaň – ýurt.

* * *

Alsaň – biter, satsaň – ýiter.

* * *

Altmyş günde atar, ýetmiş günde ýeter.

* * *

Altmyş ýaşda ataň ölse, şonda-da bir entärsiň.

* * *

Altmyşda – agta, ýetmişde – nogta.

* * *

Alty aga birigip, ata bolmaz, ýedi ýeňňe birigip – ene.

* * *

Alty dänede gysmasaň, altmyş dänede gysdyrmaz.

* * *

Altyn agyzdan altyn söz çykar.

* * *

Altyn alma, alkyş al.

* * *

Altyn arzysyz galmaz.

* * *

Altyn başym dek bolsa, dana başym dik bolar.

* * *

Altyn çykan ýerinde gymmat.

* * *

Altyn gapylynyň agaç gapyla dilegi düşer.

* * *

Altyn görüp azma, kümüş görüp gyzma.

* * *

Altyn kiçi hem bolsa, bahasy gymmat.

* * *

Altyn otda bilner, adam – zähmetde.

* * *

Altyn saklan aç ölmez.

* * *

Altyn ýerde ýatmaz, ýagşylyk – ýolda.

* * *

Altyn-kümüşiň könesi bolmaz,
Ata-enäniň bahasy.

* * *

Altynly öýden jan datly.

* * *

Altynyň agzy bir bolsa, asmandakyny gaýdyrar,
Altmyşyň agzy ala bolsa, agzyndakyny taýdyrar.

* * *

Alybilse, Allasyny gözlemez.

* * *

Alym azmasa, älem azmaz.

* * *

Alym öldi, ylym öldi.

* * *

Alymlara pikir gerek, derwüşlere – zikir.

* * *

Alymyň arrygyndan gork, begiň – semizinden.

* * *

Alynça – şirin-şeker, alansoň – eşek deper.

* * *

Alynjak gyz Aý görner.

* * *

Alynyň aryny Ahmetden çykarma.

* * *

Alyp asgyn bolynçaň, berip üstün bol.

* * *

Alys ýeri ýakyn eden at Taňry,
Ýat bir öýi ýakyn eden gyz Taňry.

* * *

Alys ýeriň bugdaýyndan ýakyn ýeriň samany ýagşy.

* * *

Alys ýurduň habaryny argyş getirer.

* * *

Alysa barýan gonak köp eglenmez.

* * *

Alysdaky doganym, seni görmän oňanym.

* * *

Alysdakyň aty ozandan, ýakyndakyň taýy ozsun.

* * *

«Aman!» diýene nurbat.

* * *

Aman nyşany – iman.

* * *

Amanady münen günüň eýesi geler.

* * *

Amanat – ar, geýseň – dar.

* * *

Amanat – ýaman at.

* * *

Amanat ýa awlykda bolar, ýa – suwlukda.

* * *

Amanat zady daşamak dagdan agyr.

* * *

Amanatly – garamatly.

* * *

Andyzly[1] öýde at ölmez, egrijeli[2] öýde – är.

* * *

Aňlamaz adamdan daş gowy.

---

[1] Andyz – ösümlik ady.
[2] Egrije – dagda ösýän ösümligiň ady.

* * *

Aňly adam – aňlar, aňsyz adam – geňlär.

* * *

Aňmaza düýe görünmez.

* * *

Anna güni arka gitme.

* * *

Aňsadyna bakan gyz dograr.

* * *

Aňtan – ýeňer.

* * *

Ar – garramaz, är – garrar.

* * *

Ar tapylar, meýdan tapylmaz.

* * *

Ar üçin kelläm gitse-de «wah» diýmerin.

* * *

Ara sözi öý ýykar.

* * *

Araba ýykyljak bolsa, kyrk gün öňünden jygyldar.

* * *

Arabada oturan gözli bolsa, kör aty hem dogry äkidip biler.

* * *

Arabasyna güýji ýetmän, arşyn depelär.

* * *

Araça taýak deger.

* * *

Araňa saýry[1] goşsaň, aýbyňy açar,
Süňňüňe saýry goşsaň, alyp gaçar.

* * *

Arka ýagry ata miras, ataň ýagry – ogla.

* * *

Arkala aň geler, arkasyza – hun.

* * *

Arkalaşan dag aşar.

* * *

Arkalaşan ýow gaýtarar.

* * *

Arkaly atyň arkasyndan müň at suw içer.

* * *

Arkaly dagda geňeşer.

* * *

Arkaly erke sözlär, arkasyz – gorka.

---

[1] Bu ýerde gelmişek manysynda.

* * *

Arkaly köpek gurt alar.

* * *

Arkasyz är dawa islemez.

* * *

Armyt pudagynda sallanar, ýere düşer ballanar.

* * *

Arpa çörekden nan bolmaz, amanatdan – don.

* * *

Arpa çörek otdan gorkmaz, garry aýal – ärden.

* * *

Arpa ekdim, dary çykdy.

* * *

Arpa eker, bugdaý islär.

* * *

Arpa garsaň, at iýmez, kepege garsaň, it iýmez.

* * *

Arpa gylçyk – aş eken, altyn-kümüş – daş eken.

* * *

Arpa iýen at menzil keser.

* * *

Arpa nany besdir, tapsaň damaga.

* * *

Arpa tapmaz atyna, nöker tutar syrtyna.

* * *

Arpa undan köke bolmaz, gyrnakdan – bike.

* * *

Arpa uny çym-ak, suw degdigi göm-gök.

* * *

Arpa ýykylsa, dok bolar, bugdaý ýykylsa, pak bolar.

* * *

Arpadan, bugdaýdan elim üzüldi, umyt saňa galdy, dary harmany.

* * *

Arpaň dänesi bolandan, bugdaýyň samany bol.

* * *

Arrygyň çorbasy çykmaz, çyksa-da, ýyldyramaz.

* * *

Arryk halyny bilse ýykylmaz.

* * *

Arryk ölse ýagy ýok, garyp ölse agy ýok.

* * *

Arslan arlasa, atyň aýagy duşaklanar.

* * *

Arşyn getir biýz al, çuwal getir hoz al.

* * *

Artyk aýdan özi uýalar.

* * *

Artyk damak daş ýarar, daş gaýdyp baş ýarar.

* * *

Arwananyň[1] ýagşysy az iýer, köp ýaşar,
Arwananyň ýamany köp iýer, az ýaşar.

* * *

Arybyňky[2] – gülüstan, göribiňki – çölüstan.

* * *

Aryk akan ýerine, bagt bakan ýerine.

* * *

Arykdan ätle, yzyňy ýatla.

* * *

Arykdan suw akar, daýhana Hudaý bakar.

* * *

Arynyň zäherini datmadyk, balyň gadyryny näbilsin.

---

[1] Arwana – düýäniň bir görnüşi.
[2] Aryp – bilimli, ylymly, dana.

* * *

Arzan illetsiz[1] bolmaz, baha – hikmetsiz.

* * *

Arzanlykda alyjynyň, gymmatlykda satyjynyň ýüzüni görme.

* * *

Arzanyň çorbasy dadylmaz.

* * *

«Aş» diýseň, hapyr-hupur, «iş» diýseň, gulak ýapyr.

* * *

Aş atana aş at, daş atana – daş.

* * *

Aş bolsun, agzymy ýandyrsyn, daş bolsun, başymy syndyrsyn.

* * *

Aş dileme, diş dile.

* * *

Aş gatygy duz.

* * *

Aş tagamyn dadan biler, ýol agramyn – äden.

---

[1] Illet – sebäp, delil.

* * *

Aş ysy bilen datly.

* * *

Aşa ýaman bolma, asarlar,
Aşa ýuwaş bolma, basarlar.

* * *

Asly haramyň nesli haram.

* * *

Aslyna çekermiş ýüwrük-çamanlyk.

* * *

Aslyny unudan atasyny atar.

* * *

Asmandan arpa ýagsa, eşegiň haky hepbe[1].

* * *

Asmandan inip ýere düşen, ýedi derýanyň suwuny içen.

* * *

Aşna bolmak aňsat, jyda bolmak kyn.

* * *

Assa gaçan namart.

* * *

Assa giden ýorulmaz.

---

[1] Hepbe – bölek-büçek.

* * *

Assa ur, rasta ur.

* * *

Assa ýörän alys gider.

* * *

Aşy ajygana ber, gyzy – aşygyna.

* * *

Asyl asla gider.

* * *

Asyl aýal öýüne bezeg.

* * *

Asyl görseň, soý[1] sorama, jöwlan[2] görseň – suw.

* * *

Aşym az bolsa-da, çanagym giň bolsun.

* * *

Aşyň alasy – Taňryň belasy.

* * *

Aşyny aýan aşa ýeter, donuny aýan – toýa.

---

[1] Soý – tire, urug.
[2] Jöwlan – otluk ýer.

* * *

«At alan bilen gelin alanyň kepili özümdirin» diýermiş Allatagala.

* * *

At – arryklykda, gyz – garyplykda.

* * *

At «Basman!» diýen ýerine müň basar,
Iş «düşmen» diýen ýerine müň düşer.

* * *

At ady bilen, ýigit ody bilen.

* * *

At agynan ýerde toý bolar.

* * *

At alma – eýer al, aýal alma – hossar al, ýer alma – goňşy al.

* * *

At alsaň – ýorga bilen ýöriş al,
Aýal alsaň – akyl bilen huş al.

* * *

At alsaň gunan al, düýe alsaň – inen.

* * *

At arzan – taý gymmat,
Gyz arzan – dul gymmat.

* * *

At atyň yzyndan daljygyp ýeter,
Düýe düýäniň yzyndan – ajygyp.

* * *

At aýagy gitgir, ozan dili ötgür.

* * *

At aýagyň aşagynda agsamasyn.

* * *

At aýagyna nal ursaň, eşek aýagyny galdyrar.

* * *

At aýagyndan semrär, adam gulagyndan.

* * *

At aýlanyp, gazygyny tapar, suw aýlanyp – ýarygyny.

* * *

At aýlygyny gözlär, düýe – ýyllygyny, eşek – aýagynyň aşagyny.

* * *

At basyşyndan belli, är – bakyşyndan.

* * *

At bilen ýola çykan eşegiň waý halyna.

* * *

At bolsa, hamyt tapylar.

* * *

At çaňyna giden geler, pil çaňyna giden gelmez.

* * *

At çapa ýüwrük, ýigit göre batyr.

* * *

At çapanyňdan geçdik, eýeriň gaşyndan berk ýapyş.

* * *

At çapsa durup-durup bakylar,
Baýtal çapsa her dürli at dakylar.

* * *

At depişigine at çydar.

* * *

At dosty – ata dosty.

* * *

At eýeri bile yzzatly, gul baýary bile.

* * *

At gadyryny münen biler, ok gadyryny – atan.

* * *

At garrar – meýdan garramaz,
Ýigit garrar – heňňam garramaz.

* * *

At garrasa, höwre goýlar.

* * *

At gitdi, örküni-de äkitdi.

* * *

At gowusy – erinlek, ýigit gowusy – burunlak.

* * *

At güýji arpada.

* * *

At gylygyna eýesi ýetik.

* * *

At gylygyndan iýmini artdyr,
Gyz gylygyndan – sepini.

* * *

At iýmeýän ajy otlar bitmese ýeg.

* * *

At keselini andyz açar,
Gyz keselini – gopuz.

* * *

At kimiňki – müneniňki,
Don kimiňki – geýeniňki.

* * *

At kişňeşip tanyşar. adam – sözleşip.

* * *

At kişňär, taý öner.

* * *

A:t köýenden, at köýsün.

* * *

At maýyrmadyk, seýis bolmaz.

* * *

At münen atasyny tanamaz, aýal alan – enesini.

* * *

At – münenden, görk – geýenden.

* * *

At münmedik at münse, çapa-çapa öldürer,
Don geýmedik don geýse, kaka-kaka tozdurar.

* * *

At münüp ataň öýüne bar,
Don geýip – dogan öýüne.

* * *

At münüp, atam gomlap, at üstünde satan sallap.

* * *

At öler – meýdan galar, ýigit öler – şan galar.

* * *

At ölse, it şatlanar, baý ölse – molla.

* * *

At rysgaly alnynda.

* * *

At saklamak – han saklamak.

* * *

At satsaň, obaňa geňeş.

* * *

At tapýançaň, eşek sakla, düýe tapýançaň – köşek.

* * *

At toýnagyna at çydar.

* * *

At ürken ýerinden, är gorkan ýerinden.

* * *

At üsti hyýally, dag başy dumanly.

* * *

At üstüne müneni tanar.

* * *

A:t ýagşy, dünýä gelen zat ýagşy,
Gadyr bilmez gardaşdan, gadyr bilen ýat ýagşy.

* * *

At ýaly bilen owadan, zenan – saçy bilen.

* * *

At ýamany ahyryny bozar.

* * *

At ýaryşda, är söweşde.

* * *

At ýerine eşek daňma.

* * *

At – ýigidiň diregi, haly – gyzyň ýüregi.

* * *

«At ýok» diýip, sygra eýer salynmaz.

* * *

At ýortuşda belli, gurt – ýyrtyşda, är – göreşde, batyr – söweşde.

* * *

At ýüwürmez, bagt ýüwrer.

* * *

At yzy it yzyna garyşmaz.

* * *

Ata alkyşy – altyn.

* * *

Ata barka ogul ýaş, aga barka – ini.

* * *

Ata bolmadyk ata gadyryny bilmez.

* * *

Ata çöregi – meýdan çöregi,
Ogul çöregi – zyndan çöregi.

* * *

Ata çykan alysy görer.

* * *

Ata diýmedik ogul ojagy talar.

* * *

Ata dost ýaly seret-de, duşman ýaly mün.

* * *

Ata dünýäsi ogla gönezlik.

* * *

Ata-enäniň bermedigini, ak bazar berer.

* * *

Ata-enäniň dogasy oda-suwa batyrmaz.

* * *

Ata-enäniň göwni ogulda-gyzda,
Ogul-gyzyň göwni dag bilen düzde.

* * *

Ata-enäniň öwretmedigini, heňňam öwreder.

* * *

Ata-enesini tanamadyk, Taňrysyny tanamaz.

* * *

Ata – eýer, eşege – palan.

* * *

Ata – gamçy, eşege – taýak.

* * *

Ata gerim gerek, ýigide – dost.

* * *

Ata gören ýol keser, ene gören don keser.

* * *

Ata malyna göz diken nowasyz galar.

* * *

Ata müneňde Allany, atdan düşeňde aty unutma.

* * *

Ata münseň, ýorga mün, ýol söýünsin.

* * *

Ata ogly ata çeker.

* * *

Ata – ot, ite – et.

* * *

Ata – sap, ene – gap.

* * *

Ata seýis bol, şikese – seýik.

* * *

Ata sözi hikmet[1], ene sözi rehmet.

* * *

Ata tartyp ogul dogmaz, enä tartyp – gyz.

* * *

Ata-Watan aman bolsa, reňki-roýuň saman bolmaz.

* * *

Ata ýeri – şehit, ene ýeri – behişt.

* * *

Ata – ýezne,[2] ene – gazna.

* * *

Atabaşga atdan düşmez, enebaşga hal soraşmaz.

* * *

Atadan galan malda gadyr ýok.

* * *

Atadan galan miras tiz tükener.

* * *

Atadan nesihat alan ogul kethuda bolar,
Eneden nesihat alan gyz keýwany bolar.

---

[1] Hikmet – çuň manyly we görelde alarlyk mazmuna eýe bolan aýry-aýry şygyrlar.
[2] Ýezne – bu ýerde giýew manysynda.

* * *

Atadan ogla miras, eneden – gyza.

* * *

Atadan ogul köp dogar, içinde biri nek[1] dogar.

* * *

Atadan ogul önse – eýgilik, ata ýoluny tutmasa – geňlik.

* * *

Atalar sözi – akylyň gözi.

* * *

Atalar sözi – hikmet.

* * *

Ataly – ogul, hojaly – gul.

* * *

Ataly ýetim – hor ýetim, eneli ýetim – zor ýetim.

* * *

Atam maly kimiňki, kime buýursa, şonuňky.

* * *

Atam öldi, arkam syndy, enem öldi, çyram söndi.

* * *

Atam-enem ölse-de, ony gören ölmesin.

---

[1] Nek – ýaramaz, bihepbe.

* * *

Atamyň ölümine gynanamok, Ezraýylyň gapymyzy kakanyna gynanýan.

* * *

Atany söýen, Watany söýer.

* * *

Atanyň açan ýoly bar, enäniň biçen dony bar.

* * *

Atanyň ojagy gymmat, enäniň – gujagy.

* * *

Ataň barka, dost gazan, atyň barka ýol.

* * *

Ataň bile eneň Mekge bile Medinäň.

* * *

Ataň bilen öwünme, eneň bilen söýünme.

* * *

Ataň mirap bolandan, ýeriň oý bolsun.

* * *

Ataň ýagysyny dost tutunma.

* * *

Ataň zak, eneň zak, nireden dogduň beýle ak?

* * *

Ataňa görkezeniňi ogluňdan görersiň.

* * *

Ataňy görenden akyl sora.

* * *

Ataş kenary, gyş gününiň lälezary.

* * *

Atasy başga bilen towşan awlama.

* * *

Atasy bolmadyk bir gün aglar,
Enesi bolmadyk – her gün.

* * *

Atasyz oglan – ýetim, enesiz oglan – ýesir.

* * *

Atasyzy giýew etme, enesizi – gelin.

* * *

Atda garyn, itde burun.

* * *

Atda wepa-da bar, sapa-da.

* * *

Atdan düşen – timar, düýeden düşen – bimar.

* * *

Atlynyň pyýadadan nä habary.

* * *

Atlynyňky – alnynda, düýeliniňki – töründe.

* * *

Atmajak ýigit gezäp geler, atjak ýigit — gizläp.

* * *

Atsyz – alaman, suwsuz – degirmen,
Barmazak – batyr, bermezek – jomart.

* * *

Atsyz öter ýigide nerrik[1] aýal duş geler.

* * *

Aty at edýänçä, eýesi it bolar.

* * *

Aty atasy bilen tanadarlar, gatyry – enesi bile.

* * *

Aty baryň ganaty bar, ogly baryň – döwleti.

* * *

Aty birinde besle, ikisinde gözle, üçünde mün,
Dördünde bolar at, bolmasa sat.

---

[1] Nerrik – önelgesiz.

* * *

Aty döwek garradar, ýigidi – orak.

* * *

Aty gamçy bilen sürme, süle bilen sür.

* * *

Aty ot bilen tut, guşy — et bilen.

* * *

Aty ýag bilen, düýäni dag bilen.

* * *

Aty ýaryş öldir, äri — namys.

* * *

Aty ýoguň ady ýok.

* * *

Atylan ok daşdan gaýtmaz.

* * *

«Atym, atym!» diýseň, at bolar.

* * *

Atym bar – ganatym bar.

* * *

Atyň ady uly, düýäň dabany.

* * *

Atyň ahyry boş bolmasyn, aýalyň – saçagy.

* * *

Atyň ardynda gelen, gamçyň ujunda.

* * *

Atyň atasy arpa.

* * *

Atyň aýgyr bolsa, ýat-da gaýgyr.

* * *

Atyň ölümi — itiň baýramy.

* * *

Atyň ýaman bolsa armanyň gider,
Aýalyň ýaman bolsa – myhmanyň.

* * *

Atyň ýaman bolsa, satyp gutularsyň,
Goňşyň ýaman bolsa, göçüp gutularsyň,
Aýalyň ýaman bolsa, niçik gutularsyň.

* * *

Atyň ýüwrük bolandan, bagtyň ýüwrük bolsun.

* * *

Atyny ýamanlanyň, ýol biýr jezasyn,
Ilini ýamanlanyň, ýat biýr jezasyn.

* * *

Atynyň kemini bilmedik, ýolda pyýada galar.

* * *

Aw alan tazy burnundan bildirer.

* * *

Aw aljak guşuň çüňki egri.

* * *

Aw uranyňky, at süreniňki.

* * *

Awça odun sataşar, odunça – aw.

* * *

Awçy awçynyň yzyndan bir gaýda ýeter.

* * *

Awçy garrar – garyp bolar,
Aýal garrar – tebip bolar.

* * *

Awçy görmese, it görer, it görmese, at görer.

* * *

Awçy müň tümenlik düýş görse-de, awa ýorar.

* * *

Awçy näçe al bilse, aw hem şonça ýol biler.

* * *

Awçynyň ryzky aýagynda.

* * *

Awuň müňe ýetse, ompa oturar.

* * *

Awy azyk bilen tutarlar, adamy – söz bilen.

* * *

Awynyň azy-da bir, köpi-de.

* * *

Aý agyllasa – agyş,
Gün gulaklasa – ýagyş.

* * *

Aý dogsa, älem görer.

* * *

Aý şuglasy garybyň öýüne-de düşer.

* * *

Aý ýanynyň ýyldyzy, gelin ýanynyň baldyzy.

* * *

Aý ýüzli gyzym bolandan, aýy ýüzli gelnim bolsun.

* * *

Aýagy uly syganyny geýer, aýagy kiçi söýenini.

* * *

Aýagy ýaman köl bular, dili ýaman – il.

* * *

Aýak döwmez, ýabak döwer.

* * *

Aýak ýüwrügi daşa deger, dil ýüwrügi – başa.

* * *

Aýakda bolandan agyzda bol.

* * *

Aýal ada çapar, ýigit – buda.

* * *

Aýal adam – uýal adam.

* * *

Aýal alma, hossar al.

* * *

Aýal bar – ezýet, aýal bar – lezzet.

* * *

Aýal bar – öý diker, aýal bar – öý ýykar.

* * *

Aýal gezse, gep getir, erkek gezse – nep.

* * *

Aýal näbilsin – dagda borandyr, öýde oturyp, hökmürowandyr.

* * *

Aýal oňsa hazyna, oňmasa kaza.

* * *

Aýaldyr at amanat berilmez.

* * *

Aýalsyza eşret ýok, ogulsyza – döwlet.

* * *

Aýaly öýüň ownuk işi öldürer.

* * *

Aýalyň emelsiz bolsa, iňňä özüň sapak ötürsiň.

* * *

Aýalyň horany[1] – Hudaýyň urany.

* * *

Aýalyň soňky hilesi – aglamak.

* * *

Aýalyň tagtam, bagtam – ojak başynda.

* * *

Aýalyň ýamanyndan aždarha gaçar.

* * *

Aýamda bolsa – ýalaryn,
Uýamda bolsa – dilärin.

---

[1] Horan – iýermen.

* * *

Aýbyny ýaşyran aýňalmaz.

* * *

Aýda azykdan günde suwluk ýaman.

* * *

Aýda gelen aýak iýer, günde gelen – taýak.

* * *

Aýda gelsin, aman gelsin.

* * *

Aýda-ýylda bir bizar, onda-da göwnüm azar.

* * *

Aýda-ýylda bir namaz, ony-da şeýtan bozar.

* * *

Aýdan ary[1], Günden dury.

* * *

Aýdyjy akmak bolsa, diňleýji dana gerek.

* * *

Aýdylan söz atylan ok.

* * *

Aýdylan söz aýdyljak sözüň gaýynenesi.

---

[1] Ary – owadan.

* * *

Aýdyp etdirip bolmasa, urup etdirip bolmaz.

* * *

Aýgyra jul ýyrtmak aýyp däl.

* * *

Aýlanan baş tarap tanamaz.

* * *

Aýlanaýyn könäm senden.

* * *

Aýlykçy aýda iýer, günlükçi – günde.

* * *

Aýrana gelen çanagyn gizlemez.

* * *

Aýrylany aýy iýer, bölüneni – böri.

* * *

Aýrylmagyn höwrüňden, eliň gitmez böwrüňden.

* * *

Aýrylmaz goňşyňa unutgysyz söz aýtma.

* * *

Aýrylyşjak dost eýeriň art gürlügini[1] dilär.

---

[1] Gürlük – gaňňanyň ýan agaçlaryny birleşdirýän egri agaç.

* * *

Aýtdy-aýtdy bilen ýar aýrylar.

* * *

Aýtsaň – söz, aýtmasaň – düz.

* * *

Aýtsaň gep bolar, aýtmasaň – dert.

* * *

Aýy bendilikde oýnar.

* * *

Aýy dalan töňňeden gorkar.

* * *

Aýym – dik, bendäm – ýatyk.

* * *

Aýyma uýan aýym bolar.

* * *

Aýyň ýüzünde hem leke[1] bar.

* * *

Aýypsyz adam bolmaz.

* * *

Aýypsyz dost yzlan dostsuz galar.

---

[1] Leke – sudur.

* * *

Az – uky, ýaz – uky.

* * *

Az – arjaň, hassa – gaharjaň.

* * *

Az bolsa ýeter, köp bolsa gider.

* * *

Az bolsun, uz bolsun.

* * *

Az bolup dana bolandan, köp bolup diwana bol.

* * *

Az damak doýurmaz.

* * *

Az gürle, uz gürle.

* * *

Az il – arsak[1].

* * *

Az iliň danasy gepläp-gepläp däli bolar,
Köp iliň dälisi gepläp-gepläp, dana bolar.

[1] Arsak – arly-namysly, gaýratly.

* * *

Az iýen – arassa, köp – iýen hassa.

* * *

Az iýen tebip gözlemez.

* * *

Azaby – öňde, rehneti – soňda.

* * *

Azabyny men çekdim, aldy gitdi gurrumsak.

* * *

Azajyk aşym, gowgasyz başym.

* * *

Azajyk derdi aş basar, agyr derdi – iş.

* * *

Azajyk sözliniň göwni rahat bolar.

* * *

Azal sapyny aç hem bolsaň sypdyrma.

* * *

Azan öz başyna görer.

* * *

Azana musallat.

* * *

Azap çekdim hiç boldy, jepa çekdim puç boldy.

* * *

Azap çeken nep tapar, hasap eden – gep.

* * *

Azapsyz iş oňdurmaz.

* * *

Azapsyz nan iýme, ýamasyz don geýme.

* * *

Azapsyz ýeriň ady ýok.

* * *

Azaşan yzyny tapsa ýagşy.

* * *

Azaşanyň aýby ýok, gaýdyp yzyny tapansoň,
Açylanyň aýby ýok, özi bilip ýapansoň.

* * *

Azaşsaň köp bilen azaş.

* * *

Az-azdan işleseň – ussa bolarsyň, işlemeseň – hassa.

* * *

Azdyrmasyn, azana duçar etmesin.

* * *

Azyrganan aç galar.

– B –

Bag – barsyz bolmaz, at – timarsyz.

* * *

Bag – ekeniňki, ýap – çekeniňki.

* * *

Bag aýdypdyr: «Bak maňa, bakaýyn saňa».

* * *

Bagşy bilen ýagşy atyň belli baýragy bolmaz.

* * *

Bagşynyňky «haý» bilen, mollanyňky «waý» bilen.

* * *

Bagtly sähet gözlemez.

* * *

Bagtlyny yzlama, bagt ýoluny yzla.

* * *

Bagtyň ýatsa, düýäň üstünde it ýarar.

* * *

Bagym bar, barym bar.

* * *

Bahanam akja bäbek, bildir bolsaň bolmaýamy.

* * *

Bahardaky hereket, güýzki – bereket.

* * *

Bahyl baryny bermez, ýok garap durmaz.

* * *

Bahyl bazara gitse, şum habar getirer.

* * *

Bahyl jennet görmez.

* * *

Bahyldan daş sorandan, jomartdan aş sora.

* * *

Bahyldan gyşyň güni garam dileme.

* * *

Bahyldan pul almak – petirden gyl almak.

* * *

Bahyly sahylygyň bilen uýalt.

* * *

Bahylyň bagy gögermez, gögerse-de miwe bermez.

* * *

Bahylyň jaýy jähennem, sahynyň jaýy jennet.

* * *

Bakyrganda[1] bakyr[2] bar, baryp görseň, takyr bar.

* * *

Bal bar ýerde siňegem bolar.

* * *

Bal diýmek bilen agyz süýjemez.

* * *

Bal gadyryny bakgal biler, zer gadyryny – zergär.

* * *

Bal süýji, baldan-da bala.

* * *

Bal tutan barmagyny ýalar.

* * *

Bala hem ene diýer, hem baba.

* * *

Bala, balanyň işi çala.

* * *

Balaly öý bazar, şowhuny köňül ýazar.

* * *

Balaly öýde gybat ýok, balasyz öýde – gurbat.

---

[1] Bakyrgan – şäher ady.
[2] Bakyr – 1. mis; 2. kiçijik köl.

* * *

Balanyň barmagy agyrsa, enäniň ýüregi syzlar.

* * *

Balygyň diriligi suw bilen.

* * *

Balygyň özi suwda bolsa-da, gözi gyrda.

* * *

Balyk başyndan porsar.

* * *

Balyk iýse, guýrugy semrär.

* * *

«Bar» diýip aşma, «ýok» diýip çaşma.

* * *

Bar – ogşadar, ýok – gagşadar.

* * *

Bar baryny aýdar, ýok — zaryny.

* * *

Bar gaçagy tutsa bolar, ýok gaçagy nätse bolar.

* * *

Bar okaram, gel okaram, barmasaň-gelmeseň, orta ýolda döwül okaram.

* * *

Bar ýerinde bal arzan, ýok ýerinde duz gymmat.

* * *

Bar zadyň sakasy saglyk.

* * *

Bar zat bakyr, ýok zat – altyn.

* * *

Bar zatdan süýji-de dil, ajy-da dil.

* * *

Bara – bazar, ýoga – azar.

* * *

Baran getirer, oturan ýitirer.

* * *

Baran ýeriň kör bolsa, gözüňi ýum.

* * *

Barar guşuň başy aňry.

* * *

Barara gapysy ýok, ýapynara – ýapysy.

* * *

Barara ýeri ýok, batara köli.

* * *

Bar-bar işden bar, işlemedik nana zar.

* * *

Barça ýagşy, biz ýaman barça bugdaý, biz saman.

* * *

Barçasyny görmäge başymyz esen bolsun.

* * *

Barjak ýeriňe kesek atma, çykan gapyňy batly ýapma.

* * *

Barly ajyganda iýer, garyp – tapanda.

* * *

Barly bilen dalaşma.

* * *

Barly bolsun, barsyz bolsun öýüň bolsun,
Gyňyr bolsun, gyşyk bolsun, äriň bolsun.

* * *

Barly bolup, baýlygňa guwanma,
Garyp bolup, garyplygňa uýalma.

* * *

«Barly men» diýip buýsanma,
«Ýoksuz men» diýip kemsinme.

* * *

Barlyk – etdi:r, ýokluk – jowrandyr.

* * *

Barlykda «dok» diýme, ýoklukda «ýok» diýme.

* * *

Barlykda abatlyk bar, ýoklukda — takat.

* * *

Barlylyk däli eder, ýoksuzlyk — sähne.

* * *

Barlynyň ady ýowuk[1], ýoklynyň ýüzi sowuk.

* * *

Barlynyň eli titremez.

* * *

Barmagy «başga» diýme, bilegi – bir,
Ili «başga» diýme, dilegi bir.

* * *

Barmak bilen çözüljek düwüne agyz urma.

* * *

Bars – baýlyk, towşan – gahatlyk.

* * *

Barsyz agaja daş atmazlar.

* * *

Bary bile bazar eýle.

* * *

Barýan gapyň müň bolsa-da, ýatjak gapyň bir bolsun.

---

[1] Ýowuk – ýakyn. Bu nakylda «Barlynyň ady dilden düşenok» diýen manyda.

* * *

Baryna bazar et, ýoguna — sabyr.

* * *

Baryny beren uýalmaz.

* * *

Baryny bermedigiň ýüzi gara.

* * *

Baryny görmäge başym dik bolsun.

* * *

Baş – başa, jan – jana.

* * *

Baş alynjak ýerde mal aýalmaz.

* * *

Baş bolmasa, göwre läş.

* * *

Baş döwleti – bereket, mal döwleti – hereket.

* * *

Baş iki bolman, mal iki bolmaz.

* * *

Baş sag bolsa, telpek tapylar.

* * *

Baş ulusy döwlet, aýak ulusy mähnet.

* * *

Baş ýarylsa, börük içinde, gol synsa, ýeň içinde.

* * *

Başa bela iki barmak dilden geler.

* * *

Başa dil getirenini, el getirip bilmez.

* * *

Başa düşen işi başarmak gerek.

* * *

Başa düşen taýak, ýüwürder ýalaň aýak.

* * *

Başa düşmez ogul-gyz, başa bela getirer.

* * *

Başa gelenini göz görer.

* * *

Başa gelmez iş bolmaz, aýaga degmez – daş.

* * *

Basany aýlyk, götereni ýyllyk.

* * *

Başarana baş gurban.

* * *

Başarana hyşa gulpagam saz.

* * *

Başarmajak işiňe ýapyşma.

* * *

Başarnyk – baýlyk.

* * *

Başda beýni bolmasa, selle neýlesin.

* * *

Başda oňmadyk giç oňmaz, giç oňmadyk hiç oňmaz.

* * *

Başganyň ýanawujyndan suw içen ganmaz.

* * *

Başy agyrmadygyň ýanynda, «baldyrym syzlaýar» diýme.

* * *

Başy eseniň maly bitin.

* * *

Başy gaharlynyň akyly dabanynyň astynda.

* * *

Başy zor baý bolar, aýagy zor – gul.

* * *

Başyň amanka, malyňy tükelle.

* * *

Başyňa erre[1] goýsalar-da, dogry sözle.

* * *

Başyny egeniň başy alynmaz.

* * *

Batana ýöreme, atana ýöre.

* * *

Batar günüň atar daňy bar.

* * *

Batga batan eşegiň tutalgasy – gulak, guýruk.

* * *

Batman ýük bara[2] basar, gyl tanap gerden keser.

* * *

Batsa batsyn ýol tiken, batmasyn, ýorgan tiken.

* * *

Batyr – aňkaw, är – gödek.

* * *

Batyr aty bilen batyr, at batyry bilen at.

* * *

Batyr başdan, ýüwrük aýakdan.

---

[1] Erre – byçgy.
[2] Bara – dura-bara.

* * *

Batyr bir öler, gorkak – müň.

* * *

Batyr köpde ýow gaçyrar, pähim – köpde daw[1].

* * *

Batyr ölse ady galar, baý ölse – zady.

* * *

Batyr söweşde belli, ýüwrük – ýaryşda.

* * *

Batyra «batyr» diýmezler, jan saklana «batyr» diýerler.

* * *

Batyra ýarag nä hajat.

* * *

Batyrdan ölüm hem eýmenermiş.

* * *

Batyrlyk bilekde däl, ýürekde.

* * *

Batyry batyr eden gylyç bilen bilegi,
Ýamany ýaman eden gara ýürek dilegi.

* * *

Batyryň aýbyny açma, syryny ýaýma.

---

[1] Daw – dawa, jenjel, uruş.

* * *

Batyryň bezegi – ýüzüniň ýarasy.

* * *

Baý arabasyny dagdan aşyrar,
Garyp düz meýdanda ýoluny çaşyrar.

* * *

Baý gyzy tarakgysy[1] bilen, garyp gyzy görki bilen.

* * *

Baý gyzyny alma, Hudaý ýazmasa,
Han gyzyny alma, päliň azmasa.

* * *

Baý halky ýaňra bor, garry – öwünjeň,
Bidöwlet – ynanjaň, käsip[2] – käýinjeň.

* * *

Baý magtansa – tapylar,
Garyp magtansa – çapylar.

* * *

Baý malyny bahyl gysganar.

* * *

Baý ölse: «Ýör gideliň!» diýerler,
Garyp ölse, üç günden soň duýarlar.

---

[1] Tarakty – özüne bezeg bermek.
[2] Käsip – ussa, kesp-käriň eýesi.

* * *

Baý täze don geýse: «Gutly bolsun!» diýerler,
Garyp täze don geýse: «Nireden aldyň?» diýerler.

* * *

Baý ýalan sözlese-de, sözi geçer.

* * *

Baýdan – ýokar, baldan – damar.

* * *

Baýguşuň dilegi weýrançylyk.

* * *

Baýguşyň rysgaly agzyna geler.

* * *

Baýlygyň enesi – ýer, atasy – zähmet.

* * *

Baýlygyň sakasy – saglyk.

* * *

Baýlyk – bir guraklyk, batyrlyk – bir okluk.

* * *

Baýlyk eliň kiri, ýuwulsa gider.

* * *

Baýlyk malyň köplüginde däl, göwnüň doklugynda.

* * *

Baýlyk myrat däl, garyplyk – uýat .

* * *

Baýlyk näme, hallan atanyň galar.

* * *

Baýlykdan garyp düşen magtanmasyny goýmaz.

* * *

Baýlykdan garyp düşene, ýok-da bolsa, bar ýaly,
Garyplykdan baýana bar-da bolsa, ýok ýaly.

* * *

Baýramda açdan ölen, jöwzada doňup galan.

* * *

Baýrynmagyn baýlygňa, bijin bardyr alnyňda.

* * *

Baýtal hokranman, at kişňemez.

* * *

Baýtal ölse, gulan ýaş, gulan ölse, gözüň ýaş.

* * *

Baýy mal basar, garyby – gam.

* * *

Baýyň agzy gyşyk bolsa-da, sözi «dogry».

* * *

Baýyň azgyny, possun geýer ýaz güni.

* * *

Baýyň gelni – bagyň güli.

* * *

Baýyň güni «waý», garybyňky – «haý-da-haý».

* * *

Baýyň iki dünýäsi-de düzüw.

* * *

Baýyň morysy[1] gyşyk bolsa-da, tüssesi «dogry» çykar.

* * *

Baýyň ogly barga oýnar,
Begiň ogly ýorga oýnar,
Bidöwletiň çagasy
Gagyldadyp, garga oýnar.

* * *

Baýyň pişigi-de towşan tutar.

* * *

Baýyň sahylygy elinde, garybyň sahylygy dilinde.

* * *

Baýyň setini[2] ýüpek görner.

---

[1] Mor – tüsse çykar.
[2] Setin – pagtadan edilýän matanyň bir görnüşi.

* * *

Bazar görki – bakgal, ýigit görki – sakgal.

* * *

Bazara baran baryny harçlar.

* * *

Bazara bar-da, bagtyňy syna.

* * *

Bedasyl beg gullugynda bolynçaň,
Asyl begiň saýasynda gul bolgul.

* * *

Bedasyla barynçaň, boý oturgyn ölinçäň.

* * *

Bedasyla jepa çekme, gury ýere tohum sepme.

* * *

Bede ýyl aşsa, pide bolar, ýandak ýyl aşsa – bede.

* * *

Beden agyrsa, jan syzar.

* * *

Beden azabyndan, wyždan azaby agyr.

* * *

Bedenäniň öýi ýok, nirä barsa: «Bytbyldyk!»

* * *

Bedene semräp, batmana ýetmez.

* * *

Bedew at menzil keser.

* * *

Bedew atlar semiz bolar, goç ýigitlar tämiz bolar.

* * *

Bedew jul içinde belli, göwher – kül içinde.

* * *

Beg başyňy bendi etme.

* * *

Beg beren atyň dişine bakma.

* * *

Beg bilen aşna bolma.

* * *

Begi begiň, guly – guduz.

* * *

Bek gapa bela gelmez.

* * *

Bekli gapyny sabyr açar.

* * *

Bela – basan ýeriňde.

* * *

Bela görnüp gelmez, kasas kyýamata galmaz.

* * *

Bela gula barmaz, gul bela barar.

* * *

Bela nirede, basyp-göteren ýeriňde.

* * *

Bela-beteriň ganatyny sabyr gyrkar.

* * *

Beladan heder, etmeseň eder.

* * *

Bendä gaçsaň – tutularsyň,
Hudaýa gaçsaň – gutularsyň.

* * *

Bendäm bendäme sebäp,
Men ikisinede sebäp.

* * *

Bende sylasa aş berer, Hudaý sylasa – ýaş.

* * *

Bendesi hata[১] eder, Taňrysy – ata[২].

---

[১] Hata – günä, etmesiz iş.
[২] Ata – bagyşlamak.

* * *

Bendesi peýlär, Taňrysy etjegini eýlär.

* * *

Ber, bereketiň artsyn!

* * *

Bereket ondur, onusy-da düzdür.

* * *

Beren – alar, eken – orar.

* * *

Berende almadyk, diläp alar.

* * *

Berenden – al, urandan – gaç.

* * *

Berene bäş köp, alana alty az.

* * *

Bergidar her ady tutulanda bir öler.

* * *

Bergili üzülmez, algyly üzüler.

* * *

Bergiň ýaraşygy – üzmek.

* * *

Bergiň ýüze ýetse, ýumurtga börek iý.

* * *

Bergini beren ýeňer, ýoly – ýörän.

* * *

Bergisini ýaşyran – bölüner, ogrusyny – ýaşyran öküner.

* * *

Berim gökden ýol ýasar.

* * *

Berimsiz baýa baranyňdan, keremli daga bar.

* * *

Berimsizden bir gyl düşse-de, peýda.

* * *

Berip-alyp görmedik, berse ukusy tutmaz.

* * *

Berk bolsa daşyň, amandyr başyň.

* * *

Berk bolsa daşyň, taýýardyr aşyň.

* * *

Berk gapyny berim açar.

* * *

Berk şahanyň – emi palta.

* * *

Berkeli döwlet giç geler.

* * *

Bermejegi berip utandyr.

* * *

Bermezden – aşly, urmazdan – gylyçly.

* * *

Bermezek Taňrydan – irmezek awçy.

* * *

Betbagt derýa inse, suwy kesiler.

* * *

Betbagtlygy nirede gördüň, aýagy agsak gyzyl keýigiň yzynda.

* * *

Beter beteri görende, elheder gaýra teser.

* * *

Betlagam äre barýançaň, gazylgy göre bar.

* * *

Beýigiň öňünden geçme, gatyryň – soňundan.

* * *

Bezenmeýänden aýal bolmaz, öwünmeýänden – är.

* * *

Bezirgen pajy bilen.

* * *

Bezirgeniň gideni bilinmez, geleni bilner.

* * *

Bezirgeniň ýoly bir bolsa-da, rysky başga.

* * *

Bäri bakan hassany, jüýjeli unaş düzeder.

* * *

Bäş barmagyň bäşisi deň däl.

* * *

Bibaş ilde bereket bolmaz.

* * *

Bidert bilen dertleşseň, syryň ýere döküler,
Dertli bilen dertleşseň, gapyrgalaň söküler.

* * *

Bidöwlet – oglumdan, döwletli – gyzym.

* * *

Bidöwletde algyň bolmasyn, bege – bergiň.

* * *

Bidöwlete bir gün sähet, iş etjege her gün sähet.

* * *

Bidöwlete Hudaý köpi bermez, azy-da ol almaz.

* * *

Bidöwleti bidöwlet ýarym gije tapar.

* * *

Bidöwleti ýagy çapsa, döwletlä habar geler.

* * *

Bidöwletiň agzy aşa ýetende burny ganar.

* * *

Bidöwletiň çagasy asmandaky Aýy dilär.

* * *

Bidöwletiň etegine gowurga guýsaň, etegi bilen sowyr.

* * *

Bidöwletiň iki gezimi bar, biri ekin-dikinde, birem ýygym-düýrümde.

* * *

Bidöwletiň ogly bolýançaň, döwletliniň guly bol.

* * *

Bidöwletiň ogul-gyzy baş-da bolsa, ýaş ýaly,
Döwletliniň ogul-gyzy ýaş-da bolsa, baş ýaly.

* * *

Bidöwletler ukuda, goç ýigitler bukuda.

* * *

Bigadyr gardaşdan aşna döw ýagşy.

* * *

Bihaýa bil baglasa, perişde ýoldan çykar.

* * *

Bihuda iş edilmesin, ötgür gylyç gädilmesin.

* * *

Bijeli oglan aglamaz.

* * *

Bikär düýşi suwa aýt.

* * *

Bikärden Taňry bizar.

* * *

Bike hem är üçin talaşar, hem tör üçin.

* * *

Bikemal ýoldaşdan taýak ýagşy.

* * *

Bikemalyň gülküsi – akmaklygyň ilkisi.

* * *

Bilbil besledik, garga çykdy.

* * *

Bilbile altyn ketek-de zyndandyr.

* * *

Bildirki gar bu ýyla galmaz.

* * *

Bilegi ýogynyň emeli köp.

* * *

Bilelikde çekilen dert ýeňil.

* * *

Bilen aýdar: «Bir obanyň başydyr!»,
Bilmez aýdar: «Nirden gelen goňşudyr?»

* * *

Bilen bilenini işlär, bilmedik barmagyny dişlär.

* * *

Bilene – dag, bilmedige – ýag.

* * *

Bilene – hikmet, bilmedige – rowaýat.

* * *

Bili agyrmazyň paltasy kütek.

* * *

Bilim bilen hikmet – altyndan gymmat.

* * *

Bilimli – ölmez, bilimsiz – gülmez.

* * *

Bilimli – uçar, bilimsiz – gaçar.

* * *

Bilmedige – bildirin, bilip etse – öldirin[1].

* * *

Bilmediginň bilegi agyrmaz.

* * *

Bilmedigini soran – alym, soramadyk özüne – zalym.

* * *

Bilmen — müň belany başdan sowar.

* * *

Bilmeseň bir aýyp, bilip amal etmeseň, iki aýyp.

* * *

Bilmez geplär gepini, döwer otyr çöpüni.

* * *

Bilmez tebip jan alar.

* * *

Bilmez ussa bek ýasar.

* * *

Bilmezlik bela däl, bilesi gelmezlik – bela.

* * *

Bilseň baş al, bilmeseň – ýaş.

---

[1] Bu nakyl sähetli we bisähet günler babatda aýdylýar.

* * *

Bilseň bileniňi et, bilmeseň, bilýäniňkini et.

* * *

Bimamla mylaýym gerek, güýji asgyn şelaýyn.

* * *

Bimaryňky timar.

* * *

Binamysa günde baýram, günde toý.

* * *

Bir – garrylykda, bir – ýaşlykda.

* * *

Bir adamyň gözi ýaman, bir adamyň – sözi.

* * *

Bir agaçda gül-de biter, tiken-de.

* * *

Bir agaçdan tokaý bolmaz, bir gülden – bahar.

* * *

Bir agdarym, bir suw.

* * *

Bir agyzdan çykan söz müň agyza ýaýylar.

* * *

Bir ajy doýurmak – haç.

* * *

Bir akmagyň guýa atan daşyny on derwüş çykaryp bilmez.

* * *

Bir ata on ogly saklar, on ogul bir atany saklap bilmez.

* * *

Bir aýal kendirigini ite aldyrar, kyrkysy akyl berer.

* * *

Bir baş – belaly baş, iki baş – maşgala.

* * *

Bir başa bir ölüm.

* * *

Bir başda kyrk ýyl baýlyk durmaz.

* * *

Bir başda ýüz hyýal, ýüz söwda.

* * *

Bir başy it hem saklar.

* * *

Bir başym bar, müň – işim.

* * *

Bir batman altynyň bolandan, bir daban ýeriň bolsun.

* * *

Bir begenen aglar, bir hem – gynanan.

* * *

Bir çyranyň daşyna, kyrk adam üýşer.

* * *

Bir doýmak – çala baýamak.

* * *

Bir elde iki garpyz tutdurmaz.

* * *

Bir eli bilen eken, iki eli bilen orar.

* * *

Bir gapsaň-da, ýag gap.

* * *

Bir gapy ýapyk bolsa-da, ýüz gapy açyk.

* * *

Bir garga bilen gyş gelmez.

* * *

Bir garlawaç ýaz etmez.

* * *

Bir garybyň köňlüni «Hoş geldiň!» awlar.

* * *

Bir gep – pent, iki gep – ant.

* * *

Bir gep az, iki gep kän.

* * *

Bir gol bilen düwün düwdürmez.

* * *

Bir gören – biliş, iki gören – tanyş,
Üç gören – garyndaş, dört gören – gardaş.

* * *

Bir göreniňi iki synama.

* * *

Bir göreniňi öwme-de, syndyrma-da.

* * *

Bir goýundan ak-da dogar, gara-da.

* * *

Bir gün agzalalyk bolan öýden kyrk günki bereket gider.

* * *

Bir gün duza – müň gün salam.

* * *

Bir gün gam gelse, çukur dolmaz.

* * *

Bir gün öň sepen, bir hepde öň orar.

* * *

Bir günki ysytma, kyrk günki kuwwatyňy alar.

* * *

Bir günlük ýola çyksaň, üç günlük azyk al.

* * *

Bir günüm – hoş günüm.

* * *

Bir günüň pidasy, müň günüň dogasy.

* * *

Bir gyraňsyz öý bolmaz, bir jarçysyz – toý.

* * *

Bir iýdigim çorba nan, goýman sende sala-san[1].

* * *

Bir keren geçiren, ýüz keren utar.

* * *

Bir kesbi bolan hor bolmaz.

* * *

Bir menzile gitmez ýüküň egrisi.

* * *

Bir nahal ekseň, ýaşyň baky.

* * *

Bir obadan däl ýaly, ýaban galan mal ýaly.

---

[1] Sala-san – bu ýerde sanda.

* * *

Bir ogul bar, atasy bilen bir zatdyr,
Bir ogul bar, atasyndan zyýatdyr.

* * *

Bir – okana, bir – dokana.

* * *

Bir okda iki towşan urdurmaz.

* * *

Bir samsyk bäş akyllyň agzyny alardar.

* * *

Bir şaýy tapsaň düwüp goý, iki şaýy tapsaň – çigip.

* * *

Bir sözle, iki diňle.

* * *

Bir sygryň peşewine, müň sygyr taýar.

* * *

Bir taýak – bagt, bir taýak – betbagt.

* * *

Bir tutam ýetmese, güýjüňden gör.

* * *

Bir ýagşydan ýaman dogdy diýse ynanma,
bir gün eder atlygyny,
Bir ýamandan ýagşy dogdy diýse ynanma,
bir gün eder itligini.

* * *

Bir ýagşylyk müň belany gaýtarar.

* * *

Bir ýamanyň zeleli, müň ýagşa deger.

* * *

Bir ýazykdan är ölmez.

* * *

Bir ýere köp barsaň, gadyryň az bolar.

* * *

Bir ýigidiň dag ýaly maly bolsa hem, nesibesinden artyk iýip bilmez.

* * *

Bir zadyň gulpundan tutduňmy, güýjüm ýok diýme.

* * *

Bir zerräniň gadyryny bilmedik, müň zerräniň gadyryny bilmez.

* * *

Bir zerrede ýalkaryn, bir zerrede gargaryn.

* * *

Bir zuwala aş bişirdim, myhmany atdan düşürdim.

* * *

Bir-ä ajy unudylmaz, bir-de – süýji.

* * *

Bir-ä at aljaga, birem aýal aljaga Alla ýeti:rmiş.

* * *

Bir-ä Hudaýdan gorkandan gork, bir hem – gorkmadykdan.

* * *

Bir-ä ir ekilen ekinden tama et, bir hem ir ýetişen – oguldan.

* * *

Bir-ä ýagşylyk unudylmaz, bir-de – ýamanlyk.

* * *

Birewiň göwni deňiz, birewiň göwni doňuz.

* * *

Biri işlär, dokuzy dişlär.

* * *

Birine hötde gelseň, ýüzüsiniň aýagy titrär.

* * *

Birinji – badym, ikinji – odum.

* * *

Birleşen güýç – güýç, birleşmedik güýç – puç.

* * *

Birleşen güýç dagy talhan eder.

* * *

Birlik bolmasa, dirilik bolmaz.

* * *

Bisabyryň maly ýiter.

* * *

Bişen miwe şahasynda durmaz.

* * *

Bişerine howlukmaz, düşerine howlugar.

* * *

Bite gahar edip, ýorganyňy oda berme.

* * *

Bitmezden bit al.

* * *

Biwagt gelen myhman oturmaga jaý tapmaz.

* * *

Biwagt gygyran horaz gazana düşer.

* * *

Biýz geýerin, düz gezerin.

* * *

Bizde dogmadyk bizde durmaz.

* * *

Bize gelen bize meňzeş.

* * *

Bizi çakmadyk ýylan ýüz ýaşasyn.

* * *

Bogazy bogmasaň, bogaz düýäni ýuwdar.

* * *

Bokurdak dar hem bolsa, garyn giňdir.

* * *

Bolan işe ökünme, akylyňa zyýan eder.

* * *

Bolandan gorkma, boljakdan gork.

* * *

Bolanyna begenme, duranyna begen.

* * *

Bolçulykda gytçylyk arama.

* * *

Bolduran hem aýal, galdyran – hem.

* * *

Boljagy bolup, boýasy siňdi.

* * *

Boljak bilen öljege çäre tapylmaz.

* * *

Boljak oglan bögünden[1] belli.

* * *

Bolsa bäş, bolmasa ýigrimi bäş.

* * *

Bolsady ekseň, käşgädi gögerer.

* * *

Boş taňňyryň sesi batly.

* * *

Boý ýetmedik ýere, öý ýeter.

* * *

Boýun tapylsa, boýunturuk tapylar.

* * *

Boýuňça boý tapylar, göwnüňçe göwün tapylmaz.

* * *

Boýy bir garyş, dili iki garyş.

* * *

Boýy uzynyň, akyly gysga.

* * *

Bozulan iş birikmez.

---

[1] Bök – gylyk-häsiýet.

* * *

Böri bar ýerde, gan bar.

* * *

Böri garrasa, itiň gülesi geler.

* * *

Böri goňşusyny iýmez.

* * *

Böri tapsa – deň ortak.

* * *

Böriniň balasy böri bolar.

* * *

Bu dünýä birewe köp, birewe az.

* * *

Bu dünýäniň behişdi ýagşy bolsa hatynyň,
Ýaman bolsa hatynyň içiňdedir tütüniň,
Ýana-ýana gidersiň, zerre galmaz bitiniň.

* * *

Bu gün göreniň ertir ýok.

* * *

Bu günki gep – ertirki günüň ýassygy.

* * *

Bu günki işiňi ertä goýma.

* * *

Bu günlügini tapan, ertirini gaýgy etmez.

* * *

Bu günüň ertesi bar.

* * *

Bu ýyl iýseň tohumy, gelen ýyl iýersiň ...

* * *

Bugartmam az bolsa-da, gägirtmäm köp bolsun.

* * *

Bugdaý bolsa, ölçeg tapylar.

* * *

Bugdaý çigi et getir, tüwi çigi dert getir.

* * *

Bugdaý daýhana: – Sen meni palçyga garsaň,
Men seni gylçyga gararyn – diýenmiş.

* * *

Bugdaý jöwene: «Men bolmasam garygyň,
kyrka ýeter ýarygyň,
Oklawa dolaşmarsyň, myhmana ýaraşmarsyň» diýenmiş.

* * *

Bugdaý nanyň bolmasa, bugdaý sözüň ýokmudy.

* * *

Bugdaý uny düýäň goltugynda-da bişer.

* * *

Bugdaý zagara[1]: «Men bolsam garygyň[2], kyrka ýeter ýarygyň» diýenmiş.

* * *

Bugdaý: «Bäş aýda bir garyş, bir aýda bäş garyş öserin» diýermiş.

* * *

Bugdaý: «Bek bolmasaň, saralamda sary öküziňi,
Gyzaramda gyzyl öküziňi iýersiň» diýenmiş.

* * *

Bugdaýy bolmadygyň, ýagdaýy bolmaz.

* * *

Bugdaýy Hakdan dile, jöweni – dersden.

* * *

Bugra alsaň – butlusyndan, sygyr alsaň – süýtlüsinden.

* * *

Bulak başdan bulanar.

* * *

Bulut bolsaň, özüňe ýag.

* * *

Bulut gökde gyşlamaz.

---

[1] Zagara – jöwen unundan bişirilen çörek.
[2] Garyk – garmak manysynda.

* * *

Bulut ýagmaz, buýruk ýagar.

* * *

Bulutdan çykan Gün ýakar, ýaşmakdan çykan – dil.

* * *

Buýurmajak aş, agyzdan gaçar.

* * *

Buz üstünde tozan arama.

– Ç –

Çaga aglamasa, enesi duýmaz.

* * *

Çaga çaltyň bir elini baglar, çamanyň – iki elini.

* * *

Çaga eziz, edebi ondanam eziz.

* * *

Çaga hökümi patyşa höküminden artykdyr.

* * *

Çaga iş buýur, yzyndan özüň ýüwür.

* * *

Çaga ýaşlygyndakyny unutmaz, kel – başyndakyny.

* * *

Çagaly aýal – gül, çagasyz aýal – dul.

* * *

Çagaly aýal – jüýjeli towuk.

* * *

Çagaly öý – bazar, çagasyz öý – mazar.

* * *

Çagaly öýde gybat bolmaz.

* * *

Çagany – ýaşdan, edebi – başdan.

* * *

Çagany pully-da etme, pulsuz-da tutma.

* * *

Çagany söýgüleseň, beti[1] gatar, uruberseň, eti gatar.

* * *

Çagany taýak bilen ursaň, ulalansoň ol seni damak bilen urar.

* * *

Çagasyz aýal – miwesiz agaç.

* * *

Çagba öňünden ýyldyrym çakar, kine aýdylyp gahar çykar.

---

[1] Bet - ýüz.

* * *

Çagyrylan myhman – gadyrdan.

* * *

Çagyrylan ýere bar irinme, çagyrylmadyk ýerde görünme.

* * *

Çagyrylan ýeriň daşy ýok.

* * *

Çagyrylmadyk myhman süpürilmedik ýerde oturar.

* * *

Çak-çak eden çagala[1], çapak[2] isläp suwda öler,
Alafa[3] islän bezirgen, alys gidip gyrda öler.

* * *

Çakmagy menden, gowy[4] senden.

* * *

Çakmak çaksaň, ot ýanar, yhlasa kuwwat gonar.

* * *

Çakylyksyz baran, soraşman gaýdar.

* * *

Çakylyksyz toýa barma, hödürsiz tagam iýme.

---

[1] Çagala – guş ady.
[2] Çapak – balygyň bir görnüşi.
[3] Alafa – olja.
[4] Gow – çakmak daşyndan ot almak üçin köne esgiden, pamykdan edilýän ýüp.

* * *

Çakyny bilmeseň, balam zähere döner.

* * *

Çal agarsa, çalyp bolmaz çelege.

* * *

Çala eşiden çatma ýykar, öte eşiden – öý.

* * *

Çala molla – din zyýany, ýaman aýal – öý zyýany.

* * *

Çalpaw aýak suw bular.

* * *

Çalt ertir, çaman öýlän, ýymsy ikindin bitir.

* * *

Çalt ýörese towsak diýer, assa ýörese – agsak.

* * *

Çaly çopan tanar, ýalňyşy – çeper.

* * *

Çalyp tutaýyn diýsem, tutabilemok,
Ýüwrüp ýeteýin diýsem, ýetebilemok.

* * *

Çaman ördek ir uçar.

* * *

Çaman-da bolsa, üsti amanja.

* * *

Çapa ýüwrük bolandan, bagtly çaman bol.

* * *

Çapak iki elden çykar.

* * *

Çapar toýnak — çapa gyzar.

* * *

Çapyp barýan atyň ýüzüne urma.

* * *

Çarşenbe gün çar ýana.

* * *

Çarwa çarwanyň yzyndan ýedi ýylda ýeter,
Daýhan daýhanyň yzyndan bir ýylda.

* * *

Çarwa gabawa bolmaz, ýaby – gykywa.

* * *

Çarwanyň – ýyl gaýgysy, serdaryň – il gaýgysy.

* * *

Çarwanyň hory bolandan, çomrynyň zory bol.

* * *

Çaryga bakma, ýürege bak.

* * *

Çarygam bir atdyr welin, içiniň jany ýokdur,
Oýlugam[1] bir öýdür welin, içiniň nany ýokdur.

* * *

Çarygy bolsa, adam ölmez, içirgi bolsa, at ýagyrlamaz.

* * *

Çatan bile çatlyşar, çatladyga daş atar.

* * *

Çatmalynyň töri özüniňki.

* * *

Çatmany çat, içinde ýat.

* * *

Çatmany çatan gursun, içinde ýatan gursun.

* * *

Çatyk öküziň arasyna düşme.

* * *

Çaýşyk ýola sygmaz, akylsyz – go:la.

---

[1] Oýluk – çopanlaryň sowukdan goranmak üçin keçeden edinýän ýapynjasy.

* * *

Çaýyň – soňy, çilimiň – öňi.

* * *

Çekeleşiksiz söwda ýok, zyýansyz – peýda.

* * *

Çekişmän – bekişmez.

* * *

Çekmedik ýüpüňden asylma.

* * *

Çekmeseň jepa, sürmersiň sapa.

* * *

Çekseň zähmet – ýagar rehnet.

* * *

Çemçe bilen aş berip, sapy bilen göz çykarma.

* * *

Çemçeläp ýygnanyňy, çanaklap dökme.

* * *

Çeniň barka çemçäňi çek.

* * *

Çeper eli çermelgi, çarwa bili çyzgalgy.

* * *

Çeperiň eli halky, şahyryň – dili.

* * *

Çeýnemeseň, nanam geçmez.

* * *

Çeýnemi ýetmän nan ýuwdulmaz, ha:latsyza han öýdülmez.

* * *

Çäge — bozar, duz — düzer.

* * *

Çäge gatasa, daş bolar.

* * *

Çäkmeniň gadyry ýagyşda bilner.

* * *

Çäresiz derde lukman neýlesin.

* * *

Çilläniň gary gitse-de, buzy gitmez.

* * *

Çille[1] gary — ýeriň gany.

* * *

Çillede suw içen üzüm hiç – haçan suwsamaz.

* * *

Çirkinçiden[2] hatyn bolmaz.

---

[1] Çille – gyş paslynyň kyrk güni.
[2] Çirkinçi – gykylykçy.

* * *

Çiş geldi – iş geldi.

* * *

Çopan adam çoka[1] bolmaz, ala garga oka gelmez.

* * *

Çopan çopany tutar, daýhan daýhany tutabilmez.

* * *

Çopan gaýda ýeser, molla — toýda.

* * *

Çopan taýagy bir goýun üçin hem göterer, müň goýun üçin hem.

* * *

Çopana meýlis haram.

* * *

Çopansyz mal bolmaz, kethudasyz – il.

* * *

Çopany köp bolsa, toklusy haram öler.

* * *

Çopany özünden bolanyň goýny tişi[2] dogar.

---

[1] Çok – köp, köpçülik, köp adamyň üýşen ýeri.
[2] Tişi – urkaçy mal.

* * *

Çopany ursaň, çakmagy galar.

* * *

Çopanyň aýagy ýetmedik ýere, taýagy ýeter.

* * *

Çopanyň ýüzi gara, kepgir tutanyň – eli.

* * *

Çorbanyň ýüzi ýagşy, palawyň — düýbi.

* * *

Çöke düşen çyrlamaz.

* * *

Çöken düýe ýer alar.

* * *

Çölde suwsuzlyk jebrini çekmedik, öýde gyzgyn nanyň gadryny bilmez.

* * *

Çölläni çemçede gandyryp bolmaz.

* * *

Çöp bol – köp bol.

* * *

Çöpe atan torgaý gutular.

* * *

Çörek berip çökerer, hörek berip kökerer.

* * *

Çörekli oglan söýmäge ýagşy.

* * *

Çüýrük merdiwan bilen tama çykylmaz.

* * *

Çüýrük tagta myh[1] tutmaz.

* * *

Çybygy ölkä bük, demri – gyzanda.

* * *

Çybygy wagtynda bükmeseň, ulalansoň bükdürmez.

* * *

Çybyk iýen çyrlar, tokmak iýen togtar.

* * *

Çybyklaýyn egilmedik, omçalaýyn döwülmez.

* * *

Çykan dagyň beýik bolsa, atan daşyň yrak düşer.

* * *

Çykan gyz – çygdan daş.

---

[1] Myh – çüý.

* * *

Çykdajy çykman, girdeji girmez.

* * *

Çykjak mala eýesi başçy.

* * *

Çykmadyk janda umyt bar.

* * *

Çymtyk[1] aş gutarar, çylpyk göz çykarar.

* * *

Çyn bagban hem alym, hem zalym.

* * *

Çyn baýlyk ýa ýer bilen, ýa-da zer bilen.

* * *

Çyn bedewler meýdanynda bellidir.

* * *

Çyn bidöwlet gara tüpeňiň yzynda.

* * *

Çyn dost bähbit gözlemez.

* * *

Çyn dost geňeşde belli, batyr – söweşde.

---

[1] Çymtyk – bu ýerde: kiçi manysynda.

* * *

Çyn ýagşynyň gahary bar, ýamany ýok.

* * *

Çyny ýalana dolama, duryny laýa bulama.

* * *

Çyra saýasyny bilmez, gazan – garasyny.

* * *

Çyraň yşygy düýbüne düşmez.

* * *

Çyrçykla çyban uçrar.

– D –

Dag açylsa, gyr açylar, düz açylar.

* * *

Dag başy dumansyz bolmaz, är başy – hyýalsyz.

* * *

Dag başyna gyş düşmän bolmaz, ýigit başyna – iş.

* * *

Dag bizlik – jeren bizlik.

* * *

Dag daga sataşmaz, adam adama sataşar.

* * *

Dag deresiz bolmaz, il – ogrusyz.

* * *

Dag garrasa, daş bolar.

* * *

Dag görki – daş, agyz görki – diş.

* * *

Dag görki – daş, baş görki – saç.

* * *

Dag näçe beýigem bolsa, il üstünden ýol salar.

* * *

Dag sapasyz bolmaz, gözel – wepasyz.

* * *

Dag ýeri – duman, ýurt ýeri – çemen.

* * *

Daga çyksaň hem, dabanyňy gözläp gez.

* * *

Dagda öseniň bagry sowuk.

* * *

Dagdan arkasy bolanyň, daşdan ýüregi bolar.

* * *

Dagdan duman sowular, ärden – emgek[1] aýrylar.

* * *

Dagdanly taýmaz, taýsa-da gaýmaz.

* * *

Daglar başy garly-da bolar, garsyz-da bolar,
Ýigit jany sag bolsa, barly-da bolar, barsyz-da.

* * *

Dagly gelin bagly gelni kowar.

* * *

Dagy beýik diýme, yhlas etseň çykarsyň,
Duşmany güýçli diýme, gaýrat etseň ýykarsyň.

* * *

Dagy ýagyň bolmasa, babadaşyň ýokmudy?

* * *

Dagy-daşy ýel bozar, adam arasyny – dil.

* * *

Damaryna görä, gan al.

* * *

Damja suwdan tal çykar.

---

[1] Emgek – jebir, sütem, azap, kynçylyk.

* * *

Daň ýeri agaranda, ogrynyň gözi garalar.

* * *

Dana duşmandan gorkma, akmak dostdan gork.

* * *

Daňlak gyzarsa, daňa ýetmän ýagyn.

* * *

Dannan dala uçrar, iki gözi – köre.

* * *

Dannan gyz ärsiz galar.

* * *

Dar ýaýlymdan giň çukur.

* * *

Dar ýerde nahar iýenden, giň ýerde taýak iý.

* * *

Daragt bir ýerde kemal tapar.

* * *

Daraýy, seni geýer her aýy.

* * *

Dart – üzme, it – ýykma.

* * *

Darysy – başyna, hynasy – gaşyna.

* * *

Daş – degene belli, ýol – ýöräne.

* * *

Daş bilen urany – aş bilen ur.

* * *

Daş düşen ýerine agyr.

* * *

Daş hem bir ýerde köp ýatsa, moh baglar.

* * *

Daşa dalaw[1] ýokmaz.

* * *

Daşa ýagmyr ýagsa-da, ot bitmez.

* * *

Daşy – jäjek, içi – möjek.

* * *

Daşy ýaldyrar, içi galdyrar.

* * *

Daşyndan görmäge akmak-da bir adam.

* * *

Datsyz nahara duz kär etmez.

---

[1] Dalaw – zyýan, zeper.

* * *

Dawagäriň aýal bolmasyn.

* * *

Dawasyny bilmez, şaýat agtarar.

* * *

Daýhan – kyrk ýylda, tüçjar – kyrk günde.

* * *

Daýhan bolsaň başynda bol, aşna bolsaň – gaşynda.

* * *

Daýhan ekini söýer, ekin – salkyny.

* * *

Daýhan garda dynar, çopan – görde.

* * *

Daýhan mert – ýer jomart.

* * *

Daýhançylygyň köpi aç goýar, çarwaçylygyň – azy.

* * *

Daýhandan hereket – ýerden bereket.

* * *

Daýyly oglan dartyk, ülüşli paýy artyk.

* * *

Daýym, ýedi ýerinden gaýym.

* * *

Daz-da darakly boldy, ol-da gerekli boldy.

* * *

Degimsize degim degse, gündiziň güni çyra ýakar.

* * *

Degimsize degim degse, ýylda geçisini iki gyrkar.

* * *

Degirmen gezegini geçiren, günajy galar,
Suw nobatyny geçiren, ýylajy galar.

* * *

Degmegin gul atama, degerin beg ataňa.

* * *

Degre-daşym ot alsyn, ojakbaşym sag bolsun.

* * *

Dek adam dynç uklar.

* * *

Dek gezen dok gezer, telek gezen taýak iýer.

* * *

Dek kişi däli bolmaz.

* * *

Dek oturan başyňy depirjek äre berme.

* * *

Demir kesseň gysga kes, süýse bolar,
Agaç kesseň uzyn kes, kesse bolar.

* * *

Demirçiniň ömri «tak-tak!» bilen geçer,
Leglegiň ömri – «lak-lak!» bilen.

* * *

Demiri nem posladar, ynsany – gam.

* * *

Deň etmän, duş etmez.

* * *

Deňinden galan deňňenä ýaramaz.

* * *

Deňizde balyk söwdasy bolmaz.

* * *

Deňleşen depe aşmaz.

* * *

Deňňenä deň şärik.

* * *

Depä çyk-da seret, haýsy tarap köp bolsa, sen hem şoňa.

* * *

Depe özün dag saýar, garamyk özün bag saýar.

* * *

Depegenden daşyrak.

* * *

Depme gapymy, deperler gapyňy.

* * *

Der astynda dert galmaz.

* * *

Der dökseň, dür döküler.

* * *

Deräniň – ýolsuzyndan, ýigidiň – arsyzyndan.

* * *

Derdi bolan derman arar.

* * *

Derdi bolan köp sözlär.

* * *

Derdi çeken biler.

* * *

Derdiňi dert bilene sözle.

* * *

Derdini gizlän, dermanyny tapmaz.

* * *

Deri ýagy bilen deri eýlenmez.

* * *

Dert – agladar, yşk – sözleder.

* * *

Dert batmanlap girer, mysgallap çykar.

* * *

Dert beren Alla, dermanyny-da berer.

* * *

Dert ýamany – sanjy, gep ýamany – ynjy.

* * *

Dertli bilen dertleşseň, bar derdiňi paýlaşar,
Bidert bilen dertleşseň – dert üstüne dert goşar.

* * *

Dertli dertliniň derdini gozgar.

* * *

Dertli diýegen bolar, gamly – ýatagan.

* * *

Dertli gutuljak bolsa, tebibi duş geler.

* * *

Derýa – daşanda, baý – joşanda.

* * *

Derýa aş bolsa-da, garyba galam[1] tapylmaz.

---

[1] Galam – çemçe.

* * *

Derýa suwdan doýmaz, adam – ömürden.

* * *

Derýadan suw ýetmez, dagdan – kölege.

* * *

Derýanyň kenaryndan çeşme gazylmaz.

* * *

Dälä däli diýseň, arpa boýy öser.

* * *

Dälä ýel ber, eline pil ber.

* * *

Däli däliden hoşlanar, ymam – ölüden.

* * *

Däli dälini söýer, molla – ölüni.

* * *

Däli gaçsa-da, öýi gaçmaz.

* * *

Däli gözünden tanalar, serhoş – sözünden.

* * *

Däli öz öýüne myhman.

* * *

Däli özüne bat biýr, ýygan odunyna ot biýr.

* * *

Däli toýa bolmaz, gezegen – indege.

* * *

Däliden dogry habar.

* * *

Dälini bukaw dyýmaz[1].

* * *

Dälini taýak ýola getirer.

* * *

Däliniň gazanany bezenenine ýetmez.

* * *

Däliniň özi aýdar, özi goýar.

* * *

Didara doýma ýok, mähre – ganma.

* * *

Dil – akylyň açary.

* * *

Dil – bela, diş – gala.

* * *

Dil – gybatda, gulak – tamda.

---

[1] Bukaw dyýmaz – gandal ýola getirer.

* * *

Dil – gylyçdan ýiti.

* * *

Dil – maýa, dil – zaýa.

* * *

Dil – ýüregiň açary.

* * *

Dil akyldan ozup ýöremez.

* * *

Dil bar – bal getirer, dil bar – bela getirer.

* * *

Dil bar – düzer, dil bar – bozar.

* * *

Dil bilen bolan zor bilen bolmaz.

* * *

Dil bilen dana, dil bilmeýän diwana.

* * *

Dil bilen degirmen tartma.

* * *

Dil bilen dünýäni gezer.

* * *

Dil bilen nöker – bal bilen şeker,
Dil bilmez nöker – abraýyňy döker.

* * *

Dil bilen orak orsaň, bil agyrmaz.

* * *

Dil bilenler galadyr, dil bilmezler – beladyr.

* * *

Dil bir beladyr – uçyr, göz bir derýadyr – geçir.

* * *

Dil bir öl ýere biten zat, nämäni diýmez.

* * *

Dil bir süňksiz et, ýagşyny hem diýer, ýamany – hem.

* * *

Dil düwnüni diş çözmez.

* * *

Dil görki – söz, ýüz görki – göz.

* * *

Dil ýaňylar, dogrusyny diýer.

* * *

Dil ýüwrügi başa deger, at ýüwrügi – daşa.

* * *

Dilde ygtyýary ýoguň, ilde ähtibary ýok.

* * *

Dilden gelen elden gelmez.

* * *

Dile diş gala, göze – gaş.

* * *

Dile geldi – bile geldi.

* * *

Dilegçiň torbasy dolmaz.

* * *

Dilegiň kişide bolsa, kilidini asmandan gözle.

* * *

Dilenen dyza ýetmez.

* * *

Dilewar ýoldaş – ýoluň ýarpysy.

* * *

Dili – uzynyň, ömri – uzyn.

* * *

Dili bar ile düşer, aty bar – ýola.

* * *

Dili gyzanda aýdar, ýüzi gyzanda ýaşyrar.

* * *

Dili kelte – salamat, dili uzyn – melamat.

* * *

Dili ötgür adam märekäniň öňünde daýanar.

* * *

Dili süýjiniň dosty köp.

* * *

Dili uzyn bolanyň agzy ýapyk galmaz.

* * *

Dili ýamanyň, güni-de ýaman.

* * *

Diliň hapa bolsa, depe saçyň dim-dik.

* * *

Diliň oňurgasy ýok.

* * *

Dilini saklan başyny gutarar.

* * *

Dilmaç öz jogabyny özi tapar.

* * *

Dinden çyksaň çyk, ilden çykma.

* * *

Diri baş galada gerek, öli baş – görde.

* * *

Diri bolup sanda däl, öli bolup – görde.

* * *

Dirilikde bolmadygyň sapasy,
Ölende-de bolmaz onuň jepasy.

* * *

Diş agyrydan adam ölmez, soramaga hiç kim gelmez.

* * *

Diş dişe degenden, diş daşa degsin.

* * *

Dişiň agyrsa – çek gutul, goňşyň azar berse – göç gutul.

* * *

Dişsiz agyz – daşsyz degirmen.

* * *

Doga – mewjiz[1], adam – ejiz.

* * *

Doga çykan gulakdan, soňra çykan şah uzyn.

* * *

Doga käriň kazy bolsa, dadyňa Alla ýetişsin.

* * *

Dogan – dogralan guýruk.

---

[1] Mewjiz – güýçli.

* * *

Dogan – donumyň daşy, perzent – ýüregmiň başy.

* * *

Dogan aý – dogralan ýag.

* * *

Dogan bile dogan tapyşar, ýada bela ýokuşar.

* * *

Dogan bilen guda boldum, doganlykdan jyda boldum.

* * *

Dogan bilen söwdalaşma, dost bilen at goşma.

* * *

Dogan bolsaň, dogryňy aýt.

* * *

Dogan dogana – galadyr, gadyryny bilmese – beladyr.

* * *

Dogan dogana tabşyrylar ýa-da bile ýabşyrylar.

* * *

Dogana toba ýok, ýamana – oba.

* * *

Dogandan dodak ýakyn.

* * *

Doganoglan doga ýat, ondan önen öte ýat.

* * *

Dogansyz oňsa bolar, goňşusyz oňup bolmaz.

* * *

Doganym – doly çuwalym.

* * *

Dogmadykdan dogan bolmaz, dogramçadan – ýag.

* * *

Dogra dogry diýmeseň, mamlany nätjek.

* * *

Dogry agaç ýerde ýatmaz.

* * *

Dogry dost kinesiz bolar, bolşuňy ýüzüňe diýer.

* * *

Dogry gelen keýigiň iki gözünden başga aýby ýok.

* * *

Dogry giden dolanar.

* * *

Dogry söz – ajy bolar.

* * *

Dogry söz – daşy deşer.

* * *

Dogry sözliň dosty ýok.

* * *

Dogryňy aýt, rahat ýat.

* * *

Dok çaýkanman, aç doýmaz!

* * *

Dok diýip, tilkä barma, aç-da bolsa gurda bar.

* * *

Dokabilmez – garyşlar, egrebilmez – gulaçlar.

* * *

Dokluk belasyndan Allaň özi gorasyn.

* * *

Dokmany dokana ber.

* * *

Dökülen çanak dolmaz.

* * *

Dokuň açdan habary ýok.

* * *

Dökün bolmasa, ekin bolmaz.

* * *

Dokuz at bir gazyga baglanmaz.

* * *

Dokuz aýal oturar, dograna agram düşer.

* * *

Dokuz düşekli bala, gury ýerde jan berer.

* * *

Dokuz gatly dondan, bir toklynyň derisi ýagşy.

* * *

Dokuzy geçen gyz durmaz, öýleden soň – gün.

* * *

Doly tüpeňden bir adam gorkar, boş tüpeňden – iki adam.

* * *

Dolym[1] doldy, göwnüm doldy.

* * *

Domalan[2] iýen et islemez, eşek münen – at.

* * *

Don biçerler ýeňli-ýanly, dost tutarlar öňli-soňly.

* * *

Don tapmak – asan, dost tapmak – müşgil.

* * *

Donsuzyň dogany ýok, malsyzyň – dosty.

* * *

Donumyň syny goňşymyňky.

---

[1] Doly – harazyň däne guýulýany.
[2] Domalan – kömelek pisintli iýmit.

* * *

Doňuz ak donlyny bellär.

* * *

Doňuz garadan gaçar, aýal – akdan.

* * *

Doňuz kowalasa – inişe gaç, düýe kowalasa – kötele, ýylan kowalasa – ýanbaşlap.

* * *

Doňuz ölse-de, hor-hory ýatmaz.

* * *

Doňzy batgada bas.

* * *

Dost – dost, mamla – rast.

* * *

Dost arasyny söz bozar, ýer-ýurdy – suw.

* * *

Dost atan daşy baş ýarmaz.

* * *

Dost başa gözlär, duşman – aýaga.

* * *

Dost başyňa iş düşende tanalar.

* * *

Dost geňeşde belli, semiz – ýörişde.

* * *

Dosta bereniňi – sorama,
Goňşa bereniňi – dileme.

* * *

Dostdan sözüň gizleme.

* * *

Dostuň – ýüzüňe, duşmanyň – yzyňa.

* * *

Dostuň dost bolsun, hasabyň – dürs.

* * *

Dostuňa syryňy berme, onuňam özge dosty bar.

* * *

Dostuňy saklama – nepden galmasyn,
Duşmanyň saklama – syryň bilmesin.

* * *

Dosty duşman okunan, säher wagty kakynan.

* * *

Doýan ýeriňde doklugyňy siňdirme.

* * *

Döwletlä ýanaşsaň, döwlet ýokuşar,
Bidöwlete ýanaşsaň – mähnet.

* * *

Döwletli – aş üstüne, bidöwlet – käýiş üstüne.

* * *

Döwletli ogul – ojagyň gory.

* * *

Döwletli ýap gazar, bidöwlet bent beklär.

* * *

Döwletliden döwlet ýokar, bidöwletden – mähnet.

* * *

Döwletlilik – agzybirlik, bidöwletlik – agzalalyk.

* * *

Döwletliniň iti ýatmaz.

* * *

Döwletliniň çagasy säher turar – heň eder,
Bidöwletiň çagasy säher turar – jeň eder.

* * *

Döwletliniň ýerinden ýap geçer,
Bidöwletiň ýerinden – ýol.

* * *

Döwük çemçe aş döker.

* * *

Döwük gapda suw durmaz.

* * *

Döwülmezi ussa ýasamaz, ölmezi – Taňry.

* * *

Döwür bir är başyna geler, bir hem – ýer başyna.

* * *

Dözerimiň ýanynda, dözmezim bar.

* * *

Dulda oturan gelinden gork, çölde gezen – çopandan.

* * *

Durna – gökde, duzak – ýerde.

* * *

Durna geçdi, duluňy ýap, gaz geçdi – gapyňy.

* * *

Durup-durup iýmäge, durum bagy çydamaz.

* * *

Duşman näme diýmez, düýşe näme girmez.

* * *

Duşman seni tanamanka, sen duşmany tana.

* * *

Duşmana ölüm dileýänçäň, özüňe ömür dile.

* * *

Duşmandan aman diläniňden, Alladan iman dile.

* * *

Duşmandan dönük ýaman.

* * *

Duşmany gaçyryp kowma.

* * *

Duşmanyň berimine seretme.

* * *

Duşmanyň duşmany seniň dostuň.

* * *

Duşmanyň gülenine ynanma.

* * *

Duşmanyň öwgüsine ynanma.

* * *

Duşmanyň peşe bolsa, pilçe gör.

* * *

Duşmanyň tilki bolsa, gapanyň gurulgy bolsun.

* * *

Duz bilen gyza gytlyk düşmez.

* * *

Düz boldy ok, egri boldy ýaý.

* * *

Duz-çörekden şeýtan gaçar.

* * *

Duzluga düşen duz bolar.

* * *

Dünýä bir merduwandyr, biri müner, biri düşer.

* * *

Dünýä maly dünýäde galar.

* * *

Dünýä tükener – ýalan tükenmez.

* * *

Dünýäde iň ajy zat hem – dil, iň süýji zat hem – dil.

* * *

Dünýäni nä jüre tutsaň hem geçer.

* * *

Dünýäni sil alsa, ördege ne gam.

* * *

Dünýäni suw alsa, guba gazyň döşünden.

* * *

Dünýäni tutan ýok, açlykdan – ölen.

* * *

Düýä haýt diýmek medet.

* * *

Düýä münüp yranmadym, äre baryp gönenmedim.

* * *

Düýä şor ýandak gerek bolsa, boýnuny uzadar.

* * *

Düýäm bar – dünýäm bar.

* * *

Düýäň dabany uly, atyň – ady.

* * *

Düýäň haýsy tarapa gidenini gumalagy aýdar.

* * *

Düýäni yzyndan tanarlar, adamy – lakamyndan.

* * *

Düýäniň guýrugynyň ýere ýetenini kim görüpdir?

* * *

Düýbüni iýen bir gün iýer, gülüni iýen – müň gün.

* * *

Düýe düz diýip geçer, ýigit – gyz diýip.

* * *

Düýe boýnunyň egrisini bilmez, ýylana egri diýer.

* * *

Düýe çökerip, çemmer işme.

* * *

Düýe garrasa, botasyna[1] eýerer.

* * *

Düýe görmesek hem, gumalagyny görüpdik.

* * *

Düýe gyrda bolsa-da, gözi şorda bolar.

* * *

Düýe hança bolsa, ýagyry şonça.

* * *

Düýe menziline garar, eşek – aýagynyň astyna.

* * *

Düýe näçe arryk hem bolsa, hamy bir eşege ýük.

* * *

Düýe ogurlan, düýe boýy çukur gazar.

* * *

Düýe ýaly boýuň bolandan, düwme ýaly akylyň bolsun.

* * *

Düýede howut bolmasa, Soltan Weýis neýlesin?

* * *

Düýeden uly pil bar.

---

[1] Bota – köşek.

* * *

Düýpdäki bilen bolynçaň, gapydaky bilen bol.

* * *

Düýpsüz çelege suw guýma.

* * *

Düz ýoldan giden ýorulmaz.

* * *

Düzde gezen mysapyr, zyýat iýen kapyr.

* * *

Düzüleniň – bilbili, bozulanyň – baýguşy.

– E –

Edebi kimden öwrendiň, biýedepden.

* * *

Edebiň ýagşysy salam bereni

Ýakynlyk ýagşysy baryp-geleni.

* * *

Eden işi görünmez, gören düýşi ýorulmaz.

* * *

Eden işini ozdurmaz, oturan ýerini gyzdyrmaz.

* * *

Edeni bergi, göreni görgi.

* * *

Edeniň alnyňa geler.

* * *

Edep başy — dil.

* * *

Edep –bergidir, bermedige – görgüdir.

* * *

Edep bilen bagt tapylar, sabyr bilen – tagt.

* * *

Edepli ile ýarar.

* * *

Ederini bilmeze, ýagy ne hajat.

* * *

Edip beren ýeňňemden, edep beren ýeňňem.

* * *

Egil-egil diýlende dag eglipdir.

* * *

Egilene egil — maňlaýyň ýere degýänçä,
Gaýşarana gaýşar – ýeňsäň ýere degýänçä.

* * *

Egilmedige bükülme.

* * *

Egilmez agajy egjek bolma.

* * *

Eglen başy gylyç kesmez.

* * *

Eglenenden tama et.

* * *

Eglenmez gonagyň gideni ýagşy.

* * *

Egri – azar, dogry – ozar.

* * *

Egri agaç ýarsgynyna gider.

* * *

Egri agaç ýaýymdyr, her görenim daýymdyr.

* * *

Egri ärden dogry güjük ýagşy.

* * *

Egri gazygy egri tokmak bilen kakarlar.

* * *

Egri kesewi el köýdürmez.

* * *

Egri otur-da, dogry sözle.

* * *

Egri ýük ýolda ýiter, dogry ýük menzile ýeter.

* * *

Egri-de bolsa ýol ýagşy, garry-da bolsa – gyz.

* * *

Egrini il düzeder, küýküni – gör.

* * *

Ejem eli ak pamyk.

* * *

Ejesi öweýiň kakasy hem öweý.

* * *

Ejesi ýoguň – daýysy ýok.

* * *

Ekdim-dikdim sarymsak, haýryn gördi gurrumsak.

* * *

Ekejim elekli boldy, elegi dilekli boldy.

* * *

Eken harman eder, ekmedik – arman.

* * *

Ekende ekmedik, oranda aglar.

* * *

Ekgende ýok, dikgende ýok, harmanda häzir hoja.

* * *

Ekilmedik ýerde gögerme.

* * *

Ekin ekip çil çekmedik, nanyň gadyryny näbilsin.

* * *

Ekin meýdanynda yzy bolmadygyň harmanda ýüzi bolmaz.

* * *

Ekin şärigi bolmasaň, öwme-de, syndyrma-da.

* * *

Ekiniň hemdemi suw, ýeriň – melhemi.

* * *

Eklenip bilmeseň, aýal al.

* * *

Eklenjiň yzyndan diňe halallyk ýeter.

* * *

Ekseň – orarsyň, berseň – alarsyň.

* * *

El — aýak, çemçe — taýak.

* * *

El — batyr, göz — gorkak.

* * *

El bilen eden işiň aýby ýok.

* * *

El degmese, elli ýyl ýatar.

* * *

El döwüler egri bitmek üçin.

* * *

El döwülse ýeň içinde, kelle ýarylsa – telpek.

* * *

El – elden üstün.

* * *

El egrisi özüňe.

* * *

El ele bakar, şerigat – dile.

* * *

El eli ýuwar, iki el birigip – ýüzi.

* * *

El görenine amal eder.

* * *

El görki – hünär.

* * *

El hümmeti bile, guş – ganaty.

* * *

El hünäri il gezer.

* * *

El içe büküler.

* * *

El – meniňki, etek – seniňki.

* * *

El mert bolar, göz – namart.

* * *

Elden giden ele gelmez.

* * *

Eli asylly, kisesi pully.

* * *

Eli bilen beren aýagy bilen ýortar.

* * *

Eli bilen eden egni bilen çeker.

* * *

Eli gyzmadygyň – gözi gyzar.

* * *

Eli işläniň, agzy dişlär.

* * *

Eli meňli işe ýakyn, agzy meňli – aşa.

* * *

Eli meňli işeňňir.

* * *

Eli uzynyň dili uzyn.

* * *

Elim işli bolandan, bagtym güýçli bolsun.

* * *

Elimden çykan, egnime ýarar.

* * *

Elin bişmedik aş, ýa garyn agyrdar – ýa baş.

* * *

Eliň ýag bolsa, başyňa çal.

* * *

Eliňden erkiňi aldyrma, ýüzüňden – görküňi.

* * *

Elinden gelen gül eýlär, elinden gelmedik ne eýlär?

* * *

Elkin ýatan ynjalmaz.

* * *

Elli boldy, belli boldy.

* * *

Elli gepden – belli gep.

* * *

Ellide il täzelener, kyrkda – gazan.

* * *

Emel ýetse nadana, özüni urar her ýana.

* * *

Emeliň seresi – güýç.

* * *

Emenjeklige-de kuwwat gerek.

* * *

Emgek göz bilen gaşyň arasynda.

* * *

Enäniň göwni – balada, balanyň göwni – dalada.

* * *

Enäniň ilkisi bolanyňdan, daglaryň tilkisi bol.

* * *

Enäniň mährem zor, gaharam.

* * *

Endişe gazan gaýnatmaz.

* * *

Ene – Käbe, ata – Kybla.

* * *

Ene eli – em, dili – melhem.

* * *

Ene gezer, gyz gezer, garyp öýün kim düzer.

* * *

Ene sözüni ýaşlykda tut, ata sözüni – başlykda.

* * *

Eneçe gyz dogmaz, ataça – ogul.

* * *

Eneden hiç kim köýnekli dogmandyr.

* * *

Enem öldi – darajygy maňa galdy!

* * *

Enem-atam bolsa bolsun, agzy-burny bolmasyn.

* * *

Enemde bolandan, aýamda bolsun.

* * *

Enemi gören mähriban, atamy gören gadyrdan.

* * *

Enemiň äri bar, menden ne habary bar.

* * *

Enemisiň – ýanamysyň.

* * *

Eneň ölse-de, diňip-diňip agla.

* * *

Enesi öwen gyzdan gaç, ýeňňesi öwene gujak aç.

* * *

Enesini gör-de gyzyny al, gyrasyny gör-de – biýzini.

* * *

Enesini sekize satar, guzusyny dokuza alar.

* * *

Enesiz gelin ýuwaş, eneli gelin bibaş.

* * *

Enesiz günde ýetim, atasyz – toýda.

* * *

Enesiz gyz – bibi, atasyz ogul – beg.

* * *

Erbet baksaň, diriň[1] bolmaz, gowy baksaň – deriň.

* * *

Ergeneksiz eklenen, terbiýesiz saklanan.

* * *

Erişine görä argajy, ýüpüne görä sarmajy.

* * *

Erjeşikden är öler.

---

[1] Diriň – mal keseli.

* * *

Erk – merk.

* * *

Erkeç eti em bolar, geçi eti – ýel.

* * *

Erkek damaklysy öý diker, aýal damaklysy öý ýykar.

* * *

Erkek daşdan getirer, aýal – içden.

* * *

Erkek demirdir, aýal kömürdir – ahyry ereder.

* * *

Erkek doganyňy görüp gaýdarsyň,

Aýal doganyňa berip gaýdarsyň.

* * *

Erkek ýoldaşyndan belli, aýal boýdaşyndan.

* * *

Erkekden galan nahar aýal üçin teperrik.

* * *

Erkine goýsaň hojany, ýatyp içer köjäni.

* * *

Ermek[1] etseň birlik et, bir Allaga gulluk et.

* * *

Ernegen[2] ile sygmaz, ony hiç kim söýmez.

* * *

Ernegeni är almaz.

* * *

Ernegeniň agzyny it ýalar.

* * *

Ernegeniň ertesi köp.

* * *

Ernegeniň goly gysga, erinmedigiň – ýoly.

* * *

Erňewe[3] iş buýursaň, ol özüňe akyl biýr.

* * *

Ertir naharyňy ataň bolsa-da berme,
Günorta naharyňy dostuň bilen iý,
Agşam naharyňy duşmanyňa ber.

* * *

Ertire galan beladan gorkma.

---

[1] Ermek – güýmenje.
[2] Ernegen – ýalta.
[3] Erňew – ýalta.

* * *

Ertiriň gurdy, öýläniň tilkisi.

* * *

Ertirki guýrukdan, şu günki öýken.

* * *

Essi[1] bar ilden çykmaz.

* * *

Essi giden gam ýygar.

* * *

Essiň barka, etegiňi ýap.

* * *

Eşege görä duşagy.

* * *

Eşege münmek bir aýyp, düşmek iki aýyp.

* * *

Eşegi batga batan iki esse jan çeker.

* * *

Eşegi palan saklar, dünýäni – ýalan.

* * *

Eşegi ýüke çek, eşek etmese, ýüki – eşege.

---

[1] Essi – ýagdaýy, haly, aňy.

* * *

Eşegiň gulagyna «ýasyn» okan ýaly.

* * *

Eşegiň sürtegi[1] gursun, öküziň gürtegi[2].

* * *

Eşegiň ýanynda saklanan at guýrugyny bular.

* * *

Eşegiň ýüki ýeňil bolsa sojar.

* * *

Eşek – işlär, at – iýer.

* * *

Eşek aňňyrar, il örüzer.

* * *

Eşek aňňyrar, taýyny tapar.

* * *

Eşek bara sanalsa-da, mala sanalmaz.

* * *

Eşek eşekden galsa, gulagynam kes, guýrugynam.

* * *

Eşek garybyň elinde göç bolanda, pile meňzär.

---

[1] Sürtek – büdüregen.
[2] Gürtek – süsek.

* * *

Eşek kürresini küle getir, ýaby ýapagasyny[1] – çöle.

* * *

Eşek monjugyndan hakyk bolmaz.

* * *

Eşek müneniň aýagy dek durmaz, gäwüşäniň – gulagy.

* * *

Eşek öz deňini gaşar.

* * *

Eşek semrese, eýesini deper.

* * *

Eşek ýanyna at daňsaň, reňki däl, gylygy urar.

* * *

Eşiden deň bolmaz, gören göz bilen.

* * *

Eşiden görene habar berer.

* * *

Eşiden gulak gören göze jort atar.

* * *

Eşiden gulakda ýazyk ýok.

---

[1] Ýapaga – taý.

* * *

Eşitmez diýip gybat etme, bilmez diýip – ogurlyk.

* * *

Et bilen ýary, iýmek bilen diri.

* * *

Et dogran et iýer, gawun dogran – löt.

* * *

Et ganly gerek, ýigit – janly.

* * *

Et ýarkasyz bolmaz, toý – öýkesiz.

* * *

Etekde ýerim bar diýme, çölde – malym.

* * *

Etseň kine – ýetirer kyna.

* * *

Eýer degenini eýesi bilmez, at biler,
Aga-ininiň azanyny özleri bilmez, ýat biler.

* * *

Eýesi dözse, düýesi göterer.

* * *

Eýesi söýen maly alma, enesi söýen – gyzy.

* * *

Eýesine gerek bolsa, goňşusyna haram.

* * *

Eýesini sylan itine süýek atar.

* * *

Eýesini sylasaň, itini urma.

* * *

Eýesiz eşegi gurt iýer.

* * *

Eýesiz maly il alar, il almasa – ýel.

* * *

Eýesiz malyň eýesi köp.

* * *

Ezelden ýazylmasa, gul başyna kaza gelmez.

* * *

Ezilen ýagyşdan gorkmaz.

– Ä –

Ädigiň dar bolsa, dünýäniň giňliginden ne peýda.

* * *

Ädikçiden gulaç boýy gaç, demirçiden – golça boýy.

* * *

Ädikçiniň ädigi bitmez.

* * *

Ädim-ädimden ýol bolar.

* * *

Ähli gözeli söýüp bolmaz, ähli datlyny – iýip.

* * *

Älem içre adam gezmez, at gezer.

* * *

Aňlamaza öwüt berseň, gulagynyň duşundan.

* * *

Älemiň gyragy bolmaz, ylmyň – çägi.

* * *

Är adyny hatyn çykarar, hatyn adyny – odun.

* * *

Är akmagy toý bozar, aýal akmagy – öý.

* * *

Är alany il alar, är almadygy – sil.

* * *

Är-aýal uruşar, akmak arasyna düşer.

* * *

Är-aýalyň uruşy – ýaz gününiň ýagyşy.

* * *

Är aýtmaz, aýdan soň gaýtmaz.

* * *

Är başy gowgaly gerek.

* * *

Är bereketinden – ýer bereketi.

* * *

Är dogan ýerini küýsär, it – doýan ýerini.

* * *

Är dogra – ýol dogra.

* * *

Är dogulsa iliň bagty, ýagyş ýagsa – ýeriň.

* * *

Är gadyryny är biler, zer gadyryny – zergär.

* * *

Är garrar – heňňam garramaz.

* * *

Är garrasa erkden galar, aýal garrasa – görkden.

* * *

Är gazanjy gapyrga, syryp-syryp süpürge,
Ogul gazanjy oňurga, agzyň-burnuň gemirge.

* * *

Är geňeşi gursagynda garrar, gyrnak geňeşi – ýanynda.

* * *

Är gezse ryzky açylar, aýal gezse – aýyby.

* * *

Är hereketi – ýer bereketi.

* * *

Är maly ýere girmän, är baýamaz.

* * *

Är malyna dözmese, ady çykmaz.

* * *

Är namysy – il namysy.

* * *

Är öler, ady galar, kerwen geçer – ody.

* * *

Är ölmän, är döremez.

* * *

Är öwüner gural işlär.

* * *

Är öwüner, gural işlär, tilki öwüner, süren işlär.

* * *

Är öýde dogular, söweşde öler.

* * *

Är sylanan ýerde hormatly.

* * *

Är güýji syrynda, söz güýji çynynda.

* * *

Är toplar – aýal saklar.

* * *

Är törde synly, aýal – görde.

* * *

Är ýagşysy goş tapar.

* * *

Är ýagşysy ile geňeşer, aýal ýagşysy – äre.

* * *

Är ýaňylyp gola düşer, guş ýaňylyp – tora.

* * *

Är ýigide iki namys – bir ölüm.

* * *

Är ýigit il aýbyny açmaz.

* * *

Är ýüzünden garrar, it – gözünden.

* * *

Ärde gaýrat bolsa, işi kyn bolmaz.

* * *

Ärden aýrylsaň-da, ilden aýrylma.

* * *

Äre bakdym – ýere bakdym.

* * *

Äre bardym är meniňki, gapydan girdim tör meniňki.

* * *

Äre – gaýrat, Taňra – gudrat.

* * *

Äri är bolanyň aýaly şir bolar,
Äri är bolmadygyň aýaly gara ýer bolar.

* * *

Ärim är bolsa, çöregim dulda.

* * *

Ärim är bolsun, ädigi bile depsin.

* * *

«Ärim urmaz» diýme, oglanym – siýmez.

* * *

Äriň agyryny, ýeňilini at biler.

* * *

Äriň ärligini bilmedik, Taňrynyň birligini bilmez.

* * *

Ärlikde horluk ýok.

* * *

Ärsiz aýal – uýansyz at.

* * *

Ätiýaç ýigidiň ýaraşygy.

* * *

Ätiýaçly ogluň enesi aglamaz.

* * *

Äwmek – şeýtandan, sabyr – Rahmandan.

– G –

Gabahat samyr derisi bolsa-da, hiç kim arkasyna almaz.

* * *

Gaçana-da bir aman ber.

* * *

Gaçany kowmazlar, ýykylany urmazlar.

* * *

Gadaganda gymmat artar.

* * *

Gadyr gaýyn bilen giýewde.

* * *

Gadyr gijesinde doglan gadyrsyz galmaz.

* * *

Gadyry bara Ýemenden sowgat geler.

* * *

Gadyry başganyň garşylanyşy başga.

* * *

Gahar – garradar, gülki – ýigdelder.

* * *

Gahar – iniden, bagyşlamak – agadan.

* * *

Gahar – şeýtan.

* * *

Gahar – gaçar, öýke – öçer.

* * *

Gahar geler – ýüz saralar, gahar gider – ýüz garalar.

* * *

Gahar öňden ýörär, akyl – yzdan.

* * *

Gaharjaň tiz garrar.

* * *

Gaharyň emi sabyr.

* * *

Gaharyny ýuwdan batyr.

* * *

Gala içinden alnar.

* * *

Galam gylyçdan ýitidir.

* * *

Galam tutan dilenmez.

* * *

Galamyň ýazanyny gylyç bozup bilmez.

* * *

Galan işe gar ýagar.

* * *

Gallaly öý – Allaly öý.

* * *

Gallam bar – tyllam bar.

* * *

Galpyň gazany gaýnamaz, gaýnasa-da – baýnamaz.

* * *

Galtaman garrasa ýalançy bolar, bürgüt garrasa – syçançy.

* * *

Gamly adam gülki söýmez.

* * *

Gamly başa gar ýagar.

* * *

Gamşy gowşak tutsaň, el gyýar.

* * *

Gan bilen giren jan bilen çykar.

* * *

Gandym eti çogluja, şara eti ganlyja.

* * *

Ganjyk guýrugyny bulamasa, köpek yzyna eýermez.

* * *

Gapaksyz gazan gaýnamaz, enesiz oglan oýnamaz.

* * *

Gapy gezeniň, müň-de bir gapysy bar.

* * *

Gapyçynyň garny dok.

* * *

Gapyda galan gaharda.

* * *

Gapydan gelen iň bolman-da, gözüňi tüssä gapdyrar.

* * *

Gapydan gelene gapy boýy söz sözleme.

* * *

«Gar ýagdy» diýip begenme, aýazy bardyr,
«Işan geldi» diýip begenme, nyýazy bardyr.

* * *

Gara dag ýeriň labyry.

* * *

Gara eşek başyna agyzdyryk daksaň-da, gatyr bolmaz.

* * *

Gara görmän, it üýrmez.

* * *

Gara goýunda guýruk bolmaz, saknyk[1] aýalda — hamyrmaýa.

* * *

Gara keçe ak bolmaz, köne duşman – dost.

* * *

Gara saçlynyň gözýaşy, ereder daglary – daşy.

* * *

Gara suw – gara görnüm.

* * *

Gara ýere gar ýagsa, gary görmek bir myrat,
Gara ýerden gar gitse, ýeri görmek bir myrat.

---

[1] Saknyk – geleňsiz, ýalta.

* * *

Gara ýeriň garny giň.

* * *

Garadan gaýtmaz, garaňkydan gorkmaz.

* * *

Garadyr-guradyr, il içinde töredir.

* * *

Garakçy topardan aýrylany sanjar.

* * *

Garamygyň[1] dänesi bolynçaň, bugdaýyň samany bol.

* * *

Garanyň gahary gelýänçä, sarynyň jany çykar.

* * *

Garaşanyň wagty ötmez, howluganyň işi bitmez.

* * *

Garda ýatan ölmez, unda ýatan öler.

* * *

Garga Bagdada baryp gelse-de, hiç kim diýmez gaz gelýär!

* * *

Garga gagyldap gaz bolmaz, kempir bezenip — gyz.

---

[1] Garamyk – ownuk dänelije meýdan ösümligi.

* * *

Garga gaza öýkünse, ganaty synar.

* * *

Garga müň gygyrsa-da, ýaz bolmaz, gaz bir gygyrsa, ýaz bolar.

* * *

Garganyň gaz balasy, her kimiň öz balasy.

* * *

Garny – dok, gözi – aç.

* * *

Garny dokuň maly tükel.

* * *

Garra gülen özüne güler.

* * *

Garrasaň, garçgaý sal.

* * *

Garry – öýüň sütüni.

* * *

Garry göre ýakyn, ýigitler – ýara.

* * *

Garry goýun ürkmez.

* * *

Garry maldan gaýra dur.

* * *

Garry oýnasa, gaý turar.

* * *

Garry serçe kepege aldanmaz.

* * *

Garry tilki ýedi börä aldyrmaz.

* * *

Garry ýaby uýansyz gider.

* * *

Garrydan sorama, köpi görenden sora.

* * *

Garrynyň bilýäni, juwanyň biljegi.

* * *

Garşydan şemal össe, guzaýdan[1] gar aýrylar,
Arada rakyp gezse, söýgüli ýar aýrylar.

* * *

Garyba baryňy aýama, dostuňa – janyňy.

* * *

Garyba derýadan suw ýetmez, dagdan – kölege.

---

[1] Guzaý – dagyň, depäniň Gün düşmeýän tarapy.

* * *

Garyba hemme eşik ýaraşar.

* * *

Garyba it hem ýagy, bit hem.

* * *

Garyby ursaň ur weli, eşigini ýyrtma.

* * *

Garybyň baýlygy – jan saglygy.

* * *

Garybyň baýramy – ýaňy[1] eşik geýende.

* * *

Garybyň göwni synyk, ýüzi sowuk,
Ýetimiň boýny buruk, ýüzi soluk.

* * *

Garybyň göwnüni hoş geldiň awlar.

* * *

Garybyň gyşy uzyn, ýazy gysga.

* * *

Garybyň sözi ýer hem almaz, ýerde-de galmaz.

* * *

Garybyň tapdygy – ýabynyň çapdygy.

---

[1] Ýaňy – täze.

* * *

Garyň känligi – gallaň bollugy.

* * *

Garyndaş ganly günde.

* * *

Garyndaş diýip ýatlama, bir ýat çatma bar bolsa.

* * *

Garyndaşdan garnym ýakyn.

* * *

Garyndaşym – gara garnym, doganym – doly çuwalym.

* * *

Garyndaşym – gara gazanym.

* * *

Garyndaşyň gelmän-gelmän ýat bolar, ýat gele-gele garyndaş bolar.

* * *

Garyndaşyň üýni garaňkyda belli.

* * *

Garyndaşyny ýamanlanyň, jezasyny il berer,
Ulagyny ýamanlanyň, jezasyny ýol berer.

* * *

Garynja gara günde, gurbaga saz bilen söhbetde.

* * *

Garyp adam ýamanar, ýamanar-da guwanar.

* * *

Garyp at tapsa, ot tapmaz, ot tapsa – at.

* * *

Garyp bolsaň, garyndaşyň ýat bolar,
Gaçar aga-iniň, dostuň mat bolar.

* * *

Garyp eşigi gara bulut.

* * *

Garyp galla tapmaz, galla tapsa – gap.

* * *

Garyp haçan baý bolar, gyş eşigini ýaz geýse.

* * *

Garyp nämä garyp – odun bilen suwa garyp.

* * *

Garyp ölse, agy ýok, arryk ölse – ýagy.

* * *

Garyp ölse, gamhor ýok, ýetim ölse – hossar.

* * *

Garyp öýüň gaznasy, ýetmez öýüň ýarnasy.

* * *

Garyplyk gaýra eder, ölüm – ýaňra.

* * *

Garyplyk öldürmez, öldürmese-de güldürmez.

* * *

Garyplykdan baýan är, artyp galsa-da, al diýmez.

* * *

Garyplykdan baýan är, ýanyna goňşy gondurmaz,
Arryklykdan semrän at, ahyryna adam indermez.

* * *

Garyş ýagdan, gaýmak eşik.

* * *

Gaşanmaga dyrnak gerek.

* * *

Gaşansam ganym çykar, gaşanmasam – janym.

* * *

Gassaba ýag gaýgy, geçä – jan.

* * *

Gatnaşsyn uçma barsyn, dalaşsyn tamuga[1] barsyn.

* * *

Gaty agajy ýumşak gurçuk iýer.

---

[1] Tamug – dowzah.

* * *

Gaty söýen dilden galar.

* * *

Gaty toýnak garynda ýatmaz.

* * *

Gatyk dökülse, ýoky galar.

* * *

Gatykly aşdan aş bolmaz, gudadan – garyndaş.

* * *

Gatyksyzdan duzly ýagşy, ogulsyzdan – gyzly.

* * *

Gawun düýbünden öser.

* * *

Gawun gabygyndan tanalar, bedew – söbüginden.

* * *

Gawun gawundan reň alar, reň almasa – heň alar.

* * *

Gawun gowusyny şagal iýer.

* * *

Gawuny sakçy tükeder.

* * *

Gawunyň – agyry, garpyzyň – ýeňili.

* * *

Gawunyň çüýrügi ýere siňer, gepiň ýaramazy – ýürege.

* * *

Gawunyňky ýüz gün, ýüz günden soň üzgün.

* * *

Gaýa başynda gezen bir gün taýar.

* * *

Gaýdan döwlet bilen ürken düýäň öňünde duran özüň bolma.

* * *

Gaýgy – garradar, gam – öldürer.

* * *

Gaýgy-gam ömür törpüsi.

* * *

Gaýgysyz gara suwda semrär.

* * *

Gaýnaman bişen aş, düşen ýerine da:ş.

* * *

Gaýnenem – hazynam, getirip goýar ýanymda.

* * *

Gaýrat müşgili ýeňer.

* * *

Gaýyn öýi – zyndan, ataň öýi – meýdan.

* * *

Gaýynene zalym bolsa-da janymdyr, hemem gara gözümdir.

* * *

Gaz uçsa, garga gonar.

* * *

Gaz ur, gazan doldur, serçeden näme boljak.

* * *

Gazabyň gaty ýere!

* * *

Gazan garasy gider, namys garasy gitmez.

* * *

Gazan ýok ýerinde göweç[1] hem ýok.

* * *

Gazana ýanaşsaň, garasy ýokar, ýamana ýanaşsaň – belasy.

* * *

Gazanany gazanda.

* * *

Gazap gelende, akyl gider.

---

[1] Göweç – içinde gyzyl-kümüş eredilýän oda durnukly gap.

* * *

Geçelgesiz derýa bolmaz, geçimsiz – dünýä.

* * *

Geçen güne salawat[1].

* * *

Geçenden – geç, ötenden – öt.

* * *

Geçenden at-düýe bähbidiň bolsa-da, geç.

* * *

Geçeni geçdi bil, geljekden habar ber.

* * *

Geçer – gahatlyk, galar – uýatlyk.

* * *

Geçi eti ýelli bolar, kyrk ýylky keseliňi gozgar.

* * *

Geçi ikiden guzlap, goýundan geçmez.

* * *

Geçi mälär – suw içer, oglan aglar – gün geçer.

* * *

Geçi soýanyň peýdasy iki – şahy pyçaga sap, derisi aşyga gap.

---

[1] Salawat – alkyş.

* * *

Geçi süýdünden sargan bolmaz, ýüňünden – ýorgan.

* * *

Geçi syrty toba tutmaz.

* * *

Geçi ýüwrüp, keýik bolmaz.

* * *

Geçili baý – kiçi baý, goýunly baý – goýy baý,
Sygyrly baý – saldamly baý, düýeli baý – dünýäli baý.

* * *

Geçiň taýak iýesi gelse, çopanyň taýagyna süýkener.

* * *

Geçiň ýüz – sözüň düz, geçiň üç – sözüň puç.

* * *

Geçirimliniň işi şow.

* * *

Geçme namart köprüsinden goý, aparsyn suw seni,
Ýatma tilki saýasynda goý, aparsyn ýow seni.

* * *

Geçmez arryk – başa horluk.

* * *

Gedaý baý bolsam diýer, baý – Hudaý.

* * *

Gedaý itden gorkar, it – gedaýdan.

* * *

Gedaýa borçly bolma, ýa toýda dilär, ýa baýramda.

* * *

Gedaýa çaryk berseň, ýamalygyny-da sorar.

* * *

Gedaýçylyga-da gurp gerek.

* * *

Gedaýyň haýbaty – syrygy.

* * *

Gelen – döwlet, giden – mähnet.

* * *

Gelen geçer, gonan göçer.

* * *

Gelen gelin däl, düşen ýeri gelin.

* * *

Gelende myhman ýagşy, gidende – bagşy.

* * *

Gelene – baldyz, gidene – ýeňňe.

* * *

Gelene hoş geldiň, gidene hoş bargaý diýerler.

* * *

Geleni geçdi bil, geljege ýol goý.

* * *

Gelesi gelende sagdan-da geler soldan-da,
Gidesi gelende ýelem äkider, silem äkider.

* * *

Gelin agzyny ýaşar, sesi sekiz öýden aşar.

* * *

Gelin betin ýaşyrar, sesin dagdan aşyrar.

* * *

Gelin bolmasak hem, gädikden garapdyk.

* * *

Gelin düşse yrakdan – gatnaşygy düz bolar,
Gelin düşse ýakyndan – gatbar-gatbar söz geler.

* * *

Gelin gelegen boldy, oba gezegen boldy.

* * *

Gelin geler ýanyňa, doga kylar janyňa.

* * *

Gelin gelse, gelimsek köpeler.

* * *

Gelin ojaga çeker.

* * *

Gelin sözi batar – batmana[1] deň, ogul sözi batar – kätmene deň.

* * *

Gelinden gyz bolmaz, giýewiden – ogul.

* * *

Geline bak, geline, gele-gelmän diline,
Gözi ojak başynda, özi eýer gaşynda.

* * *

Gelişdiren aşyny iýer, gelişdirmedik – başyny.

* * *

Gelişmedigiň gelni ogurlyk eder.

* * *

Gelmek – myhmandan, ugratmak – öý eýesinden.

* * *

Gelni gelende gör, sepini – gerende.

* * *

Gelni syna, gelesi ýyl[2].

* * *

«Gelnim bar» diýip baýrynma, iş buýursa irinme.

---

[1] Batman – ölçeg birligi. Bir batman 20 kg deň.
[2] Gelesi ýyl – bu ýerde geljek ýyl diýen manyda.

* * *

Gelnimiň ýaşmak ýaşyşy, hanymyň arka gaşyşy.

* * *

Gelniň geldi-geldisi, ogluň boldy-boldusy.

* * *

Gelniň — aýagy, çopanyň – taýagy.

* * *

Gelniň bir bolsa oturyp iýersiň, iki bolsa – ýortup.

* * *

Gelniň göwni her dogranyny han islär.

* * *

Gelniň ýaman bolsa ogluňdan gör, giýewiň ýaman bolsa – gyzyňdan.

* * *

Gelniňe gargasaň ogluňa deger, giýewiňe gargasaň – gyzyňa.

* * *

Gelse aýal hossary – tapylar bar bergisi,
Gelse äriň hossary – tutar ýürek burgusy.

* * *

Gelse ekin gürden gelsin.

* * *

Gelse ekiz-ekizden, gitse sekiz-sekizden.

* * *

Geňeşdaryň bolmasa, al-da telpegiň bile geňeş.

* * *

Geňeşene giň dünýä, dalaşana dar dünýä.

* * *

Geňeşli don gysga bolmaz.

* * *

Geňeşli gul ardymaz, ardysa-da şol ýagşy.

* * *

Geňeşli salamat bolar.

* * *

Geňeşli toý dargamaz.

* * *

Geňeşli toý uzak gider.

* * *

Geňeşli ýerde kemlik ýok, geňeşsiz ýerde – deňlik.

* * *

Geňeşsiz – iş, lezzetsiz – aş.

* * *

Geňeşsiz durmuş – toýdan soň dargar.

* * *

Geňeşsiz işiň puşmany köp.

* * *

Gep – mollada, akyl – kellede.

* * *

Gep başy iňňejik.

* * *

Gep diýseň gap-gap, iş diýseň bitap.

* * *

Gep gezdireniň atasyna nälet.

* * *

Gep tapmasaň, köneleriň gepini geple.

* * *

Gep ýel bolmasa-da, ýürek çişirer.

* * *

Gep yzarlan bela barar, ýol yzarlan – oba.

* * *

Gepe düşmedik, üme düşmez.

* * *

Gepi aýdan gepçi däl, gepi yzarlan gepçi.

* * *

Gepi köpüň uýady az.

* * *

Gepiň azy ýagşy, aşyň — duzy.

* * *

Gepiň körügi – ýeriň ýarygy.

* * *

Geplän gepi güwälik, eden işi dogalyk.

* * *

Geplemesini başarmadyk märeke bozar.

* * *

Gepleseň, gep tükenmez, gazsaň – gum.

* * *

Gerdişli sözi gelin aýdar.

* * *

Geregiňi gerekmezde al.

* * *

Gerek däl aş-tabak, zerury gaş-gabak.

* * *

Gerek deregi ýykar.

* * *

Gerekli daşyň agramy ýok.

* * *

Gerekmezi sakla – gerek bolynça.

* * *

Germeligiň germegin – gelen ýeriň bellidir,
Asmalygyň asmagyn – asly-nesliň bellidir.

* * *

Geýmäge keten ýagşy, ölmäge – Watan.

* * *

Geými täzelikde aýa, abraýyňy – ýaşlykda.

* * *

Gezegen aýaga daş deger.

* * *

Gezegen gyzdan gelin bolmaz.

* * *

Gezegen it süňk tapar.

* * *

Gezegeniň eteginden ýyrtylar, uruşganyň – ýakasyndan.

* * *

Gezegeniň indegi bolmaz.

* * *

Gezen – derýa, oturan – gümra.

* * *

Gezmek – ömürden, ýatmak – ölümden.

* * *

Gämä münüp, gämiçi bilen dawa etme.

* * *

Gämiçiniň jany bir.

* * *

Giç ekilen ekiniň hatasy bar.

* * *

Giç gopdy, bela gopdy.

* * *

Giç goýsa-da aç goýmasyn.

* * *

Giden getirer, oturan nyrh sorar.

* * *

Gidene – ýol, galana – ýurt.

* * *

Gideniň harydy özi bilen.

* * *

Gije gezseň – kakynarsyň, ýaman nysak[1] – dakynarsyň.

* * *

Gije oda gitme, gündiz tüssä.

---

[1] Nysak – at.

* * *

Giň bolan giň ýaşar, il bilen deň ýaşar.

* * *

Giň bolsaň kem bolmaz, saglykdan özge dem bolmaz.

* * *

Giň könelip ýyrtylar, dar – sozulyp.

* * *

Gireňde gapydan girip, çykaňda penjireden gitme.

* * *

Girme kişi bagyna, girseň girer bagyňa.

* * *

Girmezden çykmaňyňy oýlan.

* * *

Gitdim, gezdim dünýäni, jennet saýdym bu ýany.

* * *

Gitgir atyň ýoly tekiz.

* * *

Gitse bagdan gidýär, bagbanyň nä gamyna.

* * *

Giýew geldi – han geldi.

* * *

Giýew kowsa – gapydan gaç, ogul kowsa – törüne geç.

* * *

Giýewden myrat bolmaz, külden – ymarat.

* * *

Giýewe tursa-da tagzym, otursa-da tagzym.

* * *

Giýewim ýagşy – gyzymyň aýdany bilen,
Oglum ýaman – gelnimiň aýdany bilen.

* * *

Giýewiň töründen, ogluň bosagasy ýagşy.

* * *

Gizlin söýgi – görkli, äşgär söýgi – merkli.

* * *

Gobsunan guş uçman oňmaz.

* * *

Goç atasyn tanar, it atasyn tanamaz.

* * *

Goç boljak guzynyň seňrigi tüňňi bolarmyş.

* * *

Goç buýnuzy goça agyrlyk etmez.

* * *

Goç goýberiljek guza pyçak görkezme.

* * *

Goç hem bolsaň, dag süsme.

* * *

Goç ýigidiň ýagşysy köp diňlär, az sözlär.

* * *

Goç ýigit söweşde belli.

* * *

Gola geldi, ele geldi.

* * *

Goldan gaçan – gonjuma.

* * *

Goltugy doly gonagym[1] günaşa däl, günde gel,
Goltugy boş gonagym aýda gelme, ýylda gel.

* * *

Goluň gymyldasa, agzyň gymyldar.

* * *

Goly döwük iş eder, göwni döwük iş etmez.

* * *

Gonak gonagy gysganar.

---

[1] Gonak – myhman.

* * *

Gonak nirde bolsa – gut şonda, gazan nirde bolsa – ot şonda.

* * *

Gonakly öýe gut[1] geler.

* * *

Gonanyny gol biler, göçenini – ýel.

* * *

Goňşudan gelen şam bolmaz, o-da wagtynda gelmez.

* * *

Goňşusyna ynanan aşsyz galar.

* * *

Goňşy – goňşynyň bazary, ýamany – il bizary.

* * *

Goňşy aşy – dişe däri.

* * *

Goňşy aşy – göwün hoşy.

* * *

Goňşy goňşudan giç ýatyp, ir turmany öwrener.

* * *

Goňşy goňşudan görk alar.

---

[1] Gut – döwlet.

* * *

Goňşy goňşyň hem görki, hem örki.

* * *

Goňşy haky – Taňry haky.

* * *

Goňşy halyny goňşy biler.

* * *

Goňşy hyklasa, sen çokla.

* * *

Goňşy iti goňşa üýrmez.

* * *

Goňşy öýe kesek atma.

* * *

Goňşy towugy göze gaz bolup görner.

* * *

Goňşy töwüri rysgalyňy artdyrar.

* * *

Goňşyma dilegim düşdi, berse-de goňşym, bermese-de, goňşym.

* * *

Goňşymyň başy çişdi, gaýgysy maňa düşdi.

* * *

Goňşyň azar berse – göçüp gutul, dişiň azar berse – çekip gutul.

* * *

Goňşyň gowy bolsa, kel gyzyň äre gider,
Goňşyň ýaman bolsa, gül gyzyň göre gider.

* * *

Goňşyň kim bolsa, gudaň şol.

* * *

Goňşyň monjugyny toýda dakynsaňam, günde dakynma.

* * *

Goňşyň ýitigini yzlaş – tapylsa ýagşy, tapylmasa, göwün nagşy.

* * *

Goňşyň ýykylsa, söýget ber.

* * *

Goňşyňa garama – oňşugyňa gara

* * *

Goňşyňy goňşudan sora, ýamany – ýagşydan.

* * *

Goralan göze çöp düşer.

* * *

Goralana göz deger, öwünene – söz.

* * *

Gorkagy kowalasaň, batyr bolar.

* * *

Gorkagyň batyrlygy dilinde.

* * *

Gorkagyň gözi uly, akmagyň – sözi.

* * *

Gorkajyk oglanyň enesi aglamaz.

* * *

Gorkak at saýasyndan ürker.

* * *

Gorkak gidende magtanar, batyr – gelende.

* * *

Gorkak kölegesinden gorkar.

* * *

Gorkak öňürti urar.

* * *

Gorkak taýaga bolmaz.

* * *

Gorkana goşa görner.

* * *

Gorkduň – tutuldyň, gorkmadyň – gutuldyň.

* * *

Gorkýan bolsaň pişikden, näme çykdyň deşikden?

* * *

Gorkynyň ölüme peýdasy ýok.

* * *

«Goş» diýilmän, goşana gyssyrylma.

* * *

Goşa gylyç bir gyna sygmaz.

* * *

«Goşt-goşt» bilen gyňyr goýun sürä goşular.

* * *

Gotur düýe tikenli çöpe süýkense, gijisi galar.

* * *

Gotur elden ýokar, bela – dilden.

* * *

Gotur goluňda bolmasyn, ýaman – ýanyňda.

* * *

Gowaçanyň düýp arasyna kätmen sygsyn, jöweniň düýp arasyna – düýe.

* * *

Gowgasyz är görde ýagşy.

* * *

«Gowy görýär» diýip baryberme, «berýär eken» diýip alyberme.

* * *

Göwher – kül içinde, bedew – jul içinde.

* * *

Gowurga garyn doýurmaz.

* * *

Gowy adama sylag etseň, ýa aýdar, ýa gaýdar.

* * *

Gowyny ýada berme – haýypdyr, ýaramaza-da berme – aýypdyr.

* * *

Goýmadygyňy göterme.

* * *

Goýna gurt daranda, iş ýakmazyň içi agyrar.

* * *

Goýna gurtdan gardaş bolmaz.

* * *

Goýnam öz aýagyndan asarlar, geçinem.

* * *

Goýny bolmadygyň, pyçagy ýiti bolar.

* * *

Goýny ýel alsa, geçini asmanda gör.

* * *

Goýun alma, goýmat al.

* * *

Goýun bakan çöl tanar, ylym okan ýol tanar.

* * *

Goýun başly, gurt dişli.

* * *

Goýun bir derede arryk-da bolar, semiz-de.

* * *

Goýun mäleý-mäleý müň bolar, it hawlaý-hawlaý kem bolar.

* * *

Goýun urbasy on bolar.

* * *

Goýun ýüňi – çoga bolmaz, düýe ýüňi – çyga.

* * *

Goýun ýüze ýetýänçä, derisi müňe ýeter.

* * *

Goýunda – erek eti, guşda – barak eti.

* * *

Goýunsyzyň goly bolmaz, akylsyzyň – toýy.

* * *

Guda bolmak kyn, jyda bolmak aňsat.

* * *

Guda bolynçaň syna, bolandan soň syla.

* * *

Guda gudalaşandaky dek bolsun, gelin gelenindäki dek.

* * *

Gudalygyň gadyry, barmakda hem gelmekde.

* * *

Gudurandan gutulan ýagşy.

* * *

Guduz it eýesini ýarar.

* * *

Guduzlan köpegiň ömri kyrk gün.

* * *

Gujurly ýürek daş ýarar.

* * *

Gul arzuwy gursagynda garrar.

* * *

Gul garrasa, jarçy bolar, gyrnak garrasa – palçy.

* * *

Gul gomalýança, toý sowlar.

* * *

Gul hatasyz bolmaz, aga — keremsiz.

* * *

Gul myrady – gaçmak.

* * *

Gul nikasy kyn bolar.

* * *

Gul ogly beglik islär, beg ogly gulluk islär.

* * *

Gül össe ýer görki, gyz össe – il.

* * *

Gul öz hojasyndan owal tabaga gol uzatmaz.

* * *

Gul ýaly işlän, han ýaly oturar.

* * *

Gul ýörese, ýeňsesinden bildirer.

* * *

Gula gul diýseň ölesi geler, ige gul diýseň – gülesi.

* * *

Gula bela gelmez, gul belany satyn alar.

* * *

Gula gulluk etmeseň, gul saňa gulluk etmez.

* * *

Gula gullukçy bolma, gyrnaga – ýalynjy.

* * *

Gula gylyç, azana ýalçy.

* * *

Gulagym dynmajak bolsa, altyn ysyrgam ýitip galsyn.

* * *

Gulagyň garny bolmaz, siňegiň – erni.

* * *

Gulajyn gözün süzmän, buga ýüpün üzmez.

* * *

Gulak eşidip doýmaz, göz – görüp.

* * *

Gulak eşitse, köňül biler.

* * *

Gulakdan giren ýaman söz, ýürege ýetip buz bolar.

* * *

Gulakdan göz hak.

* * *

Gulan – gyrda, doňuz – suwda.

* * *

Gulan at bolmaz, doguşan — ýat.

* * *

Gulan başyna iş düşse, godugyna gözlemez.

* * *

Gulan eti gurat eder.

* * *

Gulan godugy bilen, agaç pudagy bilen.

* * *

Gulan guýa gaçsa, gurbaga aýgyr bolar.

* * *

Gulan haýsy ýerde semrese, tüýüni-de şol ýerde döker.

* * *

Gulan höwri köp bolsa, bir agsagyn bildirmez.

* * *

Gulanda öt bolmaz, guşda – süýt.

* * *

Gulanlan baýtal oýa sygmaz.

* * *

Gulanly baýtaldan suw artmaz.

* * *

Guldan – hereket, Alladan – bereket.

* * *

Guldan gonambaşy bolmaz, çopandan – kethuda.

* * *

Gulluk etseň gerege[1], seni ýetir çörege.

* * *

Guluň erki bolmaz, goturyň – görki.

* * *

Guluň gany çykdy, jany çykdy.

* * *

Guluň kemeri – arkan, höregi – talhan.

* * *

Guluň sellesi düşdi, dünýäsi köýdi.

* * *

Guluň üstüne bela gelmez, özi belanyň üstüne barar.

* * *

Guluň uýady ýok.

* * *

Guly berekella öldürer.

* * *

Guma sepeniň bilinmez, gyza bereniň görünmez.

---

[1] Gerek – öý ýasaýan ussa.

* * *

Gura ýanasaň, öl hem ýanar.

* * *

Gural işlär – el öwüner, gylyç keser – gol öwüner.

* * *

Guralyň düz – azabyň az.

* * *

Guran gamyşyň sazy alysdan eşidiler.

* * *

Gurda rehim etmek, goýna zulum etmek.

* * *

Gurduň agzy iýse-de gan, iýmese-de.

* * *

Gurduň gudasy köp, tilkiniň – dosty.

* * *

Gurduň ölümi – şagala toý.

* * *

Gurt agzasaň, gurt geler, iki gözi dört geler.

* * *

Gurt arkasyndan guş doýar, är arkasyndan – aç.

* * *

Gurt aýagyndan iým tapar.

* * *

Gurt bilen goýun guda bolmaz, guda bolsa-da, goýun gülmez.

* * *

Gurt bilen guda bolma, tilki bilen – dost.

* * *

Gurt bilen iýer, goýun bilen aglaşar.

* * *

Gurt çagasyndan ekdi bolmaz.

* * *

Gurt çagasyny gundasaň-da durmaz.

* * *

Gurt degmän, goýun gaçmaz.

* * *

Gurt garrasa, awy gaçar.

* * *

Gurt gören itiň agzy bir bolar.

* * *

Gurt saýasynda arslan ýatmaz.

* * *

Gurt ümürli güne guwanar.

* * *

Gurt ýok diýme – mal kastynda,
Ýagy ýok diýme – ýer astynda.

* * *

Gurt ýüzi – mübärek.

* * *

Gurtdan gorkan köpek saklar.

* * *

Gury agaç miwe bermez.

* * *

Gury agajy egmegin, degmedige degmegin.

* * *

Gury agajyň egildigi – döwüldigi,
Är ýigidiň uýaldygy – öldügi.

* * *

Gury arkasyndan öl ýanar,
Mert arkasyndan il guwanar.

* * *

Gury çörekden iç agyrmaz.

* * *

Gury kaşyk[1] agyz ýyrtar.

---

[1] Kaşyk – çemçe.

* * *

Gury saçaga doga ýok, menden saňa – nowa.

* * *

Gury söz gulaga ýakmaz.

* * *

Gury sözden palaw bolmaz, ýag bile tüwisi bolmasa.

* * *

Gury söze ähtibar az.

* * *

Guş bar – etini iýmeli, guş bar – et iýdirmeli.

* * *

Guş çirtmegi unudar, çirtmek guşy unutmaz.

* * *

Guş ganaty bilen uçar, guýrugy bilen gonar.

* * *

Guş ganatyndan kireý islemez, gulan – toýnagyndan.

* * *

Guş görki – per, dost görki – syr.

* * *

Guş uçuşyndan belli, akmak – söz açyşyndan.

* * *

Guş uýasynda[1] näme görse, uçanda şony eder.

* * *

Guş uýasyny tapsa, söz eýesini tapar.

* * *

Guşgun guýrukda, uýan agyzda.

* * *

Guşluk gelen gonak ýatman gider, öýle gelen gonak gitmän ýatar.

* * *

Guşluk güni gyzdyrmadygy, ikindi güni gyzdyrmaz.

* * *

Guşuna görä duzagy.

* * *

Gutarylan işden gül ysy geler.

* * *

Gutlukly öýden gury çykma.

* * *

Guty geleniňki, goşadan geler.

* * *

Guty ýok gurruga düşse, gark bolar.

---

[1] Uýa – bu ýerde höwürtge manysynda gelýär.

* * *

Guty ýok guýa gaçsa, gum ýagar.

* * *

Guwanma bu daglyga, eltip goýar darlyga.

* * *

Guwanmagyn görküňe, talaň düşer durkuňa.

* * *

Guý owjuma, guýaýyn owjuňa.

* * *

Guýma gursak bolmasa, dürtme gursak neýlesin.

* * *

Guýmasaň – goýulmaz, kesmeseň – ganamaz.

* * *

Guýrukly ýyldyz günde dogmaz.

* * *

Guýusyna görä nowasy.

* * *

Guzulykda doýmadyk, toklulykda dümtüner.

* * *

Guzy beren torum sorar.

* * *

Guzy mälär ýyl geçer, oglan aglar – gün.

* * *

Gö:le düşdüm, ýola düşdüm.

* * *

Göç başy aýry bolsa, it başy däli bolar.

* * *

Göç gaýtsa, agsak ozar.

* * *

Göç ýörär, it ýortar.

* * *

Göçen ýurduň gadyryny gonaňda bilersiň,
Ýagşy ýaryň gadyryny — ölende.

* * *

Göçenini go:l biler, gonany – ýel.

* * *

Göge bakan ýykylar, laýa batan kakylar.

* * *

Göge tüýkürseň, ýüzüňe düşer.

* * *

Gögermedik ekinden ýer örtener, oňmadyk başçydan – il.

* * *

Gök gürlemän – ýyldyrym çakmaz.

* * *

Gökje baýlyk – üç aýlyk.

* * *

Gökje monjugym kanda bolsa, meniň göwnüm şonda.

* * *

Göklemde goýny çolak[1] baksyn, goç döwri – lal.

* * *

Gönezliksiz süýt uýamaz, ýok akyl kyrkda goýalmaz.

* * *

Göni gelen keýigiň iki gözünden başga aýby ýok.

* * *

Göçjek diýip, odunyňy ýakma,
Guýy göründi diýip, suwuňy dökme.

* * *

Gördügiňi – ört, görmedigiňi – sözleme.

* * *

Gördüň ýaryň ýar däldir, terkin kylmak ar däldir.

* * *

Gördüň, dostuň ýüzi hoş, otur-da turuş,
Gördüň, dostuň ýüzi turşy ne oturyş, ne turuş.

---

[1] Çolak – agsak.

* * *

Gören eşidene habar berer.

* * *

Gören görenini eder, kesewi – dürtenini.

* * *

Görene göz, eşidene gulak.

* * *

Göreniňi dost diýme, soňundan puşman iýme.

* * *

Göreniňi gizleme, bilmediginň sözleme.

* * *

Göreniňi goýup, eşideniňe ynanma.

* * *

Görer göze gart[1] öler, ajal ýetse, ýaş öler.

* * *

Görgüliniň gözi agyrsa, goňşusy duýmaz,
Arzylynyň gözi agyrsa, ýedi günlük ýere habar ýeter.

* * *

Görgüni görmän, göre girmek ýok.

* * *

Göribi görenden, görüňi gör.

---

[1] Gart – garry.

* * *

Göribiň garny dok bolsa-da, gözi aç.

* * *

Görk – agyzdan, görmek – eginden.

* * *

Görk toýda gerek, akyl – öýde.

* * *

Görklüdigiň bilerin, bir oglanyň bolansoň,
Işlidigiň bilerin, gaýyn eneň ölensoň.

* * *

Görklüni görüp alynçaň, söýeniňi sorap al.

* * *

Görkümden – berkim.

* * *

Görkünden kölük[1] bolmaz, saçyndan – sümmül.

* * *

Görmän-görmän küti boldum, baryny görüp – ýiti.

* * *

Görmäýinem, köýmäýinem.

* * *

Görmedik daşym, ýardy başym.

---

[1] Kölük – ulag.

* * *

Görmese göresi geler, görse-de ölesi geler.

* * *

Görmese ýat, görüşmese uýat.

* * *

Görmez arkasy güýçli.

* * *

Görülmedik illerden, eşidilmedik gep çykar.

* * *

Görüm ýeňňe bolsa, göreji – baldyz.

* * *

Görümiň näme bolsa, göreldäň şol.

* * *

Görümsiz kümüş görse, guduz açar.

* * *

Görümsize kömeç[1], köse äre – sakgal taň.

* * *

Görümsiziň ogly boldy, çekip göbegin ýoldy.

* * *

Görünýäni bir dokuz, görünmeýäni on dokuz.

---

[1] Kömeç – döwlen et ýa-da jigirdek salnyp bişirilen ýagly gömme çörek.

* * *

Görüp alma, bilip al.

* * *

Görüp oturma, köýüp otur.

* * *

Göwni açygyň – ýoly açyk.

* * *

Göwnünde kiri baryň, içinde syry bar.

* * *

Göwre garrasa-da, göwün garramaz.

* * *

Göwün – çüýşe, göz – aýna.

* * *

Göwün – göwünden suw içer, gamyş – bogundan.

* * *

Göwün darlygy – horluk.

* * *

Göwün gözeli söýmez, söýenini söýer.

* * *

Göwün kazy, göz terezi.

* * *

Göwün kiri aýdylsa gider, geýim kiri-ýuwulsa.

* * *

Göwün şatlygy – ömür zyýatlygy.

* * *

Göwün sygsa, göwre sygar.

* * *

Göwün syryny göz bildir.

* * *

Göwün ýetse, gol ýeter.

* * *

Göwünsiz aýaldan kössüz ogul dogar.

* * *

Göwünsiz iş – lezzetsiz aş.

* * *

Göz – derýa.

* * *

Göz – gorkak, göwün – batyr.

* * *

Göz – göze ýagy.

* * *

Göz – ýüregiň aýnasy.

* * *

Göz agyry ýaman dertdir, hem yrandyr hem bürendir.

* * *

Göz agyrysy – et agyrysy, diş agyrysy – süňk agyrysy.

* * *

Göz bar – görmek üçin, akyl bar – bilmek üçin.

* * *

Göz beden goragy, akyl – jan.

* * *

Göz daşdan galar, göwün – ýakyndan.

* * *

Göz düýäni gazana salar, adamy – mazara.

* * *

Göz eýeli – işik söýeli.

* * *

Göz ganymyny tapar.

* * *

Göz garrar, göwün garramaz,
Är garrar, heňňam garramaz.

* * *

Göz geçir weli, dil geçirmez.

* * *

Göz gördi, köňül söýdi.

* * *

Göz görende ýüz şerip.

* * *

Göz görenine amal eder.

* * *

Göz görki gaş, gazuw görki taraş.

* * *

Göz görmän, göwün ynjalmaz.

* * *

Göz görmedigini ýürek syzar.

* * *

Göz görmejegini görer, gulak eşitmejegini eşider.

* * *

Göz görmekden doýmaz, adam – bilmekden.

* * *

Göz görmese, ýüz döner.

* * *

Göz görmese, ýüz utanmaz.

* * *

Göz göze düşende, mähir oýanar.

* * *

Göz göze düşende, ýüz uýalar.

* * *

Göz göze yssy, dil dile myhman.

* * *

Göz gözi görmez.

* * *

Göz gyragy görer, akyl ýüregi.

* * *

Göz nur eýesi, göwün – syr.

* * *

Göz özüňki, gulak özgäniňki.

* * *

Göz ujundan gözleme, gözüňe zeper ýeter,
Dil ujundan sözleme, özüňe zeper ýeter.

* * *

Göz ýaraşygy gaş, agyz ýaraşygy diş.

* * *

Göz ýetmeze — söz ýeter.

* * *

Göz ýüki – düz ýüki.

* * *

Gözden daş düşen, göwünden hem daş düşer.

* * *

Gözden yrak, köňülden yrak.

* * *

Göze bela gülden geler, başa bela – dilden.

* * *

Göze görünmez ogry, handan-begden dogry.

* * *

Gözel — hulky bilen gözel.

* * *

Gözeli görseň gözüň ga:nar.

* * *

Gözeli kemis öldir, ýigidi – namys.

* * *

Gözellik baş täjidir, her kime nesip etmez.

* * *

Gözellik on, dokuzy don.

* * *

Gözenegi başganyň göreni başga.

* * *

Gözi doýrup bolmaz.

* * *

Gözi görmedik kişi gözündäki gyldyrgana düýe diýermiş.

* * *

Gözländen aňtan ýeňer.

* * *

Gözlem aglar gözsüzem, ogullam aglar – ogulsyzam.

* * *

Gözlüniň gündiz tapmadygyny, kör gije tapar.

* * *

Gözüm görmese, syrtymy böri iýsin.

* * *

Gözüme bolandan, gaşyma bolsun.

* * *

Gözümem görmesin, janymam ýanmasyn.

* * *

Gözüň – gözüňe duşman.

* * *

Gözüň agyrsa eliňi çek, içiň agyrsa – damagyňy.

* * *

Gözýaş —— gama ýoldaş.

* * *

Gözýaş – göwün ereder.

* * *

Gübürdär – ýagmaz, çöker – sygmaz.

* * *

Gübürdewük buludyň ýagyny-da az.

* * *

Güjük dalanman, köpek çykmaz.

* * *

Güjük üýrmäni eýesinden öwrener.

* * *

Güjük ýaly «jöw-jöw» edeniňden, ala köpek ýaly «haw-haw» et.

* * *

Gül tikensiz bolmaz, hazyna – eýesiz.

* * *

Gül ysgan «doýdum» diýmez.

* * *

Gülen agyz görkli.

* * *

Güler ýüz hem hormat, hem sowgat.

* * *

Gülkä göwün böker, gam biliňi büker.

* * *

Gülkä gülmeseň, göwni galar.

* * *

Gülki – jana rahat, tene – kuwwat.

* * *

Gülki göwün güli.

* * *

Gülki soňy – agy.

* * *

Gülme goňşyňa, geler başyňa.

* * *

Gülmez – yşmaz hatyn, otsuz-ýalynsyz odun.

* * *

Gülseň ilki – bolarsyň gülki.

* * *

Gülüň biten ýerinde, gadyry ýok.

* * *

Gülüň miwesi bolmaz.

* * *

Gülýaýdy gelmez elinden, iller durmaz dilinden.

* * *

Güman imandan aýrar.

* * *

Gün bakar – ýer ýumşar, gelin bakar – är ýumşar.

* * *

Gün batandan soň kär haram.

* * *

Gün birem bolsa, günüň aýry.

* * *

Gün göreniň güni artyk.

* * *

Gün otaglasa günlük, aý agyllasa aýlyk.

* * *

Gün parlap çyksa-da, gyşyň güni ýaz durmaz,
Süýnüp-sarkyp baksa-da, ýetişensoň gyz durmaz.

* * *

Günä edilmän, toba edilmez.

* * *

Günäliň oduna bigünä ýanar.

* * *

Günde bir gep eşitmese, gulak ýa galkan bolar, ýa – ýelken.

* * *

Günde mezil – jana hezil.

* * *

Gündeş – başa daş, göze ýaş.

* * *

Gündeş – günde öç.

* * *

Gündeş göreniň gyzyny alma, işigi ýamanyň öýüne barma.

* * *

Gündeşiň bolsa bolsun, gündeş çagaň bolmasyn.

* * *

Gündeşiň güni hem gündeş.

* * *

Gündeşli başym – zäherli aşym.

* * *

Gündeşli bolandan günüň aýry bolsun.

* * *

Gündeşli bolsaň bol, öýdeşli bolma.

* * *

Gündeşli gülmez.

* * *

Gündeşli öý weýran, aş ornuna aýran.

* * *

Gündeşli öýde – günde uruş.

* * *

Gündiz aşyny goýy et, suw içirer, dok bolarsyň,
Gije aşyny suwuk et, daş çykarar, sak bolarsyň.

* * *

Gündiz çyra ýakan, agşamyna garaňkyda oturar.

* * *

Gündiz tüssä gitme, gije yşyga.

* * *

Gündizki aşdan Gün tamakin.

* * *

Gündizki işiň, gijeler düýşiň.

* * *

Günem hemmäniň göwnüni tapyp bilenok.

* * *

Güni etek bilen ýapyp bolmaz.

* * *

Güni güniniň ölümini dilär.

* * *

Güni hoş geçene Taňry-da hoş bakar.

* * *

Günim ogly gülüşmez.

* * *

Günlük ýola aýlyk azyk.

* * *

Günlükçi ýaly gazan, beg ýaly iý.

* * *

Günortasy guşluksyz, duly batman aşlyksyz.

* * *

Günüm üçin günim ogluny allalaryn.

* * *

Günüm üçin köýýän, gündeşimiň oglanyny söýýän.

* * *

Günümi Alla geçirsin, agramyny ýer götersin.

* * *

Günüň köýse-de, hakyň köýmez.

* * *

Günüň serweri – juma, aýyň serweri – remezan,
Ýylyň serweri – goýun, gijäniň serweri – gadyr.

* * *

Gür – baş getir, seýrek – çäç.

* * *

Gürrüň süýji, samança ýok güýji.

* * *

Gürrüňdeşiň güň bolsa, gepe-söze ne hajat.

* * *

Güýç ýetmese, emel bar.

* * *

Güýç ýetmeze akyl ýeter.

* * *

Güýçli bile göreşme, ýüwrük bile ýaryşma.

* * *

Güýçlüden gül ysy geler.

* * *

Güýçlüni güýçli bilmedik Taňryny bir bilmez.

* * *

Güýçlüniň gepi mamla.

* * *

Güýçlüniň guýrugy degirmen dartar.

* * *

Güýje egilmedigi söz eger.

* * *

Güýji asgyn şelaýyn gerek, bimaza – mylaýym.

* * *

Güýji ýetmez, görgä galar.

* * *

Güýjüň ýetmeýän daşa el urma – zora düşersiň.

* * *

Güýz göksüz bolma, ýaz aksyz.

* * *

Güýz sürmek – gury suwarmak.

* * *

Güýzde inçelder, ýazda ýolar.

* * *

Güýzüň gelşi, ýazyndan belli.

* * *

Gybat duşman artdyr, zähmet – dost.

* * *

Gybatsyz söz gyzmaz, utançsyz – ýüz.

* * *

Gyl düwün tutmaz, däli – öwüt.

* * *

Gylyç – keser, gol – öwüner.

* * *

Gylyç göterip gelen gylyçdan öler.

* * *

Gylyç gynynda köp ýatsa, poslar.

* * *

Gylyç gynyndan çyksa, gan görner.

* * *

Gylyç öz gynyny kesmez.

* * *

Gylygy gyşygyň, kylmyşy gyşyk.

* * *

Gylygyndan söýdüren gyz – gyzyldan.

* * *

Gylygyny bilmeýän atyň syrtyndan ötme.

* * *

Gylyjyň öňünde şert bolmaz.

* * *

Gylykly är han görner.

* * *

Gylykly horaz ýumurtgadan gykylyga başlar.

* * *

Gylykly özünden belli, gylyksyz – gözünden.

* * *

Gylyksyz aýalyňa myhman ýanynda lak atma!

* * *

Gymmatyň hikmeti bar, arzanyň – minneti.

* * *

Gymyz – alyp içeniňki, gyz – alyp gaçanyňky.

* * *

Gyrawda towşan yzlan kak suwundan balyk gözlär.

* * *

Gyrda ýagmyr ýagsa, ojakda töňňäniň başy şatyrdar.

* * *

Gyr-gyrlap almadygyňy, myr-myrlap alarsyň.

* * *

Gyrmyldan gyr aşar, ýörmelän ýer deşer.

* * *

Gyş arryk alma, ýaz – ýagyr.

* * *

Gyş bolmasa, guş bolmaz.

* * *

Gyş çykar, ýüzügaralyk kömre galar.

* * *

Gyş düýşüniň bary ýalan, ýaz düýşüniň – ýary.

* * *

Gyş gamyny ýaz iý, ýaz bolmasa – güýz.

* * *

Gyş gelýär diýip odunyňy baýatma, ýagy gelýär diýip – unuňy.

* * *

Gyş geýjegiňi tomus taýýarla, tomus geýjegiňi – gyş.

* * *

Gyş gününiň köjesinden[1] ne peýda?

* * *

Gyş gyzamyk gelmesin, tomus – mama.

* * *

Gyş ojagy dar bolar.

* * *

Gyş suwy – gyzyl suwy.

* * *

Gyşdan aldym malymy, ýagydan aldym ilimi.

* * *

Gysganjyň atan oky özüne deger.

* * *

Gyşy gyşsyramadygyň, ýazy ýazsyramaz.

* * *

Gyşyk ýük maksada ýetmez.

---

[1] Köje – nahar ady.

* * *

Gyşyň gary – ýaza däri.

* * *

Gyşyň gözi kör bolar.

* * *

Gyşyň güni bir tutam.

* * *

Gyşyň güni kyrk tüýsli, kyrkysy-da gylyksyz.

* * *

Gyşyň gününiň höziri – ot.

* * *

Gyşyň hoşlugyna, ýabynyň ýuwaşlygyna, mollanyň derwüşligine ynanma.

* * *

Gysyr goýun köp mälär.

* * *

Gysyrsyraýan aýaldan gork, ýazsyraýan – gyşdan.

* * *

Gyz alsaň – kynykdan, at alsaň – ýüwrükden.

* * *

Gyz bar – nep getir, gyz bar – gep.

* * *

Gyz bir güldür – ýetişer, göçer gider.

* * *

Gyz çaganyň altysy, är oglanyň ýarpysy.

* * *

Gyz çykaran baýamaz, gelin edinen dagamaz.

* * *

Gyz edebi – il edebi.

* * *

Gyz eneden görüm görmese, öwüt almaz.

* * *

Gyz galyňy – garyň suwy.

* * *

Gyz galyňy — gyrawça.

* * *

Gyz galyňy gysymyňda galmaz.

* * *

Gyz galyňyndan ýarna bolmaz.

* * *

Gyz garrasa pugta bolar, at garrasa – agta.

* * *

Gyz garrasa, ýa gula barar, ýa-da – dula.

* * *

Gyz göwni gyzan gazan.

* * *

Gyz göwni ýüplükdir – boýalyp ýüpek bolmaz,
Ýigit göwni ýüpekdir – çigilse çözüp bolmaz.

* * *

Gyz gözelligi sandykda.

* * *

Gyz gurjak oýnar, oglan gulan gözlär.

* * *

Gyz güldi, men güldüm – ýüreginiň syryn bildim.

* * *

Gyz – gylygy bilen, ogul – edebi bilen.

* * *

Gyz gylygyndan söýdürer.

* * *

Gyz – gyrnak, ogul – gul.

* * *

Gyz – gyzyl alma, gyzy gözden salma.

* * *

Gyz – hoz agajy, her ötegçi bir daş atar.

* * *

Gyz kepbeden çykar, tüsse – omçadan[1].

* * *

Gyz meniňki, bagty özgäniňki.

* * *

Gyz öýi – wezir öýi.

* * *

Gyz – öýüň torbasy, ene – unuň urbasy.

* * *

Gyz – özge öýüň çyrasy.

* * *

Gyz syryny hossary biler.

* * *

Gyz ulalsa haýa gider, igin alyp gaýa gider,
Ik bilen ikbaşy owarram-la, ýöne ömri zaýa gider.

* * *

Gyz ýetişip gyraga gider, ogul ýetişip – yraga.

* * *

Gyz ýetişse dilli bolar.

---

[1] Omça – sazagyň, ojaryň ýogyn ýeri, düýbi. Käbir ýerlerde ojar odunyna hem omça diýilýär.

* * *

Gyza altyn tagt dileme, barmak boýda bagt dile.

* * *

Gyza – çümmük, hamyra – ýumruk.

* * *

Gyza erk berilse, ýa dowulça barar, ýa surnaýça.

* * *

Gyza geler kyrk kişi, alar gider bir kişi.

* * *

Gyza – gujak ,goýna – pyçak.

* * *

Gyzamagyň öňi, garamagyň soňy.

* * *

Gyzarana gyz diýerler, agarana – biýz.

* * *

Gyzaryp daňlak[1] gelenden, gygyryp ýagy gelsin.

* * *

Gyzda – haýa, gelinde – şerim.

* * *

Gyzgyn nan köpegi guduz eder.

---

[1] Daňlak – daň atmazdan öň gündogaryň gyzarmagy, şeýle bolanda howa sowuk bolýar.

* * *

Gyzgyny gyzgyn basar, sowugy – sowuk.

* * *

Gyzly gapy dynuw bilmez.

* * *

Gyzly gyzyldan doýmaz.

* * *

Gyzly gyzyla gyzar.

* * *

Gyzly kişi gyr aşar.

* * *

Gyzly öý – gyzyldan halka.

* * *

Gyzly öý soltanly öý, ýüzi geler, biri äkider.

* * *

Gyzly öýe kyrk at baglanar.

* * *

Gyzly öýe rehnet ýagar.

* * *

Gyzly öýüň iti dynmaz.

* * *

Gyzlygym – soltanlygym, gelinligim – zyndanlygym.

* * *

Gyzlykda gyzyl gyz, nädip ýaman aýal bolduň.

* * *

Gyzmalyk özüňe bagly, mylaýymlyk – sözüňe.

* * *

Gyzy baryň näzi bar, ogly baryň – döwleti.

* * *

Gyzy kim söýmez, gymyzy kim içmez.

* * *

Gyzy kyrk ýerden gys.

* * *

Gyzy saklap bilmeseň, güň bolar, ýüpegi saklap bilmeseň – ýüň.

* * *

Gyzy söýseň däli bolar, ogly söýseň – doly.

* * *

Gyzyl dil – jan zähmeti, abraý – är kuwwaty.

* * *

Gyzyl dili gyssaň, maza berer, gysmasaň – yza.

* * *

Gyzyl görse, Hydyr azar.

* * *

Gyzyl it şagal daýysy.

* * *

Gyzyl müň ýyl ýatsa-da, zeň bolmaz.

* * *

Gyzyl oduň uýany bolmaz.

* * *

Gyzyl ýaly gadyrly boljak bolup, kesekden bigadyr boldum.

* * *

Gyzyl ýüzli ýigidiň gyz uýasy bolmasyn,
Gyz uýasy bolsa-da, gyzyl ýüzi solmasyn.

* * *

Gyzyla gaplasaň hem, gyz atasy öýünde galmaz.

* * *

Gyzyldan – gymmat, suwdan – arzan.

* * *

Gyzym – gyzylly halkam.

* * *

Gyzym öýde, gylygy daşarda.

* * *

Gyzym saňa aýdaýyn, gelnim sen düşün.

* * *

Gyzymy çykaryşan, gyzylymy ýaşyryşan.

* * *

Gyzyň bogazy kyrk bogun bolar.

* * *

Gyzyň boýy ýetdi, çawy[1] gitdi.

* * *

Gyzyň görki ýedi ýetmeziniň üstüni ýapar.

* * *

Gyzyň gözelligi göz bile gaşda, ýigdiň gözelligi akylda-huşda.

* * *

Gyzyň özi çuwalda, sepi — sandykda.

* * *

Gyzyň ysy – gülüň ysy.

– H –

Habar okdan tiz gider.

* * *

Haçan oglan bolduň, haçan ulaldyň,
Tohumly torbany elimden aldyň.

---

[1] Çaw – owaza, şöhrat.

* * *

Hajy saýanymyň goltugyndan haç çykdy.

* * *

Hak bakdy, halk bakdy.

* * *

Hak bendesi haka çapar, ýaman öz pälinden tapar.

* * *

Hak diýen haly[1] galmaz.

* * *

Hak ýakan çyrasyny hiç kim söndüre bilmez.

* * *

Hakdan gelse gelsin, nähakdan gelmesin.

* * *

Haky aýtsaň urarlar, hoşamaty söýerler.

* * *

Hakykat – altyndan gymmat.

* * *

Hakykat egiler, töhmet döwüler.

* * *

Hakykat ýerinde karar tapar.

---

[1] Haly – boş.

* * *

Hakykaty tyg kesmez.

* * *

Hakykatyň güwäsi özünde.

* * *

Hakyky zehin iki daşyň arasynda galsa-da syzylyp çykar.

* * *

Hakyň halaty bar.

* * *

Halal işle, haýyr tap.

* * *

Halal zähmet – baky döwlet.

* * *

Halala hasap bar, harama – azap.

* * *

Halamarsyň towyny, tapmarsyň ondan gowyny.

* * *

Halatsyz han bolmaz, ýoldaşsyz – serdar.

* * *

Halkda Hakyň ady bar.

* * *

Halky ýersiz goýma, hor bolarsyň,
Gatygy ýersiz dökme, zar bolarsyň.

* * *

Halwany hekim iýer, şalgamy – ýetim.

* * *

Haly bardan han bolmaz, mekrudan[١] – halal.

* * *

Haly ýüwürdip, kilim kesme.

* * *

Halypasyz ussa bolmaz, tagsyrsyz[٢] – molla.

* * *

Hammala arkalygy ýük bolmaz.

* * *

Hammama giren derlemän çykmaz.

* * *

Han azsa, iline deger, aýal azsa – ärine.

* * *

Han başyna han ýeter, gar başyna – gar.

---

[١] Mekru – şerigat boýunça edilmegi ýazgarylýan iş.
[٢] Tagsyr – keramatly adamlara ýüz tutulyp aýdylýan söz.

* * *

Han eli hasa tutsa gabarar.

* * *

Han köp bolsa – ýow köp bolar.

* * *

Han ýanynda sakçyň bolsa, gara ýerde gämiň ýörär.

* * *

Hanym döwse – kaza, hyzmatkär döwse – jeza.

* * *

Hanyň itine-de bir paý.

* * *

Har bakan har tanar, zergär – zer.

* * *

Haram aşdan pir datmaz, tilki sarkydyny – şir.

* * *

Haram döwletiň höziri bolmaz, agzala iliň – wekili.

* * *

Haram geldi, halaly hem özi bilen alyp gitdi.

* * *

Haram keýpiň hasaby bar.

* * *

Haram laýa gider, laý – zaýa.

* * *

Haram malyň berekedi bolmaz.

* * *

Haram sözler dilinde, yslam durmaz ilinde.

* * *

Haramdan gelen harama gider.

* * *

Haramzada ara bozar, halalzada ara düzer.

* * *

Harsaňlykda daş tapylmaz.

* * *

Hasaby päk bolanyň ýüzi ak bolar.

* * *

Hasan aldy, oýna gitdi, Hüseýin aldy – goýna.

* * *

Hasaply dost uzak gider.

* * *

Hasdan pis dogar, pisden – has.

* * *

Hassa özüne tebip.

* * *

Hassa soramak adat, hal soramak medet.

* * *

Hassasy gutuljak bolsa, tebibi dogry geler.

* * *

Haşal ot ýeri azdyrar, ýaltalyk – äri.

* * *

Hat okan hat biler, hat bilensoň, hak biler.

* * *

Hatyn kişi duzdan agyr.

* * *

Hatynyň kandan bolsa, gel-gidiň şondan.

* * *

Hatynyň ýaman bolsa, ýurt dynçlygyndan peýda ýok.

* * *

Hatyrasy dagdan ulynyň, hasaby gyldan inçe.

* * *

Haýal akýan suw hapany köp getirer.

* * *

Haýasy ýoguň imany-da ýok.

* * *

Haýbat zoruň ýary.

* * *

Haýwan – agzyndan, ynsan – gulagyndan.

* * *

Haýwan ysgaşa-ysgaşa, ynsan soraşa-soraşa.

* * *

Haýwanyň dişine bakarlar.

* * *

Haýy gidip, waýy galan.

* * *

Haýyr – bereket, nur – rehmet.

* * *

Haýyr dile goňşyňa, rysgal gelsin aşyňa.

* * *

Haýyr etseň, bitin et.

* * *

Haýyr işi goýsaň şere döner, şer işi goýsaň – haýra.

* * *

Haýyr işi Hudaýam goldarmyş.

* * *

Haýyrly işe jarçy bolsaň gynanma.

* * *

Haýyrly işiň giji bolmaz.

* * *

Haýyrly mal eýesini tapar.

* * *

Haýyrsyz peýdadan, haýyrly zyýan artyk.

* * *

Hem daýymlara barýan, hem taýyma baş öwredýän.

* * *

Hem hoz gerek, hem hozuň – mürrügi.

* * *

Hem jan gerek, hem janan.

* * *

Hem zyýarat, hem tüjarat.

* * *

Hemme derde bar doga, söýgi derdi bidoga.

* * *

Hemsaýam – balsaýam.

* * *

Heňini bilseň, «Mürzeweli» hem bir heň.

* * *

Hepdede bir gowurma, gowurma bolmasa gowurga.

* * *

Her agaran gar bolmaz, her agaçda bar[1] bolmaz.

---

[1] Bar – miwe.

* * *

Her aşyň bir ýeri bar.

* * *

Her bir zyýan akyl artdyrar.

* * *

Her bolçulygyň bir gytçylygy bolar.

* * *

Her derdiň bir dermany bar.

* * *

Her döwür – bir döwür.

* * *

Her gijäni Gadyr bil, her kimsäni – Hydyr bil.

* * *

Her gülüň bir ysy bar, her gyzyň – bir näzi.

* * *

Her iliň öz tentegi bar.

* * *

Her iş bolsun, bähbit bolsun.

* * *

Her iş öz ussasynyň elinde aňsat.

* * *

Her işde bir haýyr bar.

* * *

Her işiň haýry ýagşydyr, toýuň bezegi bagşydyr.

* * *

Her kellede bir hyýal, kel kellede müň hyýal.

* * *

Her kes – öz öýüniň begi.

* * *

Her kese çörek ber, ýöne özüň her kesiň çöregini iýme.

* * *

Her kim agyran ýerini tutar.

* * *

Her kim doýan ýerini magtar.

* * *

Her kim eder özüne eder.

* * *

Her kim gijän ýerini gaşar.

* * *

Her kim jeňňele gider, özüne meňzeş agaç keser.

* * *

Her kim öz agyrysyna aglar.

* * *

Her kim öz çöregine gül çeker.

* * *

Her kim öz garyşy bilen ölçär.

* * *

Her kim öz gazan çukuruna özi ýykylar.

* * *

Her kim öz matasyny bazara salar.

* * *

Her kim öz öwlüýäsini gorar.

* * *

Her kim öz pälinden tapar.

* * *

Her kim öz ýurduna han-soltandyr.

* * *

Her kimi dost tutunan, hiç kime dost bolmaz.

* * *

Her kimi özüňe osma.

* * *

Her kimiň bir gaýgysy, kel gyzyň – är.

* * *

Her kimiň ojagynyň ody özi üçin yşyrar[1].

---

[1] Yşyramak – bu ýerde ýanmak manysynda.

* * *

Her kimiň öz jaýy özüne Müsür.

* * *

Her kimiňki özüne – Aý görüner gözüne.

* * *

Her kişiniň işi däl, deri eýläp don tikmek.

* * *

Her malym – bar malym.

* * *

Her molla öz bildigini okar.

* * *

Her ösüşiň bir tesişi bar, her tesişiň – bir ösüşi.

* * *

Her togalakdan hoz bolmaz.

* * *

Her üýrene it, her gepleşene adam diýmezler.

* * *

Her ýurduň awuny öz tazysy bilen awla.

* * *

Her zadyň öz wagty bar, her gyzyň – öz bagty.

* * *

Her zyýan – bir pent.

* * *

Hesip edene däl, nesip edene.

* * *

Hezzet etseň eşege, hyzzyn urar duşaga.

* * *

Häzir – maňa, erte – saňa.

* * *

Hiç kim aýranyna turşy diýmez.

* * *

Hile bilen iş gören, möhlet bile jan berer.

* * *

Hoja görseň, salamlaşyp ötüber,
Köje görseň, bagryň gerip ýatyber.

* * *

Hojanyň itini hem bihal görme.

* * *

Horaz hemme ýerde bir gygyrar.

* * *

Horazsyz-da säher bolar.

* * *

Hormat etseň, hormat görersiň.

* * *

Hoş söz gahary ýeňer.

* * *

Hoş söze uçma, öwüneni guçma.

* * *

Hoşuň atasy ölmändir.

* * *

Howaýy düşünen gursun, dereksiz – ýaşynan.

* * *

Howlugan azaşar, doýmadyk dalaşar.

* * *

Howlugan aýagyna çolaşar.

* * *

Howlugan bir işlejegini iki işlär.

* * *

Howlugan galar uýada, saralan ýeter myrada.

* * *

Howlugan gyz äre baryp ýalçymaz.

* * *

Hödür edilse, suwam bolsa iç.

* * *

Hödürsiz tagam iýme, idegsiz toýa barma.

* * *

Höwes – gaýrat ölçegi.

* * *

Höwes bar-da – güýç ýok, ýelin bar-da – süýt ýok.

* * *

Höwes et, bes et.

* * *

Höwürli sürä gurt daramaz.

* * *

Hudaý urany pygamber hasasy bilen dürter.

* * *

Hudaýdan düýe ýaly dile, dary ýaly berse-de alaý.

* * *

Hudaýdan ýaşyrmadygyňy, bendesinden ýaşyrma.

* * *

Hudaýsyz çöp başy gymyldamaz.

* * *

Hudaýyň söýenini, bendesi söýer.

* * *

Husyt çemçänem ýuwdar.

* * *

Hut[1] geldi, daýhan syrtyna gurt geldi.

* * *

Hünär – akar bulak, ylym – ýanar çyrag.

* * *

Hünär eýesini eziz eder.

* * *

Hünär hünärden öner, önmese ýoga döner.

* * *

Hünäri öwren-de, ýigren.

* * *

Hünäri ýok kişiniň, netijesi bolmaz işiniň.

* * *

Hünäriň puly – ojaryň küli.

* * *

Hünärli – zor, hünärsiz – hor.

* * *

Hünärli är hor bolmaz, dost-duşmana zar bolmaz.

---

[1] Hut – hijri-şemsi aý hasabynda Baýdak aýynyň 21-inden Nowruz aýynyň 22-ine çenli bolan aralygy öz içine alýar.Bu wagt daýhanyň ýer işlerine gyssanmaly döwri.

* * *

Hünärli gol aç ölmez, hünärsiz ile sygmaz.

* * *

Hünärli öre çapar, utançsyz – töre.

* * *

Hünärli ýigit – miweli agaç.

* * *

Hünärsiz öz ardyny ýapmaz.

* * *

Hymsalyk[1] bilen işi bar, iki eliniň çişi bar.

* * *

Hyr urdy, harman sowurdy.

* * *

Hyzmat daş ýarar, daş baş ýarar.

– I –

Iç belasy – agyzdan.

* * *

Içde gujur bolmasa, ýigrimi bäş ýaş neýlesin.

---

[1] Hymsa – mekir.

* * *

Içigaranyňky özüne, garagoluňky iline.

* * *

Içim özümi ýakýar, daşym – halky.

* * *

Içmeklini ursaň, ýalaňaç gorkar.

* * *

Içmen diýen guýyňdan, aýlanyp üç içersiň.

* * *

Içýag gaçagan bolar, işýakmaz – ýatagan.

* * *

Içýan gyssansa, öz depesinden çakar.

* * *

Idän tapar, iglän öler.

* * *

Idelen itiň goýna peýdasy ýok.

* * *

Ideniň düýe bolup, müneniň eşek bolmasyn.

* * *

Igençli närsäni it iýmez.

* * *

Iki adam bir adamyň Taňrysy.

* * *

Iki arslan bir derä sygmaz.

* * *

Iki at depişer, arasynda eşek öler.

* * *

Iki aýakly – iki günde.

* * *

Iki bolup bire degmez, gözli bolup – köre.

* * *

Iki darbaz[1] bir ýüpde oýnamaz.

* * *

Iki diňle, bir sözle.

* * *

Iki el bir baş üçin.

* * *

Iki elim getirer, otuz ikim ötürer.

* * *

Iki eneli oglan aç galar.

* * *

Iki gämä ýapyşan gark bolar.

---

[1] Darbaz – dartylan ýüpüň, simiň üstünde oýnaýan oýunçy.

* * *

Iki gapyda gezen köpek aç galar.

* * *

Iki garpyz bir elde tutdurmaz.

* * *

Iki geňeş birikse, elli ýigit ýüz bolar.

* * *

Iki gep – bir jady.

* * *

Iki göç – bir talaň.

* * *

Iki goç uruşsa, böriniň işdäsi açylar.

* * *

Iki goçuň kellesi bir gazanda gaýnamaz.

* * *

Iki gulak eşitmek üçin, bir agyz diýmek üçin.

* * *

Iki gylyç bir gyna sygmaz.

* * *

Iki hasap – bir otuz.

* * *

Iki syçan birikse, ýolbarsyň guýrugyny kerter.

* * *

Iki tentek birikse-de, il bolmaz.

* * *

Iki ýakyn uruşsa, özgelere iým bolar.

* * *

Iki ýarty – bir bitin.

* * *

Ikindin gezen iki öýi bozar, öz öýi bilen üç bolar.

* * *

Il ile sygar, öý öýe sygmaz.

* * *

Il – iliň aýnasy.

* * *

Il agasyz bolmaz, don – ýakasyz.

* * *

Il aglak bolsa, doňuz depä çykar.

* * *

Il agzy – çuwal agzy.

* * *

Il agzy – keramat.

* * *

Il agzyna bakan aç galmaz.

* * *

Il agzyna elli arçyn biýz ýetmez.

* * *

Il agzyny ýygyp bolmaz, çelek agzyny – bogup.

* * *

Il bilen gelen toýda-baýram.

* * *

Il bilen kesilen barmak awamaz.

* * *

Il çalan surnaýyň sesi uzakdan geler.

* * *

Il dälirese – dälire, il gudurasa – gudura.

* * *

Il dälirese, molla gider, molla dälirese, nirä gider?

* * *

Il dälisini çöle atmaz.

* * *

Il geçen köprüden, sen hem geç.

* * *

Il gözi – terezi.

* * *

Il igenji – ilden çykarar.

* * *

Il ile goşulsa – döwlet, bölünse – mähnet.

* * *

Il ile söýener, dag – daga.

* * *

Il ogrusyz bolmaz, dag – börüsiz.

* * *

Il oňlasa, atyňy soý.

* * *

Il ortasy – gök çemen.

* * *

Il ugruna eşek ürkmüş.

* * *

Il ýumrugyny datmadyk öz ýumrugyny batman saýar.

* * *

Ilçä ölüm ýok.

* * *

Ilden çyksa, it hem aglar.

* * *

Ilden çyksaň çyk, nyrhdan çykma.

* * *

Ilden tama edeniň bilen ryzk açylmaz.

* * *

Ile döwlet geler bolsa, bagşy bilen ozan geler,
Ilden döwlet gider bolsa, töre bilen tozan geler.

* * *

Ile sygan – il bolar.

* * *

Ilim abat – özüm abat.

* * *

Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn.

* * *

Iliň agzy bir bolsa, dagy goparar.

* * *

Iliň akyly bilen akylly bolup bolmaz.

* * *

Iliň aýby – gülki, öz aýbyň – ölüm.

* * *

Iliň bereni – dadymlyk, Hudaýyň bereni – doýumlyk.

* * *

Iliň güýji – siliň güýji.

* * *

Ilini sylan – bal iýer.

* * *

Ilini sylan – beg bolar.

* * *

Ilini ýamanlan, gyrda öler.

* * *

Ilkagşam Ülkerim depämde bolsa, ýazym üstümde bolar.

* * *

Ilki görüş, soňra tanyş.

* * *

Ilki iş, soň iýmiş.

* * *

Ilki öýüň içi, soň daşy.

* * *

Ilki özüňi düzet, soň ile at dak.

* * *

Ilki tagam, soňra kelam.

* * *

Ilki ýoldaş, soňra ýol.

* * *

Ilkinji külçe külsüz bolmaz.

* * *

Inçe ýüp artar, ýogyn ýüp ýortar.

* * *

Inerdenem nerrik dogar.

* * *

Inim bilen u:ja:m, damagym sagdyr, hoja:m.

* * *

Iňňe dilegi-de dileg, düýe – dilegi-de.

* * *

Iňňe gezse, ýüpek ýatar.

* * *

Iňňe ogurlan düýe talar.

* * *

Iňňe ýörese, ýüplük hem daýanmaz.

* * *

Ir düşen ýazdan gork, enesiz ösen – gyzdan.

* * *

Ir eken harman alar, giç eken – arman.

* * *

Ir ekenler – harmanda, giç ekenler – armanda.

* * *

Ir ekseň ekini, ýere urar köküni,
Giç ekseň ekini, alarsyň belaň okuny.

* * *

Ir gelen sakada oturar, giç gelen – ýakada.

* * *

Ir gülmedik giç gülmez, giç gülmedik hiç gülmez.

* * *

Ir öýlendirdim, ir söýündirdi.

* * *

Ir öýlendiren oglumdan, ir turup eden işimden.

* * *

Ir turan işinden dynar.

* * *

Ir turan ökünmez.

* * *

Ir turana iki paý.

* * *

Ir turanyň rysgaly artyk.

* * *

Irinen gyz ärden galar.

* * *

Irinen iki işlär.

* * *

Irmedik awçy alar.

* * *

Isrip – haram.

* * *

Iş – hassasy, söz – ussasy.

* * *

Iş akyly tapar, akyl – işi.

* * *

Iş aşa çeker, ýaltalyk – başa.

* * *

Iş bar iş arasynda, kebap çiş arasynda,
Iýme namart nanyny, galar diş arasynda.

* * *

Iş başy gara damak, soňra ýatyp uklamak.

* * *

Iş etmän ilden öýkeleme, ekin ekmän – ýerden.

* * *

Iş gamyny säher iý, gyş gamyny – bahar.

* * *

Iş gaýtjak bolsa burnuň suwy göze damar.

* * *

Iş guralyň bolsa saz, muşakgatyň bolar az.

* * *

Iş gutarandan soň, berekellaçy köpeler.

* * *

Iş gyssagda biter.

* * *

Iş köp – kömür az, ussa köp – demir az.

* * *

Işanlara barsaň iş kän, bibilere barsaň – pişge.

* * *

Işanym diýip, eşegimden aýryldym,
Hojam diýip, horjunymdan aýryldym.

* * *

Işanyň işi tükenmez, dagyň – daşy.

* * *

Işde çus bol, saçakda – sus.

* * *

Işe başlamankaň, soňuny oýlan.

* * *

Işe-de tükenme ýok, iýmişe-de.

* * *

Işi akyl bile tut, zehin bile gutar.

* * *

Işi balarysyndan öwren, agzybirligi – goýun sürüsinden.

* * *

Işi bitdi, tilkisi guýudan çykdy.

* * *

Işi bitmez, jany dynmaz.

* * *

Işi owal başlama, başladyňmy, taşlama.

* * *

Işi töwekgel bitirer.

* * *

Işigaýdany düýäniň üstünde it ýarar.

* * *

Işigi barka, derejeden barma.

* * *

Işigiňden akýan suwuň gadyry ýok.

* * *

Işik açyk bolsa-da, sorap gir.

* * *

Işik tapylman, tör tapylmaz.

* * *

Işikden gündeş girdi, gowga tapyldy.

* * *

Işikden sygmadyk derejeden ötmez.

* * *

Işikden tapsaň, töre geçme.

* * *

Işim bitdi – eşegim laýdan çykdy.

* * *

Işiň çetlände, maslahaty işi rowaçdan sora.

* * *

Işiň düşmesin akmak bilen, işi seni ýakmak bilen.

* * *

Işiň düşse, ite-de ýalbararsyň.

* * *

Işiň gowşak ýerinden oslanmadyk iş çykar.

* * *

Işiň janyny işlän alar.

* * *

Işiň özi bir şaýylyk, galmagaly müň tümenlik.

* * *

Işiň soňuna garan ökünmez.

* * *

Işiň soňuny saýan batyr bolmaz.

* * *

Işiň ussasy – okamak.

* * *

Işiňi ham eýleme, ham seniň ýanyňdadyr.

* * *

Işlän eliň puly köp.

* * *

Işlän ölmez, iglän öler.

* * *

Işläne – bar, işlemedik – nana zar.

* * *

Işläp adam ölmez, ýortup – it.

* * *

Işlemedik – dişlemez.

* * *

Işlemedik ölmez, ölmese-de gülmez.

* * *

Işleýän demir pos bilmez.

* * *

Işli elim görkli.

* * *

Işşek eti – em bolar, çebiş eti – ýel.

* * *

Işsiz gelip, işleýäniň işini galdyrar.

* * *

Işsizlikden ýaman zat ýok.

* * *

Işýakmaz iýende çörek aglarmyş.

* * *

It – ata, är – daýa.

* * *

It agsynar, guş guzlar.

* * *

It agzyndan süýek artmaz.

* * *

It alnyna gelen gurt alnyna-da geler.

* * *

It arryklygyny gurda bildirmez, guýruk gabardar.

* * *

It Aýa üýrüp, başyna bela getir.

* * *

It batyra üýrer, gorkagy ýarar.

* * *

It bile oýnan, üýrmäni-de öwrener.

* * *

It burnundan üşär.

* * *

It çakany[1] ata deger, at çakany ite degmez.

* * *

It çopanyň goldaşy, ýalňyzlykda ýoldaşy.

* * *

It doýan güni ogurlyk eder.

* * *

It eýesini, pişik bikesini tanamaz.

* * *

It gara görmese üýrmez.

* * *

It gargyşy gurda ýokmaz.

* * *

It garrasa, gapydan gitmez.

* * *

It gedaýdan gorkar, gedaý – itden.

* * *

It getiren siňek, ýel getiren gamak.

---

[1] Çakan – reňk aňladýan söz.

* * *

It gözi tütün bilmez.

* * *

It gursagy ýag götermez.

* * *

It gylygyna eýesi ýetik.

* * *

It ite buýrar, it-de guýrugyna.

* * *

It itiň guýrugyny basmaz, mert merdiň ýoluny kesmez.

* * *

It nähili üýrse, güjügi-de şol mukamda üýrer.

* * *

It ne gara görsün, ne üýrsün.

* * *

It öýkelär, eýesi bilmez, gul öýkelär, hojasy bilmez.

* * *

It üýrer, kerwen geçer.

* * *

It ýal iýen ýerinde üýrer.

* * *

It ýalagyny ýalaman doýmaz.

* * *

It ýassanan ynjalmaz.

* * *

It ýok oýda tilki gezer.

* * *

It ysgan suwy arslan içmez.

* * *

It yzyňdan galmasyn diýseň, ýalyny kem.

* * *

It ýüwrügni tilki söýmez, gamly kişi gülki söýmez.

* * *

It ýyly ek, doňuz ýyly or.

* * *

It ýyrtyk donlyny ýarar.

* * *

Itden aç-da ýok, dynç-da.

* * *

Itden arsyz, eşekden gadyrsyz.

* * *

Itden dogan gurbanlyga ýaramaz.

* * *

Itden utanmasaň hem, eýesinden utan.

* * *

Ite – şam, gurda – iým.

* * *

Ite saryýag ýaraşmaz, eşege – zagpyran[1].

* * *

Ite ýaly az berseň, gapydan garamaz.

* * *

Ite-de uýat ýagşy.

* * *

Item öz öýünde batyr.

* * *

Iti gapmaz diýme, aty – depmez.

* * *

Iti bisanyň, dölesine gurt girer.

* * *

Iti bolmadygyň, ýalagy bolmaz.

* * *

Iti eýesiniň hakyna sylarlar.

* * *

Iti gylyksyz, ili biliksiz[2].

---

[1] Zagpyran – sary reňkli oňat ysly ösümlik.
[2] Bilik – ylym, sowat.

* * *

Iti it bile dalarlar.

* * *

Iti öldüren süýrär.

* * *

Itil[1] gargasy Itile uçar, Ýaýyk[2] gargasy – Ýaýyga.

* * *

Itim – gutum.

* * *

Itiň agzy ala bolsa-da, möjek görende biriger.

* * *

Itiň akylsyzy, gatlamadan tama eder.

* * *

Itiň boýnuna göwher daksaň, item aglar, göwherem.

* * *

Itiň demi – süňküň emi.

* * *

Itiň dertli bolmasyn.

* * *

Itiň dogasy kabul bolsa-dy, gökden guýruk ýagardy.

---

[1] Itil – Wolga derýasy.
[2] Ýaýyk – Ural derýasy.

* * *

Itiň yzyndan bar, atyň – öňünden.

* * *

Iýeniň – az, saglygyň – saz.

* * *

Iýip doýmadyk – ýalap doýmaz.

* * *

Iýmli at armaz.

* * *

Iýseň agyzda ýok, geýseň – eginde.

* * *

Iýýäniň ýaman bolsa-da, diýýäniň ýaman bolmasyn.

– J –

Jähenneme giden özüne ýoldaş agtarar.

* * *

Jahyllykda bezenmedim, haýp maňa,
Gojalykda bezenmekçi, aýp maňa.

* * *

Jahylyň ybadatyndan alymyň ukusy gowy.

* * *

Jalada galan ýagyşdan gorkmaz.

* * *

Jan – amanat, didar – ganymat.

* * *

Jan bar – gam bar, bigam kim bar?

* * *

Jan bar ýerde kaza bar.

* * *

Jan beren Taňry nan hem berer.

* * *

Jan berene jaý ber.

* * *

Jan berseň, gardaşa ber, müň ýyl geçse-de ýat bolmaz.

* * *

Jan gutarmasa, nan gutarmaz.

* * *

Jan hem agyzdan çykar, lebiz hem.

* * *

Jan tartmasa-da, gan tartar.

* * *

Jandan geçmeseň, janana nirde,
Jemaly seçmeseň, gaýnene nirde.

* * *

Jany agyran Taňrysyna gargar.

* * *

Jany agyranyň gamy bar, biçäräniň kimi bar.

* * *

Jany agyrmadygyň Hudaý bilen ne işi bar.

* * *

Janym sag bolsun, başym jenjelden çykmasyn.

* * *

Jemala bakma, kemala bak.

* * *

Jepakeşiň nany şirin, jany gaty,
Ýaltanyň jany şirin, nany gaty.

* * *

Jepasyny çeken wepasyny görer.

* * *

Jepasyny men çekdim, sapasyny ýat gördi.

* * *

Jik-jikiden guş bolmaz, etindenem aş bolmaz.

* * *

Jomart aşda belli, batyr – söweşde.

* * *

Jomart baryny berer, namart – ýaryny.

* * *

Jögiden batyr dörese, çadyryny çapar.

* * *

Jöweni çaňa sep, bugdaýy – laýa.

* * *

Jöwzada ýygnan, saýada iýer.

* * *

Jüýje rysgally bolsa, enesiniň süýdi bolardy.

* * *

Jüýjeli towukdan iým artmaz, çagaly öýden – nan.

* * *

Jyndan gorkan albassa duşar.

– K –

Kabul bolmajak doga «Ämin!» diýilmez.

* * *

Kagyzdan gala bolsa, almasy bela bolar.

* * *

Kanagat baý eýlär, nebis har eýlär.

* * *

Kanagata – bereket.

* * *

Kararsyz gezen haksyz çykar.

* * *

Kaşaň at gamçysyz ýöremez.

* * *

Kasas kyýamata galmaz.

* * *

Kastlyk – ahyry peslik.

* * *

Kaza görnüp gelmez.

* * *

Kazylaşandan garyndaş bolmaz.

* * *

Kekeji gyssasaň, o-da ýok.

* * *

Kel başa näme gerek – demir darak.

* * *

Keliň iň ýuwaşy köprüniň aşagynda ýatyp, ýaby ürküzer.

* * *

Kelle bolsa, selle tapylar.

* * *

Kelle diňe telpek geýmek üçin däl.

* * *

Kellede akyl bolmasa, jan azapda.

* * *

Kem işleseň – keserler, ýaltanyp ýatsaň – gysarlar.

* * *

Kemsiz ýoldaş gözleseň, ýoldaşsyz galarsyň.

* * *

Kenebi nähili bolsa, matasy hem şonuň ýaly.

* * *

Kepegini aýan oraga ýeter.

* * *

Ker eşidenini biler, kör – tutanyny.

* * *

Kerri[1] goýun giç ürker.

* * *

Kesekiniň eli bilen ot gorsama.

* * *

Keserende kesmeseň, düwün galar içiňde.

---

[1] Kerri – gulagy çala eşidýän, gulagy agyr.

* * *

Kesewi uzyn bolsa, gol ýanmaz.

* * *

Kesilen baş bitmez, bitse-de eýesine haýyr bermez.

* * *

Kesmeseň – ganamaz.

* * *

Kethudasyny gör, kendini al.

* * *

Keýigiň gaçyşyny görüp, etinden el çekdim.

* * *

Keýik kowalan güle batar, doňuz kowalan – batga.

* * *

Kädiniň boýny bolsa-da, monjuk asylmaz.

* * *

Käkelän towuk ýumurtgalaman dynmaz.

* * *

Käkilik hernäçe saýrasa-da, höregi daşdyr.

* * *

Kämil ynsan kemalyndan belli.

* * *

Kän aşym – gowgaly başym.

* * *

Kiçi çille: «Ýalkasam – süýt-gatyk iýdirin,
Gargasam – kellebaşaýak» diýenmiş.

* * *

Kiçi çillede balam bolsaň damma,
Uly çillede ganam bolsaň diňme.

* * *

Kiçi çillede inçe üzülip, ýogyn sozular.

* * *

Kiçi ýüke düýe-de tiz çöker.

* * *

Kiçijik daş baş ýarar.

* * *

Kiçini uly saýmasaň, ol seni kiçi saýar.

* * *

Kiçiniň kiçi azary bar, ulynyň – uly.

* * *

Kiçisi bolmadygyň, ulusy bolmaz.

* * *

Kim – gaýkyny söýer, kim – küýküni.

* * *

Kim dile düşer, kim – üme.

* * *

Kim köp ant içse, soňy ýalana ýazar.

* * *

Kim tebip, derdi çeken – tebip.

* * *

Kime bir söz bes, kime müň söz hebes.

* * *

Kime ýagşylyk edýäniňi bilip et.

* * *

Kimiň bilen kişisiň, arryk goýnuň döşüsiň.

* * *

Kimiň kimdigi, başyňa iş düşende bilner.

* * *

Kimiň özüne ýamanlygy bar.

* * *

Kireýsiz kilim kakylmaz.

* * *

Kiri kir açar, kinäni – söz.

* * *

Kirt etse kireýli.

* * *

Kişi – kişiniň guly däl, niýet – niýetiň guly.

* * *

Kişi çagasyny kişşikleseň-de, durmaz,
Öz çagaňy depgileseň-de, gitmez.

* * *

Kişi eli bilen gowurga gysymlama.

* * *

Kişi eli bilen ot gorsama.

* * *

Kişi gaýgysy, ir girip, giç çykar.

* * *

Kişi günäsi, kişide durmaz.

* * *

Kişi kişä gyz görner.

* * *

Kişi maslahatyna çakylyksyz barma.

* * *

Kişi ýerine agaç ekseň, biwagt palta sesini eşidersiň.

* * *

Kişini kemsideniň özi näkes.

* * *

Kişiniň öýünde gapyny çalgylama.

* * *

Kişiniň özüne garama, sözüne gara.

* * *

Kişiniň palawyndan, öz çorbaň ýagşy.

* * *

Kişmiş iýseň, çöpi bar.

* * *

Kitap okan magnydan dok.

* * *

Kitapsyz okalmaz, merdiwansyz çykylmaz.

* * *

Kowsaň öňüňe seret, gaçsaň – yzyňa.

* * *

Kowum-garyndaşyň bile iý-iç, ýöne alyş-beriş etme.

* * *

Koý balasy mäleý-mäleý köpeler,
Gurt balasy uwlaý-uwlaý tükener.

* * *

Koý ýylynyň rehneti il-ulusyň bereketi.

* * *

Köl balygy – il baýlygy.

* * *

Kölegede biten agajyň kölegesi bolmaz.

* * *

Kölegesinde it ýatmaz, çanagyna çemçe batmaz.

* * *

Kölegesinde oturjak agajyň şahasyny döwme.

* * *

Kömekleşen ýow gaýtarar.

* * *

Köne dost – eýerli at.

* * *

Köne duşman dost bolmaz, gara keçe – ak.

* * *

Köne pagta biýz bolmaz.

* * *

Köne saman agtarma.

* * *

Könesi bolmadygyň, täzesi bolmaz.

* * *

Könesini harlan hor bolar.

* * *

Könesiz täze bolmaz, ýamansyz – ýagşy.

* * *

Köňlüni uly tutan ýerde döwlet bolmaz.

* * *

Köňül söýen gözeliň agy-da bolmaz, garasy-da.

* * *

Köp aýlansaň, ýykylarsyň.

* * *

Köp barma ýanyna duşman adamyň,
Bilmesin syryňy, almasyn çemiň.

* * *

Köp ber, gözel al.

* * *

Köp bil, az sözle.

* * *

Köp damjadan köl bolar.

* * *

Köp diňlän süýji geplär.

* * *

Köp durandan sorama, köp ýöränden sora.

* * *

Köp geplän köp ýalňyşar.

* * *

Köp gezen köp eşider.

* * *

Köp gözlense, ýok hem tapylar.

* * *

Köp guduran bir büdrär.

* * *

Köp gulan bir agsagyny bildirmez.

* * *

Köp gülen, bir aglar.

* * *

Köp iýseň bal hem ajy deger.

* * *

Köp söz seni il içinde har eder.

* * *

Köp sözden kümüş önse, az sözden altyn öner.

* * *

Köp sözüň azy ýagşy, az sözüň – uzy.

* * *

Köp sözüň soňy – utanç.

* * *

Köp üçin aglasaň, gözden galarsyň.

* * *

Köp ýagşynyň içine bir ýaman sygmaz.

* * *

Köp ýaşan bilmez, köp gezen biler.

* * *

Köp ýaşyň arasyna bir garry girse, sähne bolar,
Köp garrynyň arasyna bir ýaş girse, dana bolar.

* * *

Köp ýatan myhman özüni ýigrendirer.

* * *

Köp ýortan bir taýar.

* * *

Köpe çapan azdan galar.

* * *

Köpe geňeş, bildigiňi et.

* * *

Köpegiň guýrugyny keseniň bilen tula bolmaz.

* * *

Köpi gidip, azy galan.

* * *

Köpi köp saýan, azdan gury galar.

* * *

Köplüge daş atylmaz.

* * *

Köplük bolup atylan daş uzak gider.

* * *

Köplükde hylwat sorma.

* * *

Köprüden geçýänçäň, öküze daýy diý.

* * *

Köpüň agzy bir bolsa, biriň agzy ýapylar.

* * *

Köpüň dilegi köl bolar.

* * *

Köpüň köjesi gaýnamaz.

* * *

Kör – iýer, köse – gägirer.

* * *

Kör hasasyn bir aldyr, iki aldyrmaz.

* * *

Kör sermäp tapar, akylly – oýlap.

* * *

Kör syçanyňam öz hininde gözi ýiti.

* * *

Köre birini berseň, ikini islär.

* * *

Körüň ätlän ýeri çukur.

* * *

Kötek güýçli bolsa, ýüň gazyk ýere girer.

* * *

Külal ommukdan[١] suw içer.

* * *

Külden depe bolmaz, gardan – oýuk[٢].

* * *

Kümüşçi dostuň bolsa, kümüşden çekijiň bolar.

* * *

Kümüşleriň külkesi, asýa[٣] unuň belkesi.

* * *

Kündük bahasyny ybryk[٤] tükeder.

* * *

Kutdan[٥] turan ýel gudrat.

---

[١] Ommuk – palçykdan ýasalýan jürdek.
[٢] Oýuk – çelgi.
[٣] Asýa – degirmen, haraz.
[٤] Ybryk – küýze.
[٥] Kut – günbatar tarap.

* * *

Kütek pyçak – el keser.

* * *

Küýze döwülse, ýama tutmaz.

* * *

Kyrk boldy – pyrk boldy.

* * *

Kyrk geçitden – bir guduk[1].

* * *

Kyrk guşy gaçyrmadykdan mürüşgär[2] bolmaz.

* * *

Kyrk gysymda gysmasaň, bir gysymda gysdyrmaz.

* * *

Kyrk ýyl gyran gelse, içinde ajaly ýeten öler.

* * *

Kyrk ýyl maýa gezýänçäň, bütin bir ýyl ner gezgin.

* * *

Kyrk ýyl takat çekinçäň, säher gözden ýaş dökgün.

* * *

Kyrk ýylky tarpdan, bir ýylky şüdügär.

---

[1] Guduk – guýy.
[2] Mürüşgär – aw guşy bilen aw edýän adam.

* * *

Kyrk ýylkydan, kyrk günki.

* * *

Kyrka çenli köse ýagşy, kyrkyndan soň duýsa ýagşy.

* * *

Kyrkyň içinde janyny gaýgyran kapyr.

* * *

Kyýamat golaýlasa, dermansyz kesel köpeler.

– L –

Laçyn bilen düýe awlanmaz.

* * *

Lagnat şeýtana ýaraşar, rehmet – Subhana.

* * *

Lalyň diline enesi düşer.

* * *

Lebzini ýuwdan – kapyr.

* * *

Leglegiň[1] gideni görünmez, geleni görner.

[1] Leglek – guşuň ady.

* * *

Leglek bilen gar geldi.

* * *

Leglek göwnüni tak-tak bilen hoşlar.

* * *

Leglek gününi leg-leg diýip geçirer.

* * *

Leýsan[1] ýagmyry rehmet getirer.

* * *

Lezzet yzzaty bilen geler.

* * *

Lälik çaga täze eşige begener, ýetim çaga garnynyň – doýanyna.

* * *

Lukma çörek garyn doýurmaz.

* * *

Lukmanyň alaç etmedigini Ezraýylyň dergähinden[2] agtar.

---

[1] Leýsan (neýsan) – hijri-şemsi aý hasabynda Nowruz aýynyň 21-inden Gurbansoltan aýynyň 22-sine çenli aralygy öz içine alýar.

[2] Dergäh – bosaga, işik, gapy.

– M –

Mal adama hem dost, hem duşman.

* * *

Mal ajygy – jan ajygy.

* * *

Mal – bakanyňky, ot – ýakanyňky.

* * *

Mal baýlygy – bir gyşlyk, ýer baýlygy – ömürlik.

* * *

Mal ber, mülk al.

* * *

Mal bir ýere gider, güman müň ýere.

* * *

Mal diýeniň jan ýagysy.

* * *

Mal eýesiniň gözünden suw içer.

* * *

Mal – hal.

* * *

Mal jany gazanmaz, jan maly gazanar.

* * *

Mal – mert, eýesi – namart.

* * *

Mal ýagşysy – maýa.

* * *

Malsyz öý bolar, nansyz öý bolmaz.

* * *

Maly bolmadygyň, haly bolmaz.

* * *

Maly gazanan baksyn, oduny ýygan ýaksyn.

* * *

Maly giden garyp däl, abraýy giden garyp.

* * *

Maly paýlasaň dagar, ylmy paýlasaň gögerer.

* * *

Maly ýok diýip, dostdan dönme.

* * *

Malym – janym.

* * *

Malym gitse gitsin, pälim gitmesin.

* * *

Malym mal bolýança, bazarym bazar bolsun.

* * *

Malyň azy ajykdyr, ýeriň – köpi.

* * *

Malyň horany – Hudaýyň bereni, aýalyň horany – Hudaýyň urany.

* * *

Malyny it iýer, ýakasyny – bit.

* * *

Manysyz gep bolmaz, dänesiz – çöp.

* * *

Maslahat bilen atylan daş uzak gider.

* * *

Maslahat bilen tutulan toý dargamaz.

* * *

Maslahatly biçilen don gysga bolmaz.

* * *

Maşgalada agzybirlik bolsa, hazyna gerek däl.

* * *

Maýasyz hamyr ajamaz.

* * *

Maýda ýagan gardan gork, gülüp bakan – ärden.

* * *

Mejnun kimin ders okan ahyry «Welleýlide» galar.

* * *

Mellekçä ýer bereň, ýer eýesini ýerden çykarar.

* * *

Men bizar – il bizar, il bizar – Hudaý bizar.

* * *

Men gezmen, nesibäm gezer.

* * *

Meňki bitsin, seňki ýitsin.

* * *

Menlik – melgunyň başyna

* * *

Menlik etseň, melal[`] bar, kemlik etseň – kemal.

* * *

Merde bar, merde bar, göç-de, täze ýurda bar,
Dok diýip, tilkä barandan, aç-da bolsa gurda bar.

* * *

Merde berseň aşyňy, mert hezzetlär başyňy,
Ite berseň, aşyňy, it çekelär läşiňi.

[`] Melal – gaýgy, gam, gussa.

* * *

Merde ýalbarsaň peseler, namarda ýalbarsaň eseler.

* * *

Merduwansyz tam üstüne çykylmaz.

* * *

Mert Hudaýdan görer, namart – ýoldaşdan.

* * *

Mert serini berer, syryny bermez.

* * *

Mert söweşde belli, dana – geňeşde.

* * *

Mert ýigitden mert dogar.

* * *

Mert ýigitler supra[1] ýaýar, a:t alar.

* * *

Mesde akyl bolmaz, gäwürde – iman.

* * *

Mesdi haýran, döküldi aýran.

* * *

Mesligi goýun göterer, goýnuňam garasy.

---

[1] Supra – saçak.

* * *

Metjidiň gapysy açyk bolsa-da, ite-de uýat ýagşy.

* * *

Minara islän minara boýy çukur gazar.

* * *

Minnetli asal iýeniňden, minnetsiz kesek iý.

* * *

Minnetli okalan namaz ýol almaz.

* * *

Minnetli ýagşylykdan gaça dur.

* * *

Minnetsiz çörek – baýram çöregi.

* * *

Mirasdan ýumruk ýetse-de, al.

* * *

Miwe agajyndan daşa düşmez.

* * *

Miweli agaja palta degmez.

* * *

Miweli agajy kakmasaň, miwesi dökülmez.

* * *

Miweli agajyň başy aşak.

* * *

Miweli şahany döwmezler.

* * *

Miwesiz agaç – odun, ýagyşsyz bulut – tütün.

* * *

Mizan[1] çalyp, hazan[2] uran.

* * *

Mizanda urmasam, hazanda uraryn,
Hazanda urmasam – akrapda,
Akrapda urmasam, ahyretde hem urmaryn.

* * *

Mizandan soň güýz ýok.

* * *

Molla bapdan geçmez, eşek – ýapdan.

* * *

Molla bilen köp oturyp-turuşan ahyrda mürit bolar.

* * *

Mollada berim bolmaz, gedaýda – şerim.

* * *

Mollaly oba – musulman, ussaly oba – abat.

---

[1] Mizan – hijri-şemsi aý hasabynda Ruhnama aýynyň 23-inden Garaşsyzlyk aýynyň 22-si aralygy.

[2] Hazan – ýokarky hasap boýunça Garaşsyzlyk aýynyň 23-inden Sanjar aýynyň 22-si aralygy.

* * *

Mollaň almyty, gargaň iýmiti.

* * *

Mollanyň diýenini et-de, edenini etme.

* * *

Mollanyň garny bäşdir, biri hemişe boşdur.

* * *

Mollanyň özi ogurlap, özi ýol tapar.

* * *

Möjegiň öýi süňksüz bolmaz.

* * *

Möjekden gorkan goýun bakmaz.

* * *

Möý bar ýerde kerep bar.

* * *

Mugt Buharda ýok.

* * *

Muhannes giň ýerde akyl saýynar.

* * *

Muňalanyň ýüzi Käbä.

* * *

Muňly[1] günüňde-de bugly tagamy taşlama.

* * *

Musulmançylyk hem asta-asta.

* * *

Musulmançylyk inçe-de bolsa, üzülmez.

* * *

Mülk bölünse, tiz dargar.

* * *

Müň aýal aglasa-da, bir enäniň ornuny tutmaz.

* * *

Müň berişden, bir görüş.

* * *

Müň garga bir kesek.

* * *

Müň gaýgy bir iş bitirmez.

* * *

Müň geçitden[2] bir metjit, müň metjitden bir içit[3].

---

[1] Muňly – gaýgyly, gussaly.
[2] Geçit – köpri.
[3] Içit – guýy.

* * *

Müň gezek «pygamber» diýenden, bir gezek «Hudaý» diý.

* * *

Müň gidenden, bir gelen.

* * *

Müň goýunlynyň bir goýunla dilegi düşer.

* * *

Müň hünärden zerre döwlet ýagşy.

* * *

Müň işçiden bir başçy.

* * *

Müň nesihatdan bir serenjam.

* * *

Müň ýyldyzyň şöhlesi bir Aýyňkyça bolmaz.

* * *

Müňe dözen müň bire-de dözer.

* * *

Müňküriň göwnünden gitmez gümany.

* * *

Mürşit[1] bosaga ýetende, mürit[2] eýýäm törde.

---

[1] Mürşit – molla, pir.
[2] Mürit – sopy, mürşide eýerýän adam.

* * *

Mürüşgär guşuny tanamasa, guş mürüşgäri tanar.

* * *

Mürzeweliň aty ýeser, gamçylacaň, gaýra teser.

* * *

Müşderi[1] mal tanasa, käsip[2] aç öler.

* * *

Müşderiniň akyly gözünde bolar.

* * *

Müsürde şa bolandan, Kenganda geda bol.

* * *

Myhman – öý eýesiniň guly.

* * *

Myhman doýmadym diýmez, soýmadyň diýer.

* * *

Myhman az otursa-da, köp synlar.

* * *

Myhman birinji gün – gyzyl, ikinji gün – kümüş, üçünji gün – mis.

---

[1] Müşderi – iş bilen gelip gidýän, satyn alyjy, hyrydar.
[2] Käsip – kesp ediji, iş bilen meşgul bolýan adam.

* * *

Myhman geler işikden, ryzky geler deşikden.

* * *

Myhman islänini iýmez, bolanyny iýer.

* * *

Myhmana söwüş soýmak ärlikden däl, barlykdan.

* * *

Myhmana ýyly çörek bilen garpyz berme, sowuk çörek bilen – sogan.

* * *

Myhmany atar, başyňy gutar.

* * *

Myhmany erkine goýdugyň, oňa sylag etdigiň.

* * *

Myhmanyň gelmegi özünden, gitmegi öý eýesinden.

* * *

Myhmanyň itine-de: «Tur!» diýme.

* * *

Myhmanyň öňünde aş goý, iki elini boş goý.

* * *

Mylaýym kişi salamat gezer.

* * *

Mysgal demri deňiz hem göterip bilmez.

– N –

Nadan dostdan dana duşman ýagşydyr.

* * *

Nadan oglan atasyna öwreder.

* * *

Nadan sözledigiçe halyny bildirer.

* * *

Nahardan öň elini ýuwmadyk özüni sylamaz,
Nahardan soň elini ýuwmadyk – iýen duzuny.

* * *

Naharyň bişerine garaşan sowaryna-da garaşar.

* * *

Namarda barandan keremli daga bar.

* * *

Namarda bir iş müň oý getirer.

* * *

Namarda zar bolandan gara derýa gark bol.

* * *

Namardyň dünýäsi dar.

* * *

Namardyň gany çyksa, jany çykar.

* * *

Namart – aş üstünde, mert – iş üstünde.

* * *

Namart sözüni jomart diňlemez.

* * *

Namaz iş bitirer, iş namazy ýitirer.

* * *

Namaz okamaýanyň meýli azanda bolmaz.

* * *

Namazdan soňky iş bähbitdir.

* * *

Nan – öwlüýä.

* * *

Nan – uludan, suw – kiçiden.

* * *

Nandan düwünseň, suw iç, suwdan düwünseň, ýag iç,
Ýagdan düwünseň, kepeniňi biç.

* * *

Nany tamdyr gyzanda ýap.

* * *

Ne çiş köýsün, ne kebap!

* * *

Ne gazygy bar, ne ýatagy.

* * *

Ne getirenden, ne oturandan.

* * *

Ne hamyr, ne petir, ne toýa ýarar, ne – ýasa.

* * *

Ne sakgala minnet, ne-de murta hyzmat.

* * *

Nebis bir zalymdyr, şeýtan bir – gäwür.

* * *

Nep getirmez – gep getirer.

* * *

Neşekeş ýülünmez, ýülünse-de, galynmaz.

* * *

Nesibe başçy, biz goşçy.

* * *

Nesibe bir erkeç bolar, tartsaň geler, dursaň durar.

* * *

Nesibesiz – tapar, nesibeli – ulanar.

* * *

Nesihat gerek bolsa, ýalta iş buýur.

* * *

Nesip, nireden gelýäň? Agzaladan. Nesip, nirä barýaň? Agzybire.

* * *

Nesipden ýokary zat ýok.

* * *

Nesipsiz lukma iýilmez.

* * *

Nesýe guýrukdan nagt öýken.

* * *

Nähak gan ýerde ýatmaz.

* * *

Nähak töhmet – biwagt ölüm.

* * *

Näkesden pis görme, ýamandan – bedgat.[1]

* * *

Näkesiň işi minnet bolar.

* * *

Näletkerde ogluň garamaty atasyna ýeter.

---

[1] Begdat – täzelik, açyş.

* * *

Näletkerde ogul dogdy-dogmady.

* * *

Nämäni görmeseň, şol gowy.

* * *

Nämäni har tutsaň, şoňa-da zar bolarsyň.

* * *

Näme berseň eliň bilen, ol-da gider seniň bilen.

* * *

Näme ekseň, şony-da orarsyň.

* * *

Nire daş, bosaga daş.

* * *

Nirede gotur bolsa, gara çybyn şoňa gonar.

* * *

Nirede syzy (agyry) bolsa, çekýän biler.

* * *

Niýet – haýyr, akybet[1] – haýyr.

* * *

Niýetiň näme bolsa, myradyň şonda.

---

[1] Akybet – ahyr, soň, yz.

* * *

Nogsansyz dost gözlän dostsuz galar.

* * *

Nowruz geçiň şahyny ezse, hasyla garaş.

* * *

Nowruz geçmän, dertli dertden sabamaz[1].

* * *

Nowruz gelse, buz durmaz, halady geçen – gyz.

* * *

Nowruzdan soň gyş bolmaz, mizandan soň – ýaz.

* * *

Nowruzyň gaýynda, togsanyň haý-haýynda.

* * *

Nyrhsyz giren muzdsuz çykar.

– O –

Oba göçjek diýip, odunyňy tüketme.

* * *

Obadaşym – babadaşym.

---

[1] Sabamak – gutulmak, aýak üstüne galmak.

* * *

Obasy abadyň, kowumy-da salamat.

* * *

Oda gelen aýalyň otuz agyz sözi bar.

* * *

Odun diýeniň çöp bolar, çöpläberseň, köp bolar.

* * *

Oduň damagyna odun çydamaz.

* * *

Oduň gadyryny üşän biler, odunyň gadyryny – daşan.

* * *

Oduň öňünden, siliň soňundan.

* * *

Odunyň – gurusy, suwuň – durusy.

* * *

Odunyňy aýama, nanyňy söýeme.

* * *

Ody gozgasaň, öçer, goňşyny gozgasaň, göçer.

* * *

Ody ölçermez, kesewisini köýdürer.

* * *

Ody özüňe bas, ötmese kesekä.

* * *

Ody uçgun mahaly bas.

* * *

Ody ýaka bilmez, kesewini örtär.

* * *

Oglan – ata, gyz – enä.

* * *

Oglan aglar, tudana wagtynda bişer.

* * *

Oglan atadan öwrener saçak açmagy,
Gyz eneden öwrener geýim biçmegi.

* * *

Oglan bile uşagy, är aýagynyň duşagy.

* * *

Oglan dogur, gyz dogur, hamyryňy sen ýugur.

* * *

Oglan enesi gapy arkasy, gyz enesi ýassyk gabasy[1].

* * *

Oglan – ojakda, aýran – bujakda.

* * *

Oglan oýna gider, çopan – goýna.

---

[1] Gaba – uly.

* * *

Oglan turar, atasyna garar.

* * *

Oglana degen uýalar.

* * *

Oglana ýumuş buýur, yzyndan özüň ýüwür.

* * *

Oglana ýüz berseň, ýüzin düşer.

* * *

Oglanly öýde odun durmaz, gyzly öýde – suw.

* * *

Oglanly öýde ogurlyk ýatmaz.

* * *

Oglanlykda ekdigim, garrylykda ordugym.

* * *

Oglanlynyň aş mazasy ýok, sygyrlynyň – göç.

* * *

Oglansyz öý – otsuz ojak.

* * *

Oglany atasy tanar, aty – eýesi.

* * *

Oglany eklän biler, aty – saklan.

* * *

Oglany iki gol bilen saklarlar, gyzy – bir gol bilen.

* * *

Oglany urma, sökme, geplet.

* * *

Oglum gowy bolandan, gelnim ýakymly bolsun.

* * *

Ogluň ýetişse, gyzy ýagşy bile obadaş bol.

* * *

Ogly akylly, gyzy görkli ýigide döwlet dälmidir,
Ogly akylsyz, gyzy görksüz ýigide mähnet dälmidir.

* * *

Ogly baryň aladasy bar.

* * *

Ogly baryň özi bar, gyzy baryň – yzy.

* * *

Ogly bolan adam altyn tabakdan aş iýer.

* * *

Ogly oduna gidende atasy dona sygmaz.

* * *

Ogly ýamanyň enesi köçede gezer.

* * *

Ogly ýoguň orny ýok, gyzy ýoguň – gadyry.

* * *

Ogrudan ogurlamak – halal.

* * *

Ogry – azar, dogry – ozar.

* * *

Ogry baýnamaz, ýalançy ýaýnamaz.

* * *

Ogry dogrulykdan gep urar.

* * *

Ogry galanyna ýanar, öý eýesi – gidenine.

* * *

Ogry güjük gorkak bolar.

* * *

Ogry güjük gündiz ýatar, gije gezer.

* * *

Ogry ojagyňdan turmasyn.

* * *

Ogry pişik taýaga bakanyňdan gaçar.

* * *

Ogry saly gowşak.

* * *

Ogry-da özüne osar, orramsy-da.

* * *

Ogryn buga gelen äşgär guzlar.

* * *

Ogryň ýoly bir, kowgyň ýoly ýüz.

* * *

Ogrynyň orny-da bolmaz, düşegi-de.

* * *

Ogul atadan görmese, supra ýaýmaz.

* * *

Ogul dogsa, sagdak al, gyz dogsa – sandyk.

* * *

Ogul düzde ýagşy, gyz – öýde.

* * *

Ogul edebi bilen arzyly, gyz – gylygy bilen.

* * *

Ogul-gyz janyňa ýagydyr ýagy,
Ýagysyz dünýäni nädeýin dagy.

* * *

Ogul – hyzmatda, ata – yzzatda.

* * *

Ogul iýer – örä gider, gyz iýer – gyra gider.

* * *

Ogul ojaga çeker.

* * *

Ogul öýüň eýesi, gyz üstüň saýasy.

* * *

Ogul ýanynyň ody bar, gyz ýanynyň –ýady.

* * *

Oguldyr döwletiň başy, gyz-da bolsa göwün hoşy.

* * *

Ogulla ölüm ýok.

* * *

Ogully alynça ýalbarar, gyzly – ölinçä.

* * *

Ogully ýigit ölmändir, ogulsyz ýigit dogmandyr.

* * *

Ogulsyz ojakda ot ýanmaz.

* * *

Ogulsyza döwlet ýok, aýalsyza – eşret.

* * *

Ogurluk soňy – horluk.

* * *

Ogurlyk bolsa-da, aýap iý.

* * *

Ogurlyk eden uýalmaz, üstüne gelen uýalar.

* * *

Ojak başy ogulsyz, saçak başy gelinsiz.

* * *

Ojak içinden tutaşar.

* * *

Okadym diýme, bildim diý.

* * *

Okamak – iňňe bilen guýy gazmak.

* * *

Okaman molla bolan, çokman garga bolan.

* * *

Okan namazy ürküzen gurbagasyna degmez.

* * *

Okaýan il ozar, okamaýan il tozar.

* * *

Okuwa garrama ýok.

* * *

Ol eşekde ýüküm ýok, ýykylsa, habarym ýok.

* * *

Ol öýüň yşygy bu öýe düşmez.

* * *

On bolsa-da, hersiniň orny başga.

* * *

On iki ymama ýalbarandan, bir Alla ýalbar.

* * *

Oňmasaň – öýlen.

* * *

Oňmazyň iti ogry gidenden soň üýrer.

* * *

Oňşuk – bir, oňalga – iki.

* * *

Ony goltugyna alan otuzy aýasynda tutar.

* * *

Oraçalynyň işigi-de özüniňki, töri-de.

* * *

Oragy orlup, hoşasy galan.

* * *

Orakdan soň – hoşa.

* * *

Oranyň saman bolsa, harmanyňdan petir çykmaz.

* * *

Orta ýaşda aýalyň ölmesin, ara ýolda malyň galmasyn.

* * *

Osal bolsaň asarlar, ýuwaş bolsaň basarlar,
Ortamiýana bolsaň, il agasy ýasarlar.

* * *

Oslagsyz zyňlan daş baş ýarar.

* * *

Ot agyzly, orak dişli.

* * *

Ot astynda bela galmaz.

* * *

Ot belasyndan, suw belasyndan.

* * *

Ot bilen suw dilsiz ýagy.

* * *

Ot bolmadyk ýerde, tüsse bolmaz.

* * *

Ot – dokluk, suw – semizlik.

* * *

Ot köýdürer, ýer doýdurar.

* * *

Ot odundan doýmaz, baý maldan.

* * *

Ot öz köküniň üstünde biter.

* * *

Ot sowurýan agzyň orak ýaly dili bardyr.

* * *

Ot tütünsiz bolmaz, ýigit – ýazyksyz.

* * *

Otda bişen, tüsseden gorkar.

* * *

Otda ýanmaz, suwda batmaz.

* * *

Otdan kül dogar, külden – ot.

* * *

Otsuz gazan gaýnamaz, enesiz oglan baýnamaz.

* * *

Otuň gaýgysy dagyň başynda,
Iliň gaýgysy han-begiň başynda.

* * *

Oturan – gümra, gezen – derýa.

* * *

Oturan orun alar, ýörän – ýol.

* * *

Oturyp odun kesilmez.

* * *

Otuz iki dişden çykan otuz iki mähellä ýaýylar.

* * *

Otyrýeri kül üstünde, göwni Kap dagynda.

* * *

Owadan gelin toýy bezär, akylly gelin – öýi.

* * *

Owal oýla, soňra söýle.

* * *

Owaly bulut bolsa, soňy ýaz.

* * *

Owlak dogsa, oty bile, ogul dogsa ody bile.

* * *

Owuçlap içeniň suwsuzlygy gandyrmaz.

* * *

Oýnagyň o:t bolsa, bir ýeriňi ýakarsyň.

* * *

Oýnan utjakdyr, göreşen ýykjakdyr.

* * *

Oýnap aýtsaňam, oýlap aýt.

* * *

Oýnap ekseň, boýnap biter.

* * *

Oýnasa ogly ýeňer, çynyrgatsa – atasy.

* * *

Oýny götermeýän bilen oýun etme.

* * *

Oýun bilmeseň, oýunça öýkün.

* * *

Oýun bir, maza iki.

* * *

Oýun soňy – uruş, ýel soňy – ýagyş.

* * *

Oýunçy utulanyny bilse ýagşy.

* * *

Ozal birdi hiňňillik, iki boldy şiňňillik.

* * *

Ozal işe başlama, başladyňmy taşlama.

– Ö –

Ökünçsiz ölüm ýok.

* * *

Öküz öldi, ortakçylyk sowuldy.

* * *

Öküz öler, hamy galar, ýigit öler, namy[1] galar.

* * *

Öküze bil gerek, atyza – çil.

* * *

Öküzi buýnuzyndan tutarlar, adamy – sözünden.

* * *

Öküziň iýmini iýip, tananyň[2] ýatagynda ýatma.

* * *

Öküziň oýny ýaman, düýäniň – boýny.

* * *

Öl tezek, gury tezek, her kime geler gezek.

* * *

Öl-ä aýan, dir-ä güman.

---

[1] Nam – a:t.
[2] Tana – göle.

* * *

Ölçemän don biçme, boýlaman[1] suwdan geçme.

* * *

Ölegen malym öregen.

* * *

Ölen gaýdyp gelmez, aglamak bilen.

* * *

Ölen goýun gurtdan gorkmaz.

* * *

Ölen sygryň süýdi datly[2].

* * *

Ölen-ä ölüp janyny gutardy weli, waý galanyň halyna.

* * *

Öleni-hä öleni, gözüni garga çokmasy näme?

* * *

Öleniň yzynda ölüp bolmaz.

* * *

Öler ada – galar at.

* * *

Ölermeniň gözi ýaman, şerraýyň – sözi.

---

[1] Boýlamak – suwuň çuňdugyny, ýa çuň däldigini ölçemek.
[2] Datly – süýji, tagamly.

* * *

Öli arslandan diri syçan ýagşy.

* * *

Öli aýatdan doýmaz, diri – hezzetden.

* * *

Öli dagy çekilse-de, diri dagy çekilmez.

* * *

Öliniň wesýeti özi bilen gider.

* * *

Ölme eşegim, ýaz çykar, ýorunja dyzdan bolar.

* * *

Ölme-de, ýit diýenleri.

* * *

Ölmedige ömür köp.

* * *

Ölüm – Allanyň buýrugy.

* * *

Ölüm «Depede synçy goýdum, gapyda diňçi goýdum» diýenmiş.

* * *

Ölüm barlynyň malyny saçar, ýoklynyň aýbyny açar.

* * *

Ölümden başgasynyň alajy bolar.

* * *

Ölümden uýat ýaman.

* * *

Ölümden-de beter kişi minneti.

* * *

Ölüp ýeten öýkenim, darap ýeten dalagym.

* * *

Ölüsi bolan bir gün aglar, dälisi bolan – her gün.

* * *

Ölüşiňe görä gömüşim.

* * *

Ömrüňden iki gün galsa at al, bir gün galsa – aýal.

* * *

Ömür direlmez, göwün direler.

* * *

Ömür görki – bagt, ejir emi – wagt.

* * *

Ömür – öwreder, mähnet – baýadar.

* * *

Ömür uzar, görk tozar.

* * *

Ömürýoldaşyň malyna bakma, mährine bak.

* * *

Öň gelen – orun üçin, soň gelen – garyn üçin.

* * *

Öň uranyň dähsirisi[1] artyk.

* * *

Öňi ýagty bolan, özgelere çakyşmaz.

* * *

Öňki araba nirden ýörese, soňku-da şondan ýörär.

* * *

Öňki göçüň azaşanyny yzyndaky biler,
Ýoldaşynyň ýalňyşyny – ýanyndaky.

* * *

Öňüm gelenden, soňum gelsin.

* * *

Öňümde ajy goýduň, arkamda diňçi goýduň.

* * *

Örtener bolsaň, ölüňi agtar.

* * *

Örtülgi supranyň bir aýby bolar, açyk supranyň – müň aýby.

---

[1] Dähsiri – bady, täsiri, güýji.

* * *

Örtüli bazar dostlugy bozar.

* * *

Ötegçiniň gepi öldürmezem, güldürmezem.

* * *

Öten günüň belgisi ýok, daz[1] börügniň ülňüsi ýok.

* * *

Ötene ökünme, gelenden çekinme.

* * *

Öteni sözlinçäň, täzäni gözle.

* * *

Ötmez ömür bolmaz, dönmez döwür.

* * *

Öweni öküz, syndyrany sygyr.

* * *

Öweý ene dyndarmaz, gar suwy gandyrmaz.

* * *

Öweý ene ötden ajy.

* * *

Öweýiň ady gursun, onda-da ýady gursun.

---

[1] Daz – kel.

* * *

Öwrenen gylyk örkleseň-de durmaz.

* * *

Öwrenişen ýagyň uruşmaga ýagşy.

* * *

Öwrenje elini diňlär, ussat – paýhasyny.

* * *

Öwrenmek bir hünär, öwretmek iki hünär.

* * *

Öwünjeňiň ardy açyk.

* * *

Öwüt ber, öwüt alana, nesihat ber, gulak salana.

* * *

Öwüt – bizden, edep – özüňden.

* * *

Öwüt gulakda galmaz.

* * *

Öý eýesiniň bir öýi bolar, kireýçiniň – müň öýi.

* * *

Öý görki – gamyş, gyz görki – kümüş.

* * *

Öý içiniň syryny köçede ýaýma.

* * *

Öý ogrusyna it üýrmez.

* * *

Öý ýaraşygy – çaga, supra ýaraşygy – myhman.

* * *

Öýdäki gaýgym, daşardaky şatlygym.

* * *

Öýdäki hasaby bazar bozar.

* * *

Öýdäki hasap ýola ýaramaz.

* * *

Öýde otursam – boýdaşym, daşary çyksam – ýoldaşym.

* * *

Öýe gelene öýkäňi aňdyrma.

* * *

Öýe o:t girdi, gut girdi.

* * *

Öýi – öwlüýä, aýaly – müjewür.

* * *

Öýi arkasynda, çemçesi bilinde.

* * *

Öýkäň öý ýaly bolsa-da, öýüňe gelende aýtma.

* * *

Öýke – duşmanyň, akyl – dostuň.

* * *

Öýkeläniň paýy süýji.

* * *

Öýkelege bir gep az, iki gep kän.

* * *

Öýkeleseň ökün-de, raýyňdan gaýt.

* * *

Öýkesiz toý ýok, armansyz – ölüm.

* * *

Öýleden soň it ýatar, itden soň – bidöwlet.

* * *

Öýlenmedik ýigit il giýewi, çykmadyk gyz il gelni.

* * *

Öýüm bar – ülkäm bar, daýym bar – dünýäm bar, atym bar – kuwwatym bar.

* * *

Öýüm kepbe bolsa-da, nanym ketde bolsun.

* * *

Öýüň işi öýden uly.

* * *

Öýünde ýok köjelik, nämäňe gerek hojalyk?

* * *

Öz arrygyn har eden kişi arrygna zar bolar.

* * *

Öz aýagyňa – özüň palta urma.

* * *

Öz aýby – arkasynda, kişi aýby – öňünde.

* * *

Öz borjuny ödemedik öküner, il ýanynda dili gysga sakynar.

* * *

Öz ekeniň doýumlyk, kişi bereni dadymlyk.

* * *

Öz elim, öz ýakam.

* * *

Öz eşidesiň gelmeýän gepiňi özgelere-de aýtma.

* * *

Öz gadyryny bilmedik, il gadyryny näbilsin.

* * *

Öz gazan çukuryňa özüň düşersiň.

* * *

Öz içiňde ýatmadyk gep halkyň içinde-de ýatmaz.

* * *

Öz kölegäň ölünçäň yzyňdan galmaz.

* * *

Öz öýüm, çorbaly gözüm.

* * *

Öz öýüm – ölen düşegim.

* * *

Öz öýüň bosagasy – jennet.

* * *

Öz öýüne gulluk eden uly ile beg bolar.

* * *

Öz saçyň özüňe agyrlygy ýok.

* * *

Öz söýeniň özüňe suluw[1].

* * *

Öz söýeniň özüňe, hüýr görner gözüňe.

* * *

Öz töründe özi töre.

---

[1] Suluw – owadan.

* * *

Öz ýagdaýyny özi bilen hor bolmaz.

* * *

Özgäň syryny saňa aýdan seniňem syryňy özgä aýdar.

* * *

Özgäni hoşbagt edeni betbagt saýma.

* * *

Özge ýerde soltan bolandan öz iliňde oltaň[1] bol.

* * *

Özgeden utanmasaň hem, özüňden utan.

* * *

Özi adam bolana biziň öýde aş bolar,
Özi adam bolmadyga biziň öýde daş bolar.

* * *

Özi aýdyp, özi gülse – diwana,
Özi aýdyp, kişi gülse – dürdäne.

* * *

Özi gazanmadyk malda gadyr ýok.

* * *

Özi geleniň gadyry bolmaz.

---

[1] Oltaň – aýakgabyň aşagyna ýamalýan gök, teletin ýama.

* * *

Özi sözläp, kişi gülen haýran ýigit,
Özi sözläp, özi gülen weýran ýigit.

* * *

Özi ýykylan aglamaz.

* * *

Özi ýykylanyň özi turar.

* * *

Öz-özüne beglik eden özüne gulluk eder.

* * *

Özüni öwen – akmak, aýalyny öwen – gurrumsak.

* * *

Özüni öweniň tanapy çüýrük.

* * *

Özüň nähili bolsaň, ilem şonuň ýaly.

* * *

Özüň näme diýseň, gulagyň-da şony eşider.

* * *

Özüň özüňe baha berme, il saňa baha bersin.

* * *

Özüň suwara bolsaň, eşek hem çaparsyň.

* * *

Özüňde bolmadyk, älemde ýok.

* * *

Özüňden beýigi göreniňde pikir et, pesi göreniňde şükür et.

* * *

Özüňden önen balaýa, kime bararsyň nalaýa.

* * *

Özüňden uly bilen oýnap sözleşme.

* * *

Özüňe rowa görmedigiňi, özgä-de görme.

* * *

Özüňi süýt bil, dostuňy – gaýmak.

* * *

Özüňi ýorulan hasap etseň, ýoldaşyňy öldi bil.

* * *

Özüňki janyňdan öter, özgäňki – ýanyňdan.

* * *

Özüňkiň bir gapdaly ajy-da bolsa, bir gapdaly süýji.

– P –

Pada[1] azaşmaz, padyman[2] azaşdyrar.

* * *

Pada bakanda dostduk, hada[3] çapanda aýrylyşdyk.

* * *

Pakyr kişi – penada.

* * *

Pala ynanma, palsyz-da bolma.

* * *

Palaw iýseň daş tabakdan, uky geler gaş-gabakdan.

* * *

Palawa – kepgir, çorba – petir.

* * *

Palçyk bile – ymarat, nesip bile – zyýarat.

* * *

Pallaý-pallaý jan gider, asgyraý-asgyraý jan geler.

* * *

Parçasy tikesiz, çöregi kökesiz.

---

[1] Pada – sygyr sürüsi.
[2] Padyman – sygyr çopany.
[3] Hada – uzyn syrdam agaç.

* * *

Parhyny bilmeze ýarma-da bir gowurma-da.

* * *

Pataça ýol garşy.

* * *

Paý bereniň betine bakma.

* * *

Peltesiz çyra ýanmaz, hünärsiz ile ýaramaz.

* * *

Peri bilmedigini garry biler.

* * *

Perzende ata gorgan[1], ene – gurban.

* * *

Perzendiň näçe bolsa, ýüregiňem şonça.

* * *

Perzent akyly ýa başdakyda bolar, ýa ýaşdakyda.

* * *

Perzent ýagşy bolsa, ata rehmet, ýaman bolsa – nälet.

* * *

Perzent ýagşysy gül, ýamany bir pul.

---

[1] Gorgan – gala.

* * *

Pes bolsaň, öwlüýä bar, mes bolsaň – bazara.

* * *

Peşeçe duşmanyňy pilçe gör,

* * *

Petir[1] nan go:rdan gorkmaz, ýaman heleý – ärden.

* * *

Petir, meni menzile ýetir.

* * *

Peýdasy topukdan, zyýany dyzdan.

* * *

Peýdasyz perişdeden aşna döw ýagşy.

* * *

Pähimsiz batyr gola düşer.

* * *

Päl azman, başa bela gelmez.

* * *

Pil bilen peşäň işi deň gelmez.

* * *

Pir azman mürit azmaz.

---

[1] Petir – petir çörek, hamyrmaýa goşulman bişirilen çörek.

* * *

Pir azsa, mürit gönderer.

* * *

Pir-de öz ýoluna, hoja-da.

* * *

Pirim has – yhlasym bes.

* * *

Pis agyzdan pis söz çykar.

* * *

Pis pisi tapar, suw – pesi.

* * *

Pişigiň arkasy ýere degmez.

* * *

Pişigiň ýüwrükligi samanhana çenli.

* * *

Pişik bokuny tiz gömer.

* * *

Pitiwany[1] günäsine görä bererler.

* * *

Pitnelikde janyňy sakla, salamatlykda – malyňy.

---

[1] Pitiwa – kazynyň çykaran karary.

* * *

Polat polady deşmez, jöwher jöwheri kesmez.

* * *

Polat synar, ýöne döwülmez.

* * *

Pukaranyň aty nan, ýüreginiň kuwwaty nan.

* * *

Pul bermez, bazar saklar.

* * *

Pul bilen imanyň kimdedigi bilinmez.

* * *

Pul boldy – kül boldy.

* * *

Pul bolsa, jeňňelde çorba.

* * *

Pul gapydan girende, iman tüýnükden çykar.

* * *

Pul gören wagty hakykat agzyny ýumar.

* * *

Pul püçege döner, ýüň – ýumaga.

* * *

Pul puly tapar, mal – maly.

* * *

Pul puly tapar, şerigat – ýoly.

* * *

Pul tapsaň, sanap gör, dost tapsaň – synap.

* * *

Pulla – bazar, pulsuza – mazar.

* * *

Pulum-da ýok, dilim-de.

* * *

Puluň bolsa, pil münersiň.

* * *

Puluň bolsa gapjykda, işiň biter her çakda.

* * *

Puluň gidenine bakma-da, işiň bitenine bak.

* * *

Puly baryň agzy çeýnär, puly ýoguň gözi oýnar.

* * *

Puly gara günüň üçin sakla.

* * *

Puly gazanmak aňsat, saklamak kyn.

* * *

Puly ýoguň dili ýok, gözi ýoguň – ýüzi.

* * *

Puşman – özüňe duşman.

* * *

Pygamber awy ýedi towşan.

* * *

Pyýada gözi bilen at alma, dul gözi bilen – aýal.

– R –

Rahat arasaň, mazara bar.

* * *

Rastyny aýdan gutular, ýalan sözlän tutular.

* * *

Ruzygär sen bilen dolanyşmasa, sen ruzygär bilen dolanyş.

* * *

Rysgal geler diýip oturan aç galar.

* * *

Rysgaly agzyna gelen guş semrär.

* * *

Rysgalyňda bolsa, çomuşda[1] çykar.

[1] Çomuş – susak.

* * *

Rysgalyňy sat, röwşen al, galanyna-da – sabyn.

* * *

Rysgalsyz kelle görde ýagşy.

* * *

Rysgalym bir okdur, her ýere düşer.

– S –

Sa:banda[١] saýraşsaň, yndyrda[٢] yňraşarsyň.

* * *

Sabyr – ajy, miwesi – süýji.

* * *

Sabyr – müşgil işleriň açary.

* * *

Sabyr – sogabyň dogany.

* * *

Sabyr daşy – takat daşy.

* * *

Sabyr düýbi – sap altyn.

---

[١] Saban – ýer sürülýän döwür, ýagny ekiş wagty.
[٢] Yndyrda – hasyl ýygnalýan wagty.

* * *

Sabyr eden, myradyna ýeter.

* * *

Sabyr edenler, gara dagy ýer eder, bisabyrlar haýyr işi şer eder.

* * *

Sabyr etseň, tal horadan[1] bal damar.

* * *

Sabyr sary altyn – saralan ýeter myrada, howlugan galar uýada.

* * *

Sabyrly gul dura-dura şat bolar, bisabyr gul dura-bara mat bolar.

* * *

Sabyrly ýigit aşa ýeter.

* * *

Sabyrlylyk haýra geti:r, bisabyrlyk şere ýeti:r.

* * *

Sabyrlynyň alçasy bişer.

* * *

Saç agarmak ata mirasy, sakgal agarmak aýal belasy.

---

[1] Hora – bişmedik üzüm hoşasy.

* * *

Saç sapadan uzalar, dyrnak – jepadan.

* * *

Saçaga seredenden dost bolmaz.

* * *

Saçak başynda eliňi çek, märekede – diliňi.

* * *

Saçy – sübse, eli – kesewi.

* * *

Saçy uzynyň – ýüregi ýuka.

* * *

Sadaka belany gaýtarar, toba – günäni.

* * *

Sadakada san ýetmedik.

* * *

Sadakasyna ýaraşa – sogaby, sözüne ýaraşa – jogaby.

* * *

Sadyk dost garyndaşdan has ýakyn.

* * *

Sag – sagynç, sol – begenç.

* * *

Sag al, saýry çyksa bagtyňa.

* * *

Sag armyt sapagyndan düşmez.

* * *

Sag başym – soltan başym.

* * *

Sag eliň berenini sol eliň görmesin.

* * *

Sag eliň sol ele haýry ýok.

* * *

Sag sagynýança, däli suwdan geçer.

* * *

Sag sagynýança, däli ogluny iki öýerer.

* * *

Sagalsam – häkimdirin, sagalmasam – men kimdirin?

* * *

Saglygym – begligim.

* * *

Saglygynda kör enem, ölende badam gözli.

* * *

Saglyk – baýlyk.

* * *

Saglyk isleseň – köp iýme, hormat isleseň – köp diýme.

* * *

Sagynman sözleme, sanman uçarsyň.

* * *

Sagyp içseň – müň günlük, soýup iýseň – bir günlük.

* * *

Sahy berenini aýtmaz, mert sözünden gaýtmaz.

* * *

Sahy hor bolmaz, bahyl behişte barmaz.

* * *

Sahy malyndan geçer, mert – janyndan.

* * *

Sahy öter nany bilen, şehit öter gany bilen.

* * *

Sahy ýoklugyny bildirmez, tulpar – doklugyny.

* * *

Sahynyň gapysy açyk.

* * *

Sahynyň malyna bahylyň dişi gamaşar.

* * *

Sakaw geplemsek bolar, agsak – ýöremsek.

* * *

Sakawyň soňuna seret.

* * *

Sakgaldan aýryp, murta goýma.

* * *

Sakgaly agardýan – alada.

* * *

Sakgaly gür geňeşe bolmaz, ýaly gür – ýaryşa.

* * *

Sakgaly ýok, murty ýok – dünýäden umydy ýok.

* * *

Sakgalyň her gylynda müň perişde ýatarmyş.

* * *

Sakla samany, geler zamany.

* * *

Saklanan sag galar.

* * *

Saklandan aňtan ýeňer.

* * *

Saklansaň saklaryn, saklanmasaň, kaklaryn.

* * *

Saklasaň ömürlik, saklamasaň günlük.

* * *

Saklaýyn diýseň özüňi, ýamanda ýum gözüňi.

* * *

Saklygy sokurdan öwren.

* * *

Salamsyz girene uýat, jogapsyz – çykana.

* * *

Salamyň nähili bolsa, jogabyň hem şonuň ýaly.

* * *

Saman aýdar: «Galdyr meni, ýaramasam ýandyr meni».

* * *

Saman kişiniňki bolsa-da, samanhana özüňki.

* * *

Saman tüssesi göz çykarar.

* * *

Samsygy hoşamat harap eder.

* * *

Samsygyň dälirär gorkusy ýok.

* * *

Samsygyň düwen düwünini sag çözüp bilmez.

* * *

Samsyk atasyna azap, enesine – güzap.

* * *

Samsyk söze – samsyk gulak.

* * *

Sanalgy günüň salymy ýok.

* * *

Sangysyz dil nämäni diýmez!

* * *

Sangysyz uçan guş, gonalgasyny ýaňylar.

* * *

Sanly pul durumsyz bolar.

* * *

Sapak sapsaň, ujuny düw.

* * *

Sapar aýy – hatar aýy.

* * *

Sapara çyksaň, ýoldaş köp.

* * *

Saparda berseň, taparda alarsyň.

* * *

Sargyt bile zyýarat kabul bolmaz.

* * *

Sary donlym sag bolsa, sallanyp geler sary gyz.

* * *

Sary towuk saman seçer, öz aýbyny özi açar.

* * *

Sarydyr-surudyr, saryýagdan durudyr,
Garadyr-guradyr il içinde töredir.

* * *

Saryýag – däri ýag.

* * *

Satdy – ýitdi, aldy – bitdi.

* * *

Satmajaga satdyrsa bolar, almajaga aldyryp bolmaz.

* * *

Satmak – hünär, almak – synar.

* * *

Satyn al, saýry çyksa, bagtyňdan.

* * *

Saýa düşen ýerde ekin bitmez.

* * *

Saýa garap, boý ölçeme.

* * *

Saýak ýöreseň, taýak bar.

* * *

Saýany ekmedik, salkynda ýatmaz.

* * *

Sebäp bilen sebet araba müner.

* * *

Sebäpsiz çöp başy gymyldamaz.

* * *

Segsen günde sapakda, togsan günde tabakda.

* * *

Segsen, togsan – bu gün barsyň, erte ýoksuň.

* * *

Selki suwda belli, çaman – ýolda.

* * *

Sellesini al diýse, kellesini alar.

* * *

Semiz aýagy sekiz, guzusy ekiz.

* * *

Sen aga, men aga, sygyrlary kim saga.

* * *

Sen bolmasaň, Senem jan.

* * *

Sen diýene serent[1] berip oturma.

---

[1] Serent – gaýtargy bermek, jabjynmak.

* * *

Sen gulaga mysapyr bol.

* * *

Sen nesibäňi gözle, manadyň özi geler.

* * *

Sen özüňe dost gazan, duşman ojak başynda.

* * *

Sen sylasaň garryny, Taňry sylar baryňy.

* * *

Sen ýeri ýer etseň, ýer seni ner eder.

* * *

«Sen-de» bir agyzdan çykar – «siz-de».

* * *

Senden – hereket, menden – bereket.

* * *

Senden hem öter bu baýlyk, menden hem öter gedaýlyk.

* * *

Senden-ä bagyr awusy gitmez, menden hem – guýruk.

* * *

Senet – eliň altyn bilezigi.

* * *

Seniň iýýän hurmaň baldagy meniň jübimde.

* * *

Sepilmedik tohum gögermez.

* * *

Seplini alma, neplini al.

* * *

Serçe daga gonsa-da, dagyň ondan habary ýok.

* * *

Serçe semräp, batman çykmaz.

* * *

Serçe soýdursaňam, gassaba soýdur, petle goýdursaňam, ussa goýdur.

* * *

Serçeden gorkan dary ekmez.

* * *

Seresaplylyk – akylyň ýarysy.

* * *

Seriňi ber, syryňy berme.

* * *

Sessiz ýapyşan itden gork.

* * *

Seýilem bir seýil, sergezdançylygam.

* * *

Seýrek elek günde gerek, syk elek – toýda.

* * *

Säheriň ýalawy, agşamyň palawy.

* * *

Sil gider – suw galar, ýalpak ýerde – gum.

* * *

Sil öňündäki kötük[1] tutdurmaz.

* * *

Siňek öl ýere gonar.

* * *

Sirke dilemäge-de usul gerek.

* * *

Sişenbede silkinme.

* * *

Sogany mert artsyn, käşiri – namart.

* * *

Soganyň düýbi-de ajy, başy-da.

* * *

Soltan süýegini[2] harlamaz, çapar atyny horlamaz.

---

[1] Kötük – töňňe.
[2] Süýek – süňk. Bu ýerde «süňkdeş hossary» diýen manyda gelýär.

* * *

Soň gelen aşa batyr.

* * *

Soň gelen sojap geler, bagröýkeni – ajap.

* * *

Soňky puşman – öte duşman.

* * *

Soňky tüýkülik sakgal ezmez.

* * *

Soňuny saýan batyr bolmaz.

* * *

Sopy – pirinden, aýal – ärinden.

* * *

Sopy sogan iýmez, tapsa gabygyny goýmaz.

* * *

Soralmadyk zadyňy orta atma.

* * *

Soran Käbäni tapar.

* * *

Soranyň bir ýüzi gara, bermedigiň – iki ýüzi.

* * *

Sorap berenden urup ber.

* * *

Soraşan daglary aşar, soraşmadyk düzde çaşar.

* * *

Sowandan sowul.

* * *

Sowgat – sowgat dilär.

* * *

Sowugyň gamçysy – ýel.

* * *

Sögsem bir ýalňyz, sögmesem bir ýalmawuz.

* * *

Sök aşa ynanyp, alys gitme.

* * *

Sölite suwda belli, sergazdan – odunda.

* * *

Sönen ojak ýylatmaz.

* * *

Söwda et-de, ataňy ut.

* * *

Söwda küşat – ömür zyýat.

* * *

Söwdanyň dosty bolmaz.

* * *

Söweş güni goç ýigitde müýn bolmaz.

* * *

Söwür[1] gelmän, seýran bolmaz, seýran bolman – aýran.

* * *

Söýdüren-de dil, köýdüren-de dil.

* * *

Söýen aýal ýoluňa bakar, söýmedik goluňa.

* * *

Söýene soltan sen, söýmedige – oltaň.

* * *

Söýenenim gara dag, gara daga gar ýagdy.

* * *

Söýenimiň göwni üçin söýmezimi söýerin.

* * *

Söýeniň gözi perdeli.

* * *

Söýeniňi alma, söýeni al.

* * *

Söýenişen ýykylmaz, ýalanyşan aç ölmez.

---

[1] Söwür (sowur) – hijri-şemsi aý hasabynda Gurbansoltan aýynyň 21-nden Magtymguly aýynyň 22-sine çenli aralygy öz içine alýar.

* * *

Söýgi – durmuş manysy, sabyr – ömür hazynasy.

* * *

Söýgi görk islemez, uky – ýassyk.

* * *

Söýmäge deň oglanym, söýenmäge kem oglanym.

* * *

Söýmedige süýkenme.

* * *

Söýmez oglana ýurt galar.

* * *

Söz aňmaza söz aýtsaň, düşünibilmez, lal bolar.

* * *

Söz bar halk içinde, söz bar hulk[1] içinde.

* * *

Söz bilen dünýä dolar.

* * *

Söz eýesi – gulak, suw eýesi – bulak.

* * *

Söz görki – nakyl, bilene – akyl.

---

[1] Hulk – gylyk-häsiýet.

* * *

Söz kitüwi tapar, suw – ötügi.

* * *

Söz uýasyny[1] tapar, mal – eýesini.

* * *

Söz ýagşynyň dilinde – ýagty, ýamanyň dilinde – garaňky.

* * *

Söz ýakmaz degirmen gurar, myhman söýmez oglanyny urar.

* * *

Söze ussa – işe hassa.

* * *

Sözi paýhas bezär, sazy – sungat.

* * *

Sözi söze ogşamaz, agzy sözden boşamaz.

* * *

Sözi ýa çagadan eşit, ýa danadan.

* * *

Söz dogrusy demir diler.

* * *

Sözüň gaýtjak ýerinden özüň gaýt.

---

[1] Uýa – öý, höwürtge.

* * *

Sözüň köpünden azy ýagşy.

* * *

Suratyna bakma – syratyna bak.

* * *

Susak sapy elinde, ilde ýok söz dilinde.

* * *

Suw – dilsiz ýow.

* * *

Suw – akan ýerine, bagt – bakan ýerine.

* * *

Suw akar – daş galar, garry gider – ýaş galar.

* * *

Suw akar – göz bakar.

* * *

Suw bar ýerde laý hem bar.

* * *

Suw bendinden baglanar.

* * *

Suw bermedige süýt ber.

* * *

Suw berseň, akary bilen, mal berseň, bakary bilen.

* * *

Suw gaýnap goýalmaz, ýaman hiç wagt oňalmaz.

* * *

Suw getirenem bir, küýze – döwenem.

* * *

Suw gezegini beren ýyl ajy galar, tamdyr gezegini beren – gün ajy.

* * *

Suw görmän, tamman çykarma.

* * *

Suw her zady päklär, ýüzi päklemez.

* * *

Suw köp ýatsa ajar.

* * *

Suw küýzesi suwda synar.

* * *

Suw şagyrdysyz bolmaz, ata – wagyrdysyz.

* * *

Suw sakasyz bolmaz, don – ýakasyz.

* * *

Suw seňrikden geçensoň, puşeýmandan ne peýda.

* * *

Suw seslener gamyş bilen, gyz beslener kümüş bilen.

* * *

Suw ýatar, duşman ýatmaz.

* * *

Suw ýygnanyp köl bolar, köp ýygnanyp – il.

* * *

Suwa aryk, ýola çaryk.

* * *

Suwa giden saman çöpünden dalda gözlär.

* * *

Suwa giren gury çykmaz, göre giren – diri.

* * *

Suwa söýenme, gäwüre ynanma.

* * *

Suwda gezen sonalar köl gadyryny näbilsin,
Ärli gezen bikeler är gadyryny näbilsin.

* * *

Suwdaky balygy satyp bolmaz.

* * *

Suwly ýer – gül, suwsuz ýer – çöl.

* * *

Suwsana salgym suw bolup görner.

* * *

Suwsuz äkidip, suwsuz getirer.

* * *

Suwsuz ýer – gysyr mal.

* * *

Suwsuz ýeriň – oty eýesiz, ogulsyz öýüň – maly.

* * *

Suwuň siňňin akanyndan gork, gyzyň – ýere bakanyndan.

* * *

Suwy bar, hasyly ýok.

* * *

Suwy sep – siňer ýere, sözi aýt – sygar ýere.

* * *

Süleýman hem bolsaň, mura gulak sal.

* * *

Süri agsaksyz bolmaz.

* * *

Süri öňüni serke[1] çeker.

---

[1] Serke – üç ýaşdan agan biçilen teke.

* * *

Sürüden aýrylan goýny gurt iýer.

* * *

Sürüli goýun gyrlar, gotur geçi baş bolar.

* * *

Sürýäni dört tokly weli, sykylygy ýer ýarar.

* * *

Süýde siňe seretseň, gan görner.

* * *

Süýji aşyň bolmasa, süýji diliň bolsun.

* * *

Süýji söz – baldan artyk.

* * *

Süýji söz – ýylany hininden çykarar.

* * *

Süýji-süýji iýmegiň, ajy-ajy gägirmesi bardyr.

* * *

Süýjüniň gadyryny ajyny dadan biler,
Ýakynyň gadyryny uzaga giden biler.

* * *

Süýtde agzy bişen, suwy üfläp içer.

* * *

Süýthoruň öýüni, bathor ýykar.

* * *

Süýtlaş bişen öýe süýkenip öt.

* * *

Süýtli sürüden çykmaz.

* * *

Süýtli sygyr bazar görmez.

* * *

Süýtsüz sygyr süsegen bolar.

* * *

Syçan görende peleňe dönýän pişik peleň görende syçana döner.

* * *

Syçandan bolan torba keser.

* * *

Sygryň guýrugynda pyçak döwme.

* * *

Sygryň şahyna ursaň, endamy syzlar.

* * *

Sygryň süýdi agzynda.

* * *

Sygyr ogurlan gutuldy, ýüpüni ogurlan tutuldy.

* * *

Sygyr şahyndan azar, eşek – duşagyndan.

* * *

Sygyr suw içinde, höjegi[1] buz ýalar.

* * *

Sygyr synag bilmez, eşek – sylag.

* * *

Sygyrly öýde sul[2] bolmaz.

* * *

Sykylyk atanyň bilen sygyr semremez.

* * *

Sylag etseň eşege, hyzzyn urar duşaga.

* * *

Sylag-hormat ýerinde gyzyldyr.

* * *

Sylagyň bir ýany gorky, agajy ýola getirýän kerki.

* * *

Sylamaga puluň bolmasa, sypamaga eliň bolsun.

---

[1] Höjek (öjek) – göle.
[2] Sul – kesel.

* * *

Sylasaň, sylag görersiň, gynasaň – gynanç.

* * *

Sylany syla – ataň guly däldir,
Sylamadygy sylama – şadan uly däldir.

* * *

Sylanyňy sygyr bilmez, sypanyňy – eşek.

* * *

Sylasam – pirim, sylamasam – birim.

* * *

Sylaşmadyk dogan, syr aýtmaz duşmana deň.

* * *

Synalan ýamany gaýta-gaýta synama,
Asly çamany urup-urup gynama.

* * *

Synalmadyk dost – döwülmedik hoz.

* * *

Synan el boýundan asylar.

* * *

Syndyrmaga hozum bar, ýyrtmaga – biýzim.

* * *

Sypanan – galpyldar.

* * *

Sypaýy bilen dostam bolma, kastam.

* * *

Sypaýy syryny bermez.

* * *

Sypaýy üşemez, galdyrar.

* * *

Syr açandan il gaçar.

* * *

Syr alyşmaga dost ýagşy, sylaşmaga – ýat.

* * *

Syr saklamak diliň aşagynda köz saklamak.

* * *

Syr ujuny syr açar.

* * *

Syrçaly gabyň syrçasy gitse-de, sarpasy gitmez.

* * *

Syrdaş bolmadyk dostdan dost bolmaz.

* * *

Syrtlan iýjek süňküni syrtyna çenäp iýer.

* * *

Syryňy aýtma dostuňa, saman dykar postuňa.

* * *

Syryny bilmedik atyň syrtyny sypama.

– Ş –

Şa bakdy – Huda bakdy.

* * *

Şa emri – wajyp.

* * *

Şa-da öz ýolundan, Musa-da.

* * *

Şadyýan ýürek – ýüzi güldürer,
Gamgyn ýürek – meňzi soldurar.

* * *

Şagaldan şir bolmaz, pişikden – pil.

* * *

Şaly arkasyndan çigin suw içer.

* * *

Şaly azsa, çigin bolar.

* * *

Şalyk hazyna dolmagy bilmez.

* * *

Şanyň duşmany – şa, gedaýyň duşmany – gedaý.

* * *

Şapbady ýüze görärak çekerler.

* * *

Şaýat ýalançy bolsa, hak ýoldan çykar.

* * *

Şep-şep bilen şepdaly bolmaz.

* * *

Şerabyň azy däri, köpi – ögi.

* * *

Şerigatda şerim ýok.

* * *

Şermende – ahyry galar armanda.

* * *

Şeýtan adam şeýtandan ýaman.

* * *

Şeýtanyň azdyrany özüniňki.

* * *

Şeýtanyň şeri tükenmez.

* * *

Şägirt bolmadyk, halypa-da bolmaz.

* * *

Şägirt halypadan ozdurmasa, hünär ýiter.

* * *

Şägirtsiz ussat – miwesiz daragt.

* * *

Şäher daşy galaly, ýigit başy – belaly.

* * *

Şärikli aşy it iýmez, iýse gözi agarar.

* * *

Şir balasy şir bolar.

* * *

Şir çagasy ýylda aýaklanar.

* * *

Şir hümmeti – bilekde, är hümmeti – ýürekde.

* * *

Şiri dyrnagyndan tanarlar, towşany – gulagyndan.

* * *

Şiriň şirligi – dişi bilen dyrnagy.

* * *

Şirwanda ogly bolanyň, munda bili bek.

* * *

Şor – doňmaz, ýaman – oňmaz.

* * *

Şorda gül bitmez, biten güle söz ýetmez.

* * *

Şory döredýänem suw, eredýänem.

* * *

Şugul ýok ýerde uruş ýok.

* * *

Şum habar tiz ýaýrar.

* * *

Şübhe – ýüregiň kiri.

* * *

Şüdügärde gepleşilen harmanda bimelal bolar.

* * *

Şükür bilen ýetilen zat şekerden süýji.

* * *

Şükür etseň maňa, ýene biýrin saňa,
Şükür etmeseň maňa, mähnet salaryn saňa.

* * *

Şyk-şyk edýän naldyr, iş bitirýän puldur.

* * *

Şyrnyň-şyrnyň etdiler, balamyň başyna ýetdiler.

– T –

Tabagynda aş eýle, myhman göwnün hoş eýle.

* * *

Tabak ýalamak sogap.

* * *

Tagam berseň aja ber.

* * *

Tagam duz bilen, duz ölçeg bilen.

* * *

Tagam lezzeti – myhman hezzeti.

* * *

Tagamsyz aşa duz neýlesin, akylsyz başa – söz.

* * *

Tagamy dadan biler.

* * *

Tagan aýagy üç bolar, biri-birine güýç bolar, biri döwülse hiç bolar.

* * *

Taganyň – söýesi, gazanyň – garasy.

* * *

Tagaşyksyz aýal tanasyz[1] sygry sagar.

* * *

Tagmaly mal ýitmez.

* * *

Tagtym – bagtym.

* * *

Takdyra tebdil[2] bolmaz.

* * *

Takdyra ten beren ýagşy.

* * *

Taldan taýak etme, guldan aşna tutma.

* * *

Tam ýykmadyk tam salyp bilmez.

* * *

Tamakin hilegärden aldanar.

* * *

Tamakinçilik haýany iýer, sadaka – belany , toba – günäni.

* * *

Tamakiniň jany sag bolsa, müflis ajyndan ölmez.

---

[1] Tana – göle.
[2] Tebdil – öwürme, çalşyrma, üýtgetme.

* * *

Tamda gulak bar, biri eşitmese, biri eşider.

* * *

Tamdan ýykylan tamdan ýykylanyň halyny biler.

* * *

Tamdyra gyzanda ýap, gepi gerdişinde aýt.

* * *

Tanalmadyk ýat saýylar, görüşmedik – uýat.

* * *

Tanalmadyk ýerde don sylagly, tanalan ýerde – boý.

* * *

Tanaly darykmaz.

* * *

Tanamadyk Taňrysyny sylamaz.

* * *

Tanasaň baş al, tanamasaň – ýaş.

* * *

Taňry tämizligi söýer.

* * *

Taňryň belasy köp, saklasa – penasy.

* * *

Taňryň emgeksiz güni ýok.

* * *

Taňryň güni darydan köp.

* * *

Tanyşlyk – günlük, öýlenmek – ömürlik.

* * *

Tanyşmak üçin beýik adam tapmasaň, beýik daş tap.

* * *

Tapan – begener, tanan – alar.

* * *

Tapan – birini, tapmadyk – ikini.

* * *

Tapan geýer iki yştan[1], tapmadygyň syrty – yştan.

* * *

Tapanyňy bahar iýseň, güýzüne zäher iýersiň.

* * *

Tawus peri bilen görkli, bilbil – owazy bilen.

* * *

Tawus ýelegini görüp ýaýnar, aýagyny görüp ýygnar.

* * *

Taý atlyga ýetişende ýal-guýrugy işiler,
Güjük itlige ýetişende aýak dikläp buşugar.

---

[1] Yştan – balak.

* * *

Taý ata ýetirer, at – myrada.

* * *

Taý depse, atdan ýaman.

* * *

Taý ýetişse at dynar, ogul ýetişse – ata.

* * *

Taýa ýapagy[1] diýme, ýaza çyksa at bolar.

* * *

Taýagyň iki ujy bar.

* * *

Taýak birikse-de, el bolmaz.

* * *

Taýak degen ýerinde, gep keseren ýerinde.

* * *

Taýak etden öter, söz – süýekden.

* * *

Taýak gelinçä ýumruk, direg gelinçä syryk.

* * *

Taýak iki uçly, bir taýy degmese, bir taýy deger.

---

[1] Ýapagy – taýçanak.

* * *

Taýaklydan seg[1] gorkar, akyllydan – beg.

* * *

Taýly taýyny tapmasa, güni ah-wah bilen geçer.

* * *

Taýlykda ýortmasa, gaýda ýortar.

* * *

Taýy magta, at mün.

* * *

Taýym gitdi – haýym gitdi.

* * *

Taýyn aşyň eýesi, adagly gyzyň äri.

* * *

Tazy – kerweniň ýoldaşy.

* * *

Tazy awda synalar, ýigit – ýowda.

* * *

Tazy ýüwrügini tilki söýmez.

* * *

Tazyny aç goýup öwret, kazyny – doýrup.

---

[1] Seg – it.

* * *

Tazysyz awa giden öýe towşansyz geler.

* * *

Tebäti[1] alan ýylan etini iýer.

* * *

Tebibiň emi derman, enäniň – demi.

* * *

Tebipden sorama, derdi çekenden sora.

* * *

Tegeltegiň[2] gadyryny eýesi bilmez, at biler,
Ýagşy ýigidiň gadyryny obasy bilmez, ýat biler.

* * *

Tekede goç hünäri bolmaz.

* * *

Tekepbire – tekepbir, towazyga – towazyg.

* * *

Tekepbirlik dert açdyrar.

* * *

Teker bol, tigirlen, ýöne daş dek gaçma.

---

[1] Tebäti – işdäsi.
[2] Tegeltek (mekeltgi) – at esbabynyň ady.

* * *

Telpekçiniň telpegi bitmez, ädikçiniň – ädigi.

* * *

Temeni haltada gizläp bolmaz.

* * *

Temmi bermek aňsat, terbiýe bermek kyn.

* * *

Ten – sag, gulak – dynç.

* * *

Ten agyrsa, jan syzar.

* * *

Teni başga dert duýmaz.

* * *

Teňňe kiçi bolsa-da, ýükli arabany agdarar.

* * *

Teňňesini berk tutanyň, altyny üstüne geler.

* * *

Tentegiň dynymy bolmaz, işiniň – önümi.

* * *

Tentegiň özi aýtmaz, sözi aýdar.

* * *

Tentek aryny bilmez, köse – garranyny.

* * *

Tentek batyr tiz öler.

* * *

Tentek törüni bermez.

* * *

Tentek toý eder, töründe özi oturar.

* * *

Terbiýesiz çaga – baş öwredilmedik at.

* * *

Tereň suwlar bulanmaz.

* * *

Terzä[1] göç diýseň, iňňesini başyňa sanjar.

* * *

Teşe ýaly öz sapyňy ýonma, byçgy ýaly iki tarapyňy ýon.

* * *

Täk eliň sesi çykmaz.

* * *

Täzäni köne saklar.

* * *

Täzäni özüň geý, datlyny dostuň bilen iý.

---

[1] Terzi – biçimçi.

* * *

Täze baýan ýurt tapmaz.

* * *

Täze baýandan pul karz alma.

* * *

Täze bir gün, köne müň gün.

* * *

Täze geldi bazardan, köne düşdi nazardan.

* * *

Täze geýen bir guwanar, ýamanan – günde.

* * *

Täze küýzäň suwy sowuk.

* * *

Täze ýara duz sepme.

* * *

Täze ýasawul göz çykarar.

* * *

Tiken batan ýerinden çykar.

* * *

Tiken – bike, geýen – gül.

* * *

Tiken ýalaňaç aýaga batar.

* * *

Tikeni tiken çykarar.

* * *

Tikensiz gül bolmaz, zähersiz – bal.

* * *

Tikibilmez iňňe zaýalar, sapybilmez – sapak.

* * *

Tikinçi çeper däl, biçimçi çeper.

* * *

Tikinçiniň ýaragy – iňňe bilen sapagy.

* * *

Tilkä gaç, taza kow diýme.

* * *

Tilki gaçar berkine, tazy goýmaz erkine.

* * *

Tilki gaýtadan gapana düşmez.

* * *

Tilki guýrugyny magtar, akmak – urugyny.

* * *

Tilki köpbilmişliginden gapana düşer.

* * *

Tilki nyrhy derisine görä.

* * *

Tilki sarkydyndan şir datmaz.

* * *

Tilki turan ýerinden, gurt-da turar.

* * *

Tilki tüsseden gorkar, demir – ussadan.

* * *

Tilki: «Towuksyz ketek otlara ýansyn!» diýenmiş.

* * *

Tilkiden dost bolmaz, gurtdan – aşna.

* * *

Tilkiden şir döremez, gorkakdan – är.

* * *

Tilkiden: «Şägirdiň kim?» diýip soradylar, guýrugyny görkezdi.

* * *

Tilkiniň bazar bilen ne işi bar.

* * *

Tilkiniň müňde bir sapalagy bar, iň gowusy – görünmezlik.

* * *

Tilkiniň, gunduzyň başyna derisi ýeter.

* * *

Tiriň[1] içi boş, owazy artyk.

* * *

Tiz gelen döwletden gork.

* * *

Tiz ýanan tiz söner.

* * *

Toba – doklukdan, dawa – ýoklukdan.

* * *

Togsan dolman ýaz çykmaz, dokuzy dolman – gyz.

* * *

Tohum al-da ýere bar, gögermese, maňa gel.

* * *

Tokaý otla, at gazan.

* * *

Tommugy heşe[2] bozar.

* * *

Tomsuna saz çalan gyşyna gapy kakar.

* * *

Tomus depesi gaýnamadygyň, gyş gazany gaýnamaz.

---

[1] Tiriň – dep.
[2] Heşe – ujal.

* * *

Tomusky ýarmanyň gyşa nepi deger.

* * *

Top kakan-da özi, top beren-de özi.

* * *

Toprak öýdäp, älem goşdum, gyra syryp, gölçä düşdüm.

* * *

Toprak toz ýalar, buzaw – buz.

* * *

Topuň jogabyny top berer.

* * *

Topurda gezeni çaň basar.

* * *

Torgaý geleňden dokuz günden soň gar gider.

* * *

Torgaý jygasy bilen beg, molla – sakgaly bilen.

* * *

Torgaý magtanyp, şuňkar bolmaz, eşek magtanyp – tulpar.

* * *

Torgaý ýagynda ýaşyny gorar, doluda – başyny.

* * *

Torgaýyň çommagyny ýolsaň, çyrlak bolar.

* * *

Toşap diýip, alanym bal çykdy.

* * *

Tosun müngä bolmaz, meslik – ýörmä.

* * *

Towşan ölümi – gamyşdan, är ölümi – namysdan.

* * *

Towşan öz kölegesinden gorkar.

* * *

Towşana dogduk depe, kimlere doýduk depe.

* * *

Towşany araba bilen tutarlar.

* * *

Towşany turuz – at, sülgüni uçur – at.

* * *

Towugyň döşi, balygyň başy.

* * *

Towugyň zekady bir ýumurtga.

* * *

Towuk gaz ýörüşini etjek bolup, öz ýörüşini-de ýaňylar.

* * *

Towuk görenini çokar, her molla bilenini okar.

* * *

Towuk öler, gözi küllükde galar.

* * *

Towuk tutanyňky, towşan turuzanyňky.

* * *

Towuk ýumurtgasyna görä käkelär.

* * *

Toý beren zaňňar, koý beren zaňňar, bir garyş ýüp bermez-mi?

* * *

Toý bolsa tomaşaçy tapylar.

* * *

Toý diýseň, gury kelle togalanar.

* * *

Toý donlynyňky, aýyt atlynyňky.

* * *

Toý eden Mämmedoraz, ady Ýowşan baýa gider.

* * *

Toý görki – bagşy, öý görki – goňşy.

* * *

Toý gyssagy bilen don biter.

* * *

Toý ötensoň tomaşa, orak ötensoň hoşa.

* * *

Toý sowlansoň, tüýdük çalma.

* * *

Toý ýaraşygy – oýnamak, ýas ýaraşygy – aglamak.

* * *

Toýa barsaň burun bar, burun barsaň, orun bar.

* * *

Toýa baryp, bermediler diýme, ýasa baryp, görmediler diýme.

* * *

Toýa garramak ýok, ýasa – könelmek.

* * *

Toýa gitmeseň hem, ýasa git.

* * *

Toýa gitseň doýup git, toý donuňy geýip git.

* * *

Toýda – togtamyş, ýowda – utamyş.

* * *

Toýda oýnamaz, waýda aglamaz.

* * *

Toýdan topukça.

* * *

Toýnuksyz ýüp alma, töňňesiz – odun.

* * *

Toýsuz öý tapylar, waýsyz öý tapylmaz.

* * *

Toýuň boljak-boljagy, kejebäň geljek-geljegi.

* * *

Töhmet daş ýarar, daş ýarmasa, baş ýarar.

* * *

Töhmetçi töhmetden öler.

* * *

Tör görmedik töre öter.

* * *

Tör kimiňki bolsa, kethudalyk-da şonuňky.

* * *

Töräniň ertesi köp.

* * *

Töräniň öz töri ýok.

* * *

Töwekgel – şat, endişe – mat.

* * *

Töwekgel işini Hudaý oňarar.

* * *

Töwekgel ner bolar, endişe – maýa.

* * *

Töwekgeli gurt iýmez.

* * *

Töwekgeliň endişe bilen işi bolmaz.

* * *

Töwekgeliň gämisi batmaz.

* * *

Töwekgeliň nany bitin, işi oň,
Ýaýalyň nany ýarty, haly teň.

* * *

Töwekgeliň suwy daga ýörär.

* * *

Töwekgeliň ýary Huda.

* * *

Töwella zordan ýaman.

* * *

Tulpar döwründe gerek, ýüwrük – gününde.

* * *

Tulpar ötse, yzy galar, süri ötse, tozy galar.

* * *

Turaç öz dilinden bela galar.

* * *

Turha-turdan habar gelse, ukynyň mazasy gaçar.

* * *

Tur-otur, kersen getir.

* * *

Tutan guşy bolmaz, bogan – sübsesi.

* * *

Tutan guşy ürküzen gurbagasyna degmez.

* * *

Tutukly öý, dürli goş.

* * *

Tutundydan ogul bolmaz, tuladan – tazy.

* * *

Tükenmez döwletiň bolandan, utanmaz ýüzüň bolsun.

* * *

Tükli[1] goýny gurt iýer.

---

[1] Tükli – arryk.

* * *

Türkmen goşy dura-bara düzeler.

* * *

Türkmen goşun alybam bolmaz, salybam.

* * *

Türkmen oňmaz gününe şükür eder.

* * *

Türkmene gabaragy.

* * *

Türkmeni dürtmeseň duýmaz.

* * *

Türkmeni göçürjek bolsaň, gapdalyndan göç geçir.

* * *

Türkmeni urma-sökme, geplet.

* * *

Türkmeniň adyl kazysy – atan bijesi.

* * *

Türkmeniň kiçisi bolandan, itiň güjügi bol.

* * *

Türkmeniň özge gaýgysy bolmasa, düýesi ýaban çöker.

* * *

Türün[1] gör, halyn sora.

* * *

Tüsse-de ojardan çykar.

* * *

Tüsseli buýmaz, arpaly aç ölmez.

* * *

Tüsseli buýmaz, buýsa-da duýmaz.

* * *

Tüssesiz ot bolmaz.

* * *

Tüýkürseň – ýüzüm, çykarsaň – gözüm.

* * *

Tyg uran – tygdan öler.

* * *

Tyg ýarasy biter, dil ýarasy bitmez.

* * *

Tygşytly adam halwa iýer.

---

[1] Türün – ýüz.

– U –

Uçarda – gotan, ýerde – torsuk, gyrda – gulan.

* * *

Uçgundan ot dörär.

* * *

Uçmaga ganat gerek, öwrenmäge – takat.

* * *

Uçmaga turaç ökde, gaçmaga – keýik.

* * *

Ujuny düwmedik üç ötir.

* * *

Ukuda ýatana ülüş ýok.

* * *

Uky – gaflat, nebis – duşman.

* * *

Uky – ölümiň ýoldaşy.

* * *

Uky arslany-da ýykar.

* * *

Uky duşman, gülki puşman.

* * *

Uky geler topar-topar, gözläp bidöwleti tapar.

* * *

Ula – hormat, kiçä – hezzet.

* * *

Ula degen uwlar, kiçä degen uýalar.

* * *

Ula kowalaşsaň, kiçini ýitirersiň.

* * *

Ula salam ber, kiçä – kelam.

* * *

Ulag alsaň, ýorga bilen ýöriş al,
Aýal alsaň, akyl bilen huş al.

* * *

Ulular köpri bolsa, basyp geçme.

* * *

Ulusy bolmadygyň, kiçisi bolmaz.

* * *

Ulusyny sylan baý bolar, ölüsini sylan beg bolar.

* * *

Ulusyny sylan beg bolar, begini sylan – ýeg[1].

[1] Ýeg – gowy, oňat.

* * *

Uly barka, kiçä sop[1] ýok.

* * *

Uly başlar, kiçi işlär.

* * *

Uly dag oturyp, kiçi daga ygal düşmez.

* * *

Uly eşekden kiçi eşek aňňyrmany öwrener.

* * *

Uly gyza sawçy gelse, kiçi gyza degerler.

* * *

Uly ili gördüm, özüm ýalyny görmedim.

* * *

Uly menlik hor eder, kiçi menlik zar eder.

* * *

Uly pyçak utanjyna keser.

* * *

Uly söze toba-tagsyr!

* * *

Uly söze kiçi toba.

---

[1] Sop – nobat.

* * *

Uly sözleme, başyňa geler.

* * *

Uly sözlüde uýat ýok.

* * *

Uly tama hor eder.

* * *

Ulyň utanasy gelse, kiçä deger,
Kiçiň aglasy gelse, ula deger.

* * *

Ulyny öw-de, kiçini mün.

* * *

Ulyny uly bil, kiçini kiçi.

* * *

Ulynyň diýenini etmedik uwlar.

* * *

Ulynyňky ýanyňdan, kiçiniňki janyňdan.

* * *

Umyt – güýç, güýç – ynanç.

* * *

Umyt ölmez, rysk kemelmez.

* * *

Umyt örä tartar, umytsyzlyk - göre.

* * *

Umytly guş Käbä ýetmiş.

* * *

Un sanaja girmesin, är ýüreksiz bolmasyn.

* * *

Unaş – içip bolynçaň, köje – göçüp-gonynçaň.

* * *

Unaş – uzuňky, ýarma – ýaltanyňky, köje – soltanyňky.

* * *

Unumy tükeden unaş, ýagymy tükeden owmaç.

* * *

Uny petir tükeder, geçini – gotur.

* * *

Upar ysy ýakymly – ýaşyryp saklap bolmaz.

* * *

Ur diýseň, öldir etme.

* * *

Urna, urnaň üstüne durna.

* * *

Urşa girseň aýanma, aga-inä daýanma.

* * *

Ursa-da, ejem eli ursun.

* * *

Ursaň eti gatar, sögseň – beti.

* * *

Urşan ýaraşar, araçy taýak iýer.

* * *

Urşuň geňeşi bolmaz.

* * *

Urubilmejek uly taýak göterer.

* * *

Uruş ite ýagşy.

* * *

Uruş otur, ujaş otur.

* * *

Uruş sowlansoň, batyr köpeler.

* * *

Uruş, sögüş, ýaraşmaga ýer goý.

* * *

Uruşda gandan gorkan jandan aýrylar.

* * *

Uruşman aýrylan uýalman goşular.

* * *

Uruşmaz ogul bolmaz, tersleşmez – gelin.

* * *

Ussa barka eliňi ýyg, ussat barka diliňi.

* * *

Ussa tapylsa, demir tapylmaz, demir tapylsa – kömür.

* * *

Ussadyny äsgermedigiň gözüne ak düşer.

* * *

Ussahananyň öňünden geçen gyryndy ýuwdar.

* * *

Ussaly oba biter, ussasyz oba ýiter.

* * *

Ussanyň öýi oňmaz.

* * *

Ussat gören şägirt her ädimde ýorgalar,
Ussat görmedik şägirt ondan-mundan garbalar.

* * *

Utanç – gözde, görk – agyzda.

* * *

Uwlamany bilmeýän it sürä möjek getirer.

* * *

Uýalan aç galar.

* * *

Uýalmadyk bagşy bolar, ýaltanmadyk –ussa.

* * *

Uýalmadyk kişi buýrulmadyk aşy içer.

* * *

Uýat – agyr, namys – gymmat.

* * *

Uýat ölümden artyk, uýatsyzyň ýüzi ýyrtyk.

* * *

Uýat ýüzde bolar, mähir – gözde.

* * *

Uýatsyz gyz ýaman, gylyksyz – ogul.

* * *

Uzadan aýagyňy ýygnama.

* * *

Uzadandan ýoldaş bolmaz, ýatdan – garyndaş.

* * *

Uzak ýol aty synar, agyr gün – äri.

* * *

Uzak ýola bidöwleti baş etme!

* * *

Uzakdaky dogandan ýakyndaky goňşy ýagşy.

* * *

Uzakdan arabalandan ýakyndan torbala.

* * *

Uzury günäsinden ýaman.

* * *

Uzyn arkan – giň duzak.

* * *

Uzyn örksiz bolar, gysga gylyksyz.

* * *

Uzyn ýaşly, agyr başly.

* * *

Uzyn ýüpüň hem ujy bar.

* * *

Uzynyň akyly giç geler.

– Ü –

Üç et-de, bes et.

* * *

Üç goýun soýan gassap bolar.

* * *

Üç gyzlynyň halyny günde bir sora.

* * *

Üç kişiniň bilýän syryny älem biler.

* * *

Üç ýazlyk – bir güýzlük.

* * *

Üç ýyl açlyk gelse-de, degirmene açlyk girmez.

* * *

Üç ýyldyzdan bolmaz mizan terezi,
Her molladan bolmaz adalat kazy.

* * *

Üçlese güýzlük, bolmasa ýazlyk.

* * *

Ülker aýdyň gyş.

* * *

Ülker aýly günüň bary gyş.

* * *

Ülker dogsa, çorba aş bolar.

* * *

Ülker dogsa, otam bişer, bugdaýam.

* * *

Ülker ýaşdy – gyş, dogdy – tomus.

* * *

Ülker ýere düşmän ýer gyzmaz.

* * *

Ülker: «Desse astynda galman» diýenmişin.

* * *

Ülkerden öň gyrkma goýny, ýeserdir Ülkeriň oýny.

* * *

Ülpet näçe köp bolsa, külpet şonça az bolar.

* * *

Ümä gelen usully gyz, sapak ujuny düwmän ötürer.

* * *

Ümi bilse, är ölmez.

* * *

Ümsüm it duýdurman ýapyşar.

* * *

Üsti – bezek, asty – tezek.

* * *

Üstümi pullar, ýüregimi daglar.

* * *

Üşäne ot ýakdyrma.

* * *

Üýr itim, diňle syrtym.

* * *

Üýregen it öýüňe myhman getirer.

* * *

Üýregen itden gorkma, sessiz itden gork.

* * *

Üýrmesini bilmeýän köpek sürä gurt getir.

* * *

Üýrýän-ä güjük, ýenjilýänem köpek.

* * *

Üzülmez arkan ýok, çözülmez düwün.

* * *

Üzüm üzüme baka-baka garalar.

– W –

Wada beren her äriň wepasy bardyr oýlama.

* * *

Wada etdi – hata etdi.

* * *

Wagt dagy gemrer, suw – daşy.

* * *

Wagt gitdi – nagt gitdi.

* * *

Wagt her zady öwreder.

* * *

Wagtda jylaw bolmaz.

* * *

Wagtdan alanyň özüňki.

* * *

Wagtly iş öz wagtyna çeker.

* * *

Wagty ganymat bil, ötse dolanmaz.

* * *

Wagty öten kempire hyna bilen sürme nätsin?

* * *

Wagtyndan öň açylan gül tiz solar.

* * *

Wagyz – asan, amaly – kyn.

* * *

«Wah-wah» diýen tapylar, çörek beren tapylmaz.

* * *

«Walla» diýmek oýundyr, ol dünýäde boýundyr.

* * *

Was-was ýola gitse, her depä çykanda gaňrylyp, öýüni gözlär.

* * *

Watan gedaýy – kepen gedaýy.

* * *

Watanyň tüssesi ýat iliň odundan ýagşy.

* * *

Wehime düşeniňki ýa mal gorkusyndan, ýa jan gorkusyndan.

* * *

Wejine saýmaz dünýäni, zagaradyr iýýäni.

* * *

Weli bolmasa, Welje.

* * *

Wepaly dost ýyl görmese-de, ýat bolmaz,
Biwepa dost bir gün görmese, ýat bolar.

* * *

Wepasy ýoguň, haýasy-da bolmaz.

* * *

Wepasyz dostdan wepaly it ýagşy.

* * *

Werziş öküzi agaja mündürip düşürer.

* * *

Wesýeti diňlän kim, tutan kim?!

* * *

Weýran degirmeniň uny näme, kepegi näme?

* * *

Wezipeli guluň orny törde.

– Y –

Ybadat[1] hem gizlin, hem gabahat.

* * *

Ybrat[2] gudraty görende syrtyny gysar.

* * *

Ygrar imanyň kildi.

* * *

Ygrary bolmadygyň, imany bolmaz.

* * *

Yhlas bilen aglasaň, sokur gözden ýaş çykar.

* * *

Yhlasa – myrat.

---

[1] Ybadat – Hudaýa gulluk etmek, doga, namaz okamak.
[2] Ybrat – öwüt, görelde almak.

* * *

Ylaý ylaýa goşular, daş-daşa goşulmaz.

* * *

Ylym – akylyň ýarysy.

* * *

Ylym akyldan dem alar.

* * *

Ylym almak – iňňe bilen guýy gazmak.

* * *

Ylym köp, ömür az, geregiňi al, daşa ýaz.

* * *

Ylym pul bilen alynmaz.

* * *

Ylym satsaň – puluň, saklasaň – guluň.

* * *

Ylymly kaza şaýat gerek bolmaz.

* * *

Ylymsyz bir ýaşar, ylymly – müň.

* * *

Ylymsyza ynanç ýok, hünärsize – guwanç.

* * *

Ymaraty nem ýykar, adamy – gam.

* * *

Ynam bolmasa özüňde, derek galmaz sözüňde.

* * *

Ynanjaňyň kellesi, terezinin pellesi.

* * *

Ynsaby bolmadygyň imany bolmaz.

* * *

Ynsan bezegi – iman.

* * *

Ynsan daşdan gaty, gülden näzik.

* * *

Ynsan gözüni toprak doldurar.

* * *

Ynsan lebzinden baglanar, haýwan şahyndan.

* * *

Ynsan neberä daýanar, agaç – damara.

* * *

Ynsanyň ezýeti-de elinde, döwleti-de.

* * *

Ynsap – dinden, gaýrat – imandan.

* * *

Ynsap diniň ýarysy.

* * *

Ynsap hulky – onuň görki.

* * *

Ynsaply aşyny iýer, ynsapsyz başyny.

* * *

Ynsapsyz – imansyz.

* * *

Ynsapsyza erk berseň, ili talar.

* * *

Ynsapsyzyň aly tükenmez.

* * *

Yrymlam bolma, yrymsyzam galma.

* * *

Yrymly yrylmaz.

* * *

Yrymsyzyň yrzy[1] ýok.

* * *

Yşk başga, höwes başga.

* * *

Yşka meýdan köp.

---

[1] Yryz – ynsap.

* * *

Yzyndan begiň, hanyň hem gürrüňi ediler.

* * *

Yzzat[1] ene bilen atadan.

– Ý –

Ýa aşyňy hor et, ýa-da başyňy.

* * *

Ýa çekene ber, ýa-da – çökene.

* * *

Ýa dag eteginde, ýa-da bag eteginde.

* * *

Ýa demrinden, ýa kömründen.

* * *

Ýa ezip iý, ýa-da – gezip.

* * *

Ýa işden artar, ýa-da – dişden.

* * *

Ýa keýigiň ýatyşyndan, ýa-da mergeniň atyşyndan.

---

[1] Yzzat – sylag, hormat, gadyr.

* * *

Ýa küýzegär batar, ýa-da – dümegär.

* * *

Ýa ýataryň oňsun, ýa-da – ataryň.

* * *

Ýa zer gerek, ýa-da – zor.

* * *

Ýaby – taýlykda, at – gulanlykda.

* * *

Ýabynyň – çapany, garybyň – tapany.

* * *

Ýabysyna rehim etmedik pyýada galar.

* * *

Ýadyň ýanyna barandan, ýandagyň düýbüne bar.

* * *

Ýadyňky ýat, ahyry bibat.

* * *

Ýag iý-de, ýalaňaç ýat.

* * *

Ýag iýýän köpek tüýünden belli.

* * *

Ýaga düşen ýoldaşyny köp islär.

* * *

Ýaga ýalbarma, janyňy alar, dawa goşulma – malyňy.

* * *

Ýagda ýarma bişdi, arada sogan bürüşdi.

* * *

Ýagdan ýap galar, sogandan – dag.

* * *

Ýagly günüň ýat ýagşy, gamly günüň – garyndaş.

* * *

Ýagly küýzä suw ýokmaz.

* * *

Ýagmady ýagyş, bitmedi gamyş.

* * *

Ýagmaz bulut ýeri aldar, ýaman aýal – äri.

* * *

Ýagşa – ýanaş, ýamandan – daşlaş.

* * *

Ýagşa ýagşy diý, bereketi artsyn,
Ýamana ýagşy diý, pälinden gaýtsyn.

* * *

Ýagşa ýagşy diýseň, ýagşylygy artar,
Ýamana ýagşy diýseň, pälinden gaýdar.

* * *

Ýagşa baş bererler, ýamana – daş.

* * *

Ýagşa berseň gyzyňy, söýer-sylar soltan eder,
Ýamana berseň gyzyňy, urar-söger oltaň eder.

* * *

Ýagşa bir söz besdir, ýamana müň söz hebesdir[1].

* * *

Ýagşa durum ýok, ýamana – ölüm.

* * *

Ýagşa duşsaň, ozarsyň, ýamana duşsaň, tozarsyň.

* * *

Ýagşa garalyk ýokmaz, ýamana il bakmaz.

* * *

Ýagşa igenseň, iňňe dek bolar, ýamana igenseň – ner dek.

* * *

Ýagşa sögseň, süňňünden öter, ýamana sögseň – derisinden.

* * *

Ýagşa taý tapylmaz, ýamana – ýaran.

* * *

Ýagşa ýalbarsaň jan geler, ýamana ýalbarsaň – gan.

---

[1] Hebes – biderek, peýdasyz.

* * *

Ýagşa ýoldaş bolsaň, işiň biter,
Ýamana ýoldaş bolsaň, başyň gider.

* * *

Ýagşa ýoldaş et, ýamandan – daş.

* * *

Ýagşy adam aý bolar, nirä barsa jaý bolar.

* * *

Ýagşy adam gününi geçir, ýaman adam goňşusyny göçir.

* * *

Ýagşy adamyň ýagşylygy deger dar ýerde,
Ýaman adamyň ýamanlygy deger her ýerde.

* * *

Ýagşy alkyş alar, ýaman – gargyş.

* * *

Ýagşy aş üstüne geler, ýaman – kaş üstüne.

* * *

Ýagşy aşyňy iýer, ýaman – başyňy.

* * *

Ýagşy at hem büdürär.

* * *

Ýagşy ata bir gamçy, ýaman ata – müň.

* * *

Ýagşy ata perzendine ömür dilär, ýaman perzent atasyna – ölüm.

* * *

Ýagşy atadan däli çaga-da dogar.

* * *

Ýagşy atyň dişini görme, ýagşy kişiň ýaşyny sorama.

* * *

Ýagşy aýal arpa ununy aş eder, ýaman aýal bugdaý ununy da:ş eder.

* * *

Ýagşy aýal arpa ununy kebap eder, ýaman aýal bugdaý ununy harap eder.

* * *

Ýagşy aýal işli bolar, ýaman aýal – dişli.

* * *

Ýagşy aýal jan azygy, ýaman aýal baş gazygy.

* * *

Ýagşy aýal öý bossany, ýaman aýal – zemistany[1].

* * *

Ýagşy aýal öý işini gül eder, ýaman aýal gazananyň kül eder.

---

[1] Zemistan – gyş.

* * *

Ýagşy aýal – öý zynaty, ýaman – aýal boý zynaty.

* * *

Ýagşy aýal – rehmet, ýaman aýal – mähnet.

* * *

Ýagşy aýal ýok zadyňy bar eýlär, ýaman aýal giň jahany dar eýlär.

* * *

Ýagşy aýal ýüzünden semrär, ýaman yzyndan.

* * *

Ýagşy aýalyň eli uzyn, ýaman aýalyň – dili.

* * *

Ýagşy başyňa dost, ýaman – aşyňa.

* * *

Ýagşy baýkap[1] sözlär, ýaman – çaýkap.

* * *

Ýagşy berýänçä, ýaman howlugar.

* * *

Ýagşy bilen bolsaň goňşy, işiň zowky-sapa bolar,
Ýaman bilen bolsaň goňşy, işiň jebri-jepa bolar.

---

[1] Baýkap – oýlanyp.

* * *

Ýagşy bilen dost bolsaň, galan işiň bitirer,
Ýaman bilen dost bolsaň, eden işiň ýitirer.

* * *

Ýagşy bilen otursaň, toýdur-bazar,
Ýaman bilen otursaň, göwün bozar.

* * *

Ýagşy bilen sözleşseň köňül açylar.

* * *

Ýagşy bilen ýoldaş bolsaň, uzak ýoluň daş bolmaz.

* * *

Ýagşy bilen ýöreseň, ýetersiň myrada,
Ýaman bilen ýöreseň, galarsyň uýada.

* * *

Ýagşy bolsa aýalyň, gülmezden öň güldürer,
Ýaman bolsa aýalyň, ölmezden öň öldürer.

* * *

Ýagşy bolsa aýalyň, toýa barmak ne derkar,
Ýaman bolsa aýalyň, ýasa barmak ne derkar.

* * *

Ýagşy eşekden hor-da bolsa at ýagşy,
Uzakdaky garyndaşdan ýakyndaky ýat ýagşy.

* * *

Ýagşy garrasa, ýazylyp goýlan hat ýaly,
Ýaman garrasa, burugsap ýanan ot ýaly.

* * *

Ýagşy gelin – gelin, ýaman gelin – ýalyn.

* * *

«Ýagşy gelsem, gazan-gazan süýt,
Ýaman gelsem, kellebaşaýak üt» diýenmiş, gyş.

* * *

Ýagşy gören dostuňa ýagşy gören zadyňy ber, göre-göre guwansyn.

* * *

Ýagşy güne dözmedik, ýaman güne hiç dözmez.

* * *

Ýagşy günüň döş agyrysy, ýaman günüň diş agyrysy.

* * *

Ýagşy günüň ötmesi aňsat, ýaman günüň ötmesi kyn.

* * *

Ýagşy gyz irden turup darak sorar, ýaman gyz irden turup – çörek.

* * *

Ýagşy gyz ýady ýakyn eder, ýaman gyz – kyýamaty.

* * *

Ýagşy hezzet ýaman tula ýaraşmaz.

* * *

Ýagşy hörek galynça, ýaman garyn ýyrtylsyn.

* * *

Ýagşy ili bilen magtanar, ýer käni – bilen.

* * *

Ýagşy iliniň ýamanyny ýaşyrar, ýagşysyny aşyrar.

* * *

Ýagşy it maslygyny ýaşyrar.

* * *

Ýagşy janyňa ýoldaş, ýaman – nanyňa.

* * *

Ýagşy niýet – ýarym döwlet.

* * *

Ýagşy ogul etekdäki atasyny töre geçirer,
Ýaman ogul tördäki atasyny – göre.

* * *

Ýagşy ogul il abraýy, ýagşy gyz – öý.

* * *

Ýagşy oguldan rehmet ýagar, ýaman oguldan – mähnet.

* * *

Ýagşy özüni ýamanyň ýanynda tanadar.

* * *

Ýagşy sakla adyňy, betnamçylyk il gezer.

* * *

Ýagşy söz baldan süýji.

* * *

Ýagşy söz öjek emdirer.

* * *

Ýagşy söz pili hem ýola salar.

* * *

Ýagşy söz ýagşy eder, ýaman söz – wagşy.

* * *

Ýagşy söz ýylany hinden çykarar,
Ýaman söz musulmany – dinden.

* * *

Ýagşy sözden ýaýrar jahan.

* * *

Ýagşy söze daş ýarylar.

* * *

Ýagşy söze gulak goý, ýaman söze – duzak.

* * *

Ýagşy sözi bilen diňdirer, ýaman dili bilen eňreder.

* * *

Ýagşy tutgun päliňi, it gapmasyn donuňy.

* * *

Ýagşy ýagşylyk öwreder, ýaman – ýamanlyk.

* * *

Ýagşy ýagşynyň gadyryna ýeter.

* * *

Ýagşy ýar ýatdan çykmaz.

* * *

Ýagşy ýaryň gadyry bolmaz, bir ýamana duşmaýançaň,
Öz ýurduň gadyry bolmaz, özge ýurda aşmaýançaň.

* * *

Ýagşy ýeter myrada, ýaman galar uýada.

* * *

Ýagşy ýigide bir mürewwet ýagşydyr.

* * *

Ýagşy ýigit deňi bilen.

* * *

Ýagşy ýigit il aýbyny açmaz.

* * *

Ýagşy ýigit il başlar, ýaman ýigit – ýol.

* * *

Ýagşy ýigit iş üstüne geler, ýaman ýigit – gep üstüne.

* * *

Ýagşy ýigit münen atyny har etmez,
Ýagşy aýal baran ärini garratmaz.

* * *

Ýagşy ýigit toý-baýramda saýlanar,
Ýaman ýigit ot başynda oýlanar.

* * *

Ýagşy ýigit ýol ýitirmez.

* * *

Ýagşydan at galar, ýamandan – set.

* * *

Ýagşydan bag galar, ýamandan – ýürekde dag.

* * *

Ýagşydan hoş habar eşidiler.

* * *

Ýagşydan – şepagat, ýamandan – kesapat.

* * *

Ýagşydan ýaman dogulsa, emi tapylmaz,
Ýamandan ýagşy dogulsa – deňi.

* * *

«Ýagşydan ýaman çykdy» diýip käýinme,
«Ýamandan ýagşy çykdy» diýip söýünme.

* * *

Ýagşylardan halka ýagşy at galar.

* * *

Ýagşylaryň ýagşylygyny aýt, sahawaty artsyn,
Ýamanlaryň ýamanlygyny aýt, pälinden gaýtsyn.

* * *

Ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işidir,
Ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir.

* * *

Ýagşylyga ýamanlyk, kör eşege samanlyk.

* * *

Ýagşylyga ýaran bolsaň, iki dünýäň abatlarsyň,
Ýamanlara ýaran bolsaň, iki dünýäň bibatlarsyň.

* * *

Ýagşylygy bilene et, hormaty – görene.

* * *

Ýagşylygy bilmeseň, ýagşylyga goşul.

* * *

Ýagşylyk – al asmanda, ýamanlyk – aýak astynda.

* * *

Ýagşylyk birinde gaýtmasa, birinde gaýdar.

* * *

Ýagşylyk eden – eseler, ýamanlyk eden – peseler.

* * *

Ýagşylyk et, derýa at, balyk biler,
Balyk bilmese, Halyk biler.

* * *

Ýagşylyk etseň ýanyňda, ýamanlyk etseň alnyňda.

* * *

Ýagşylyk göze görünmez, ýamanlyk gömlüp goýulmaz.

* * *

Ýagşylyk iňňäniň gözünden görner.

* * *

Ýagşylyk isleseň, ýagşylyk et.

* * *

Ýagşylyk suwa batmaz, ahyr çykar, çümüp ýatmaz.

* * *

Ýagşylyk töre elter, ýamanlyk – göre.

* * *

Ýagşylyk – ýamanlygyň galkany.

* * *

Ýagşylykdan ýamanlyk gözleme.

* * *

Ýagşyny göreniňde, pikir et, ýamany göreniňde, şükür et.

* * *

Ýagşyny görmek – jennet.

* * *

Ýagşyny öwseň ýaraşar, ýamany öwen ýalňyşar.

* * *

Ýagşyny sözünden bil, ýamany – gözünden.

* * *

Ýagşyny sylasaň, ýadyndan çykmaz, ýamany sylasaň, gapyňdan gitmez.

* * *

Ýagşyny ýaman diýme, daşyň hem bolsa,
Ýamany ýagşy diýme, ýakynyň hem bolsa.

* * *

Ýagşynyň ajaly nagt geler.

* * *

Ýagşynyň gadyryny ölensoň bilerler.

* * *

Ýagşynyň gahary bar – ýamany ýok,
Garyndaşyň azary bar – bizary ýok.

* * *

Ýagşynyň haly ýagşy bolar, ýamanyň päli ýaman.

* * *

Ýagşynyň kalby – kuýaş, ýamanyň bagry – daş.

* * *

Ýagşynyň köňlünde kine az bolar.

* * *

Ýagşynyň mazasyny bilmedik, ýamanyň yzasyny bilmez.

* * *

Ýagşynyň ölüsi ýakar, ýamanyň – dirisi.

* * *

Ýagşynyň özi ölse-de, sözi ölmez.

* * *

Ýagşynyň özi-de ýagşy, sözi-de.

* * *

Ýagşynyň sözi şaýat, ýamanyň – özi.

* * *

Ýagşynyň ýady bolmaz, ýamanyň – uýady.

* * *

Ýagşynyň ýagşa ýeter hümmeti, ýamanyň ýagşa ýeter minneti.

* * *

Ýagşynyň ýaman bolmagy aňsat, ýamanyň ýagşy bolmagy kyn.

* * *

Ýagşynyň ýören ýeri bazar, ýamanyň ýören ýeri azar.

* * *

Ýagşynyň ýüzi – jennet, nadanyň işi – minnet.

* * *

Ýagşysy ýaşyrylyp, ýamany aýdylar.

* * *

Ýagsyz araba köçerin[1] iýer.

* * *

Ýagy gaýdansoň, batyr köpeler.

* * *

Ýagy gelýär diýip, malyň tüketme, oba göçjek diýip – odunyňy.

* * *

Ýagy içinde-de bir öýüň bolsun.

* * *

Ýagy ýakaňdan alanda, it etegiňden ýapyşar.

---

[1] Köçer – arabaň tigirleriniň içinden geçýän ok.

* * *

Ýagy ýalbaranyňy bilmez.

* * *

Ýagy ýaragyny ýagy bilmez.

* * *

Ýagy ýok, gaýmagy ýok, çaýy gursun,
Haýry ýok, sahawy ýok – baýy.

* * *

Ýagydaky ýarysy, eldäkiniň barysy.

* * *

Ýagydan ýaý boýy, daş bol.

* * *

Ýagyň daşyndan, içi aman.

* * *

Ýagyň işi gowurmak, ýeliň işi sowurmak.

* * *

Ýagyna dözmeýän çöregini gury iýer.

* * *

Ýagyna ýer ýigdeler, şagalaňa – är.

* * *

Ýagynly gün at alma, ýelli güni guş salma.

* * *

Ýagyny görmänkäň gorksaň-da, göreňsoň gorkma.

* * *

Ýagyr bolan gaşanar.

* * *

Ýagyra ýona ýaraşmaz.

* * *

Ýagyş özüni sil saýar, guýy özüni – köl.

* * *

Ýagyş ýagyp ýaz bolmasa, mydam ýazyň hazan bolar.

* * *

Ýagyşda duşmanyň goýny, dostuň aty satylsyn.

* * *

Ýagyşdan gaçyp, damja uçradym.

* * *

Ýagyşly gün – ýat, ýelli gün – ýort.

* * *

Ýakasy başgadan don bolmaz, atasy başgadan – dogan.

* * *

Ýakma – bişersiň, gazma – düşersiň.

* * *

Ýakyndaka ýaltanar, daşa gitse örtener.

* * *

Ýakyndaky sypal daş ýerdäki bededen ýagşy.

* * *

Ýakynyň dawasy ýada azyk bolar.

* * *

Ýal özüňki bolmasa-da, ýalak özüňki bolsun.

* * *

Ýalamakdan ýag tükener.

* * *

Ýalamasaň – doýmarsyň, ýamamasaň – geýmersiň.

* * *

Ýalan söz adam duşmany, sözleseň etdir puşmany.

* * *

Ýalan söz adamy dinden çykarar.

* * *

Ýalan sözden awunarsyň.

* * *

Ýalan sözden saklan, ýaman – gözden.

* * *

Ýalan sözläp peýda görseň – ahyry zyýana ýeter,
Dogry sözläp zelel görseň – ahyry peýda getir.

* * *

Ýalan sözleseň, tutularsyň, düz sözleseň, gutularsyň.

* * *

Ýalan sözleseňem, aýagyňy ýerden üzme.

* * *

Ýalana ýalkaw ynanar ýa-da aňkaw.

* * *

Ýalançy adamyň subuty bolmaz.

* * *

Ýalançy bilen ýola düşme.

* * *

Ýalançy bilen ýoldaş bolma, ogry bilen – obadaş.

* * *

Ýalançy çynyny diýmez, diýse-de il ynanmaz.

* * *

Ýalançy kim, eşidenini aýdan.

* * *

Ýalançy Taňrynyň duşmany.

* * *

Ýalançy töre bir geçer, iki geçmez.

* * *

Ýalançy ýagly geçi, bazarda bagly geçi.

* * *

Ýalanç y yzyndan ýetdirýänçä ýaňrar.

* * *

Ýalançynyň çyn sözi ýalana gider.

* * *

Ýalançynyň çyny zaýa.

* * *

Ýalançynyň öýi ýandy, oňa hiç kim ynanmady.

* * *

Ýalançynyň şaýady kasam.

* * *

Ýalançynyň şemi ýassa[1] çenli ýanar.

* * *

Ýalan-da bolsa, hoş habar ýagşy.

* * *

Ýalandan gurlan öý tiz çagşar.

* * *

Ýalany aýdyp ýaranandan çynyňy aýdyp ýalbar.

* * *

Ýalanym, eşege palan salanym.

---

[1] Ýassy – her gün okalýan bäş wagt namazyň iň soňkusy.

* * *

Ýalanyň ömri gysga.

* * *

Ýalanyň süýjüsinden çynyň zäheri datly.

* * *

Ýalanyň ýarany – ant.

* * *

Ýalanyşan ajykmaz, söýenişen ýykylmaz.

* * *

Ýalaňaç dyzy ýyrtyga güler.

* * *

Ýalaňaç içeri girer, aç daşary çykar.

* * *

Ýalaňaç suwdan gaýtmaz, gezegen – ýowdan.

* * *

Ýalaňaç talanmadan gorkmaz.

* * *

Ýalaňaja ýaz ýagşy.

* * *

Ýaldyrak dogandan soň, keýik suwsamaz.

* * *

Ýaldyrakda[1] tün sowar, Sünbülede[2] gün sowar.

* * *

Ýalkasa ýaz, gargasa gyş.

* * *

Ýalňyşmaz – bir Alla.

* * *

Ýalňyz agaç ýalbarsaň-da, ýanmaz.

* * *

Ýalňyz atly ýaryşjaň, ýaman aýal uruşjaň.

* * *

Ýalňyz bala – başa bela.

* * *

Ýalňyz batyra ýow ýok, ýalňyz ýigide – dawa.

* * *

Ýalňyz bolsaň uruşdan gaç, ýuka bolsaň – gyşdan.

* * *

Ýalňyz çapan at – ýüwrük.

---

[1] Ýaldyrak – Alp Arslan aýynyň başlarynda dogýan ýalpyldawuk ýyldyz.

[2] Sünbüle – hijri-şemsi aý hasabynda Alp Arslan aýynyň 21-den Ruhnama aýynyň 22-si aralygyny öz içine alýar.

* * *

Ýalňyz goldan aw çykmaz.

* * *

Ýalňyz gyz – ýalama duz.

* * *

Ýalňyz oglan aglak bolar, ýalňyz düýe – bagyrak.

* * *

Ýalňyza ýol uzak.

* * *

Ýalňyzlyk ýat ilde belli.

* * *

Ýalňyzyň dört tarapy kybla.

* * *

Ýalta – aşda, ökde – işde.

* * *

Ýalta ýarymaz, ogry baýymaz.

* * *

Ýalta ýük ýükleme, akmaga akyl berme.

* * *

Ýaltanyň dili kelte.

* * *

Ýaltanyň öwünji iş ýanyna barynça.

* * *

Ýaltanyň ýagysy ýumuş.

* * *

Ýalym az bolsa-da, çanagym giň bolsun.

* * *

Ýalyna bakyp, ýaby alma.

* * *

Ýaman adam il bozar, ýaman araba – ýol.

* * *

Ýaman agyzdan erbet söz çykar.

* * *

Ýaman ata ýal bitse, bökdürgä zat daňdyrmaz.

* * *

Ýaman ata ýal bitse, ýanyna ýanlyk baglatmaz,
Ýaman kişä mal ýetse, ýanynda goňşy baýnatmaz.

* * *

Ýaman aty münme ýaly bar diýip.

* * *

Ýaman aty ýal basar, bikäri – hyýal.

* * *

Ýaman aýal – ärli dul, bagtygaraň – ömri kül.

* * *

Ýaman bilen ýoldaş bolma, nadan bilen syrdaş.

* * *

Ýaman bolsa hatynyň, bar akylyň çaşyrar,
Ýagşy bolsa hatynyň, akylyňa akyl goşar.

* * *

Ýaman bolsa ogluň ülpeti, bir gün başa salar külpeti.

* * *

Ýaman dil il bozar, ýaman aýak – ýol.

* * *

Ýaman düýe howudyny iýer.

* * *

Ýaman düzelse – zaman düzeler.

* * *

Ýaman gelin düşen öýüni myhman saýar.

* * *

Ýaman gelniň ýagşysy iki bolar, biri gelen-de, biri ölen-de.

* * *

Ýaman giýew gaýynsak, ýaman heleý äginsek.

* * *

Ýaman gorkanyny sylar.

* * *

Ýaman göz – daşy deşer.

* * *

Ýaman göz – deňzi guradar, ýaman söz – meňzi.

* * *

Ýaman günüň ömri köp.

* * *

Ýaman hem aşyňy iýer, hem – başyňy.

* * *

Ýaman iýenini agzar, ýagşy – görenini.

* * *

Ýaman maly saklasaň, sakgal-murtuňy ýaglar,
Ýaman aýaly saklasaň, ýürek-bagryňy daglar.

* * *

Ýaman öz gybatynyň üstüne geler.

* * *

Ýaman öz pälinden tapar.

* * *

Ýaman özüni bilmez, özge gözüne ilmez.

* * *

Ýaman pälinden tapar, ýagşy – kärinden.

* * *

Ýaman söz dert galdyrar.

* * *

Ýaman söz gulaga ýakyn.

* * *

Ýaman söz jana bela, ýiti tyg – gyna.

* * *

Ýaman ýan goňşyňam bolmasyn, gör – goňşyňam.

* * *

Ýaman ýanyňda bolmasyn, ýowuz – hataryňda.

* * *

Ýaman ýokdan ýokary.

* * *

Ýaman ýoldaş ýolda galdyrar.

* * *

Ýaman ýoldaş ýow bolar, ähli işi daw[1] bolar.

* * *

Ýaman ýoldaş ýowa aldyrar.

* * *

Ýamana aýtsaň syryňy, müňe ýeti:r biriňi.

---

[1] Daw – dawa.

* * *

Ýamana başçy bolynçaň, ýagşa goşçy bol.

* * *

Ýamana degişseň, ýakaňy ýyrtar.

* * *

Ýamana günem garaňky, tünem.

* * *

Ýamana işiň düşse, Günüň gaýradan dogar.

* * *

Ýamana öýleneniň ýowy öýünde, iki aýallynyň – dawy.

* * *

Ýamana söz gatma, hödürsiz tagam datma.

* * *

Ýamana söz ötmez, petire – ot.

* * *

Ýamana ýagşylyk-da ýaman.

* * *

Ýamana ýaran bolma, ýagşydan ýüzüňi sowma.

* * *

Ýaman-da bolsa, özüňki ýagşy.

* * *

Ýamandan gaç, ýagşa gujak aç.

* * *

Ýamandan ýa gaçyp gutularsyň, ýa-da geçip.

* * *

Ýamanlasaň deňi-duşuň, müşgil bolar asan işiň.

* * *

Ýamanlygy amanlyk ýeňer.

* * *

Ýamanlygy ýagşylyk bilen ýeň.

* * *

Ýamanlygyň soňy gülki.

* * *

Ýamanlyk etmek asan, ýagşylyk – müşgil.

* * *

Ýamansyz ýagşy bolmaz.

* * *

Ýamany aşa çagyrsaň çagyr, işe çagyrma.

* * *

Ýamany bolmadygyň ýagşysy bolmaz.

* * *

Ýamany sylasaň, başyňa çykar.

* * *

Ýamany ýasawul goýsaň, ýalňyz oglunyň gözüni oýar.

* * *

Ýamanyň agasy bolandan ýagşynyň inisi bol.

* * *

Ýamanyň atany degmez, aýdany gelmez.

* * *

Ýamanyň oduna ýagşy ýanar.

* * *

Ýamanyň oýny ýaman, buganyň[1] – boýny.

* * *

Ýamanyň sözüni eşidenden ýagşynyň taýagyny iý.

* * *

Ýamanyň sürüsi bolmaz.

* * *

Ýamanyň wadasy – işi bitinçä.

* * *

Ýamanyň ýagşysy bolynçaň, ýagşynyň ýamany bol.

* * *

Ýamanyň ýakasy ýyrtyk, bir gylygy hemmeden artyk.

* * *

Ýamanyň ýarany köp.

---

[1] Buga – öküzçe.

* * *

Ýamanyň ýarasy bitmez.

* * *

Ýamanyň ýary bolynçaň, ýagşynyň ýesiri bol.

* * *

Ýamanyň ýeňşi özünden özgäni guwandyrmaz.

* * *

Ýamanyň ýorgudy ýüzünde.

* * *

Ýamanyň yzyna düşseň, bela sataşarsyň.

* * *

Ýamanyň zyýany iline ýeter, göribiňki – özüne.

* * *

Ýan goňşym – jan goňşym.

* * *

Ýan maňa, ýanaýyn saňa, gurbandyr janym saňa.

* * *

Ýananam men bolaýyn, ýamanam.

* * *

Ýan-biş, ýada ýakaňy berme.

* * *

Ýandak öl hem bolsa, tikeni gury.

* * *

Ýandak sere – tohum ýere.

* * *

Ýanmasa odun ýaman, ýakybilmese – hatyn.

* * *

Ýaňylan dilini dişlär.

* * *

Ýanýoldaşyňa näme dileseň, ol öz başyňa geler.

* * *

Ýap berseň, akaryny ber, mal berseň – bakaryny.

* * *

Ýapagaly ýaşyl çemen güýze galmaz.

* * *

Ýapa-ýapa garlar ýagsa, ýaza galmaz.

* * *

Ýar ýaryň gadyryny ölinçä bilmez.

* * *

Ýara ýalan sözleme, ýamanlygyny gözleme.

* * *

Ýaragan it ýow getirmez.

* * *

Ýaragyňy ataňa-da ynanma.

* * *

Ýaramaz ilçi ýamanlyk getirer, akylly ilçi – amanlyk.

* * *

Ýaramaz öýden ýaramaz tütün çykar.

* * *

Ýarly[1] bolsaň-da, arly bol.

* * *

Ýarmadan aş bolmaz, gyrnakdan – baş.

* * *

Ýaryljak çyban ýarylsyn-da dynsyn.

* * *

Ýarym güne ýaryş ýok.

* * *

Ýarym molla – apaty iman, ýarym tebip – apaty jan.

* * *

Ýaryndan aýrylan ýedi ýyl aglar, ýurdundan aýrylan – ölinçä.

* * *

Ýaşa – hyzmat, garra – hormat.

* * *

Ýasa baran aýal öz derdine aglar.

---

[1] Ýarly – garyp.

* * *

Ýaşlygymda mähnet[1] ber, garranymda – döwlet.

* * *

Ýaşlygyňda toba kylsaň, garraýançaň düzelersiň,
Garranyňda toba kylsaň, düzelýänçäň gömülersiň.

* * *

Ýaşlyk – bibaşlyk, aňmazlyk – serhoşlyk.

* * *

Ýaşlyk bir mertebe geler, çagalyk iki mertebe.

* * *

Ýaşlykda ber, garranyňda alarsyň.

* * *

Ýaşlykda el işlär, garranyňda – dil.

* * *

Ýaşlykda gyzyny urmadyk, ulalansoň dyzyna urar.

* * *

Ýaşlykda iş görmedik ulalansoň söwrük[2] bolar.

* * *

Ýassygyň aşagynda ýylan saklama.

---

[1] Mähnet – zähmet.
[2] Söwrük – gowşak, nalajedeýin.

* * *

Ýaşulusy bolmadygyň, ýaşkiçisi bolmaz.

* * *

Ýaşyl öwüsýän ýerleriň çemenini ýabany eşek biler.

* * *

Ýaşyrygy ýaşmak saklamaz.

* * *

Ýat gelip, aşna bolynça, aşna ýar elden gider.

* * *

Ýat goýun gyrada ýatar.

* * *

Ýat itiň guýrugy ýamzynda.

* * *

Ýat üçin ýan-biş, ýöne köýnegiňi ýyrtma.

* * *

Ýata suw sasar.[1]

* * *

Ýatan halsyza güler, ýykylan – sürşene.

* * *

Ýatan öküze iým ýok.

---

[1] Sasar – ajar.

* * *

Ýatan ölmez, ýeten öler.

* * *

Ýatan ýylanyň guýrugyny basma.

* * *

Ýatandan turan dogar.

* * *

Ýatanyň üstüne turan gelmesin.

* * *

Ýatar garna ýarpy iý.

* * *

Ýatar gursak – ýarty susak.

* * *

Ýatasy gelse, «ýepbe» islär, gezesi gelse – «hopba».

* * *

Ýatdan dogan bolmaz, gökden – ot.

* * *

Ýatmak – ölümden, gezmek – ömürden.

* * *

Ýatmak ölä ýagşy.

* * *

Ýatyberseň ýow alar, indemeseň – daw.

* * *

Ýatyp galandan – atyp gal.

* * *

Ýaý egriligi bilen elde ýatar, ok dogrulygy bilen uzak gider.

* * *

Ýaz aksyz bolma, güýz – göksüz.

* * *

Ýaz azygy – gyş azygy.

* * *

Ýaz bar, gyş bar, telesene[1] ne iş bar.

* * *

Ýaz diýip, otsuz galma, gyş diýip – suwsuz.

* * *

Ýaz diýip, ýapynjaňy ýanyňdan goýma, gyş bolsa halanyňy et.

* * *

Ýaz gelenini ýeňse biler, gyş gelenini – burun.

* * *

Ýaz güni bir palaw, gyş güni bir alaw.

* * *

Ýaz gyşyndan belli bolar, gyz – gardaşyndan.

---

[1] Telesmek – howlukmak, gyssanmak

* * *

Ýaz işle, gyş dişle.

* * *

Ýaz sagymsyza, güýz gawunsyza sala-da salma, onuň bilen goňşam bolma.

* * *

Ýaz ýagyrdan, gyş goturdan gaýra dur.

* * *

Ýaz ýatan gyş aglar.

* * *

Ýaz ýüňi keçä bolmaz, güýz ýüňi – dolaga.

* * *

Ýaza çyksaň, gyşyňy unutma.

* * *

Ýazana bakma, ýazanyna bak.

* * *

Ýazanyň eli boş galmaz.

* * *

Ýazda arpa iýen at gyşda etini dökmez.

* * *

Ýazda derlemeýän, gyşda doňar.

* * *

Ýazda maly aýak bilen bak, güýzde taýak bilen.

* * *

Ýazlyk ýaltanyňky, güýzlük güýçlüniňki.

* * *

Ýazy gidip güýzi galan, gyşy gidip – buzy.

* * *

Ýazykly ýuwulmaz, ýazylan bozulmaz.

* * *

Ýazylyp alynmadyk söz – ýiten hazyna.

* * *

Ýazyň ýuwundysy gyşa gatyk.

* * *

Ýazyna ýala, güýzüne çala.

* * *

Ýedi arkama meňzemen, ýerden göterene meňzärin.

* * *

Ýedi gapyda ýerlemedik, iýip-içip derlemedik.

* * *

Ýedi gülmek – bir doýmak.

* * *

Ýedi ölçe-de, bir kes.

* * *

Ýedi şäheri ýykyp, ýedi derýanyň suwuny içen.

* * *

Ýedi ýaşan aty sygyryp suwa ýakma.

* * *

Ýedi ýyldan mal ýygylar, elli ýyldan il ýygylar.

* * *

Ýediniň biri ýeser.

* * *

Ýedisinde nähili bolsa, ýetmişinde-de şoldur.

* * *

Ýegen ujy ýagydyr, ýagam bolsa gowudyr.

* * *

Ýegenim – ýedi garnym.

* * *

Ýegenim bar – ýedi gulum bar.

* * *

Ýekäniň çaňy çykmaz.

* * *

Ýeke agaja ýalbarsaň-da, ýanmaz.

* * *

Ýeke atdan tozan çykmaz.

* * *

Ýeke çapan at – ýüwrük.

* * *

Ýeke gülen – masgara.

* * *

Ýekeden egrilik oslanmaz.

* * *

Ýel aparan ýeliňki, ýerde galan meniňki.

* * *

Ýel bilen gelen, sil bilen gider.

* * *

Ýel gelse yrandygym, sil gelse bulandygym.

* * *

Ýel getirenini, ýel äkider.

* * *

Ýel soňy ýagyş.

* * *

Ýel ýeriň daragy.

* * *

Ýele ýargak[১], aýaza ki:z[২].

---

[১] Ýargak – possun, içmek.
[২] Ki:z – keçe.

* * *

Ýelkensiz naw ýöremez.

* * *

Ýemende men – ýanyňda men.

* * *

Ýenäniň ýenesi bar, gyzynyň – enesi.

* * *

Ýeňil gazanylan gazanç ýeňil sowlar.

* * *

Ýeňilen başy gylyç kesmez.

* * *

Ýeňili ýel götär, agyry – ýer.

* * *

Ýeňsikçiniňki ýeke gün, ýetip barsa, ýedi gün.

* * *

Ýer ala – ýurt ala.

* * *

Ýer – bakany bakar, bakmadygy – ýykar.

* * *

Ýer daýhany dabanyndan tanarmyş.

* * *

Ýer doýmasa – är doýmaz.

* * *

Ýer – ekeniňki, aýal – bakanyňky.

* * *

Ýer gaty bolsa, öküz öküzden görer.

* * *

Ýer gaty-da, gök ýyrak.

* * *

Ýer görki – galla, adam görki – elde.

* * *

Ýer görki – suw, suw görki – guw.

* * *

Ýer – hamyr, dökün – hamyrmaýa.

* * *

Ýer ujuny gök basmaz.

* * *

Ýer ýylaman ot gögermez.

* * *

Ýerde ýetim aglasa, asmanda melek aglar.

* * *

Ýerden tapsaňam, sanap al.

* * *

Ýere bakandan ýer gorkar.

* * *

Ýere düşen gül bolar, oda düşen – kül.

* * *

Ýere gaçan ýetimiňki.

* * *

Ýere gulluk eden bir ýyldan baý bolar, mala gulluk eden – ýedi ýyldan.

* * *

Ýere tarp gerek, ýa zarp gerek.

* * *

Ýeri baýyň ili baý.

* * *

Ýeri eý gör – eklär, maly eý gör – saklar.

* * *

Ýeri ýarpa alan gursun, puly bisarpa – tutan.

* * *

Ýeri ýokda, Watan ýok.

* * *

Ýeriň gyrasyny kes, Hydyr geçer.

* * *

Ýeriň ýerden, äriň ärden parhy köp.

* * *

Ýerine görä ýylany, dagyna görä dumany.

* * *

Ýeriňi bejermeseň, aç galarsyň, ýabyňy arçamasaň, puç galarsyň.

* * *

Ýerini bilip sözleseň, dildir daşyň galasy,
Ýerini bilmän sözleseň, dildir başyň belasy.

* * *

Ýersiz gargyş özüňe deger.

* * *

Ýer-ýurt üýtgär, adamzat üýtgemez.

* * *

Ýeser ýerde gaý tutdy.

* * *

Ýeseriň ýedi ýerde zeleli deger.

* * *

Ýetilmedik jaýlara ýeten elim,
Ok ötmedik daşlardan öten dilim.

* * *

Ýetim gyzyň ýeňňesi köp.

* * *

Ýetişen gyz giýewden gorkmaz.

* * *

Ýigide garyp diýme, ekin eker, orak orar, baý bolar.

* * *

Ýigide müň dürli hünär hem az.

* * *

Ýigide ýa zer gerek, ýa – zor.

* * *

Ýigidi aşa çekseň çek, ýurda çekme.

* * *

Ýigidi dostundan tana.

* * *

Ýigidiň aýagynyň astynda at ynjamaz.

* * *

Ýigidiň bar baýlygy – dosty.

* * *

Ýigidiň gideni bilinmez, geleni bilner.

* * *

Ýigidiň görki – at-ýarag.

* * *

Ýigidiň gowusy aşykaradyr[1], gawunyň gowusy şekerparadyr.

---

[1] Aşykara – çyn ýürekden söýýän ýigit.

* * *

Ýigidiň pesi pesligini daýysyndan görer.

* * *

Ýigidiň sözi – ýüregiň dogany.

* * *

Ýigit – işe, garry – aşa.

* * *

Ýigit – söweşde, garry – geňeşde.

* * *

Ýigit aryp bolsa, aslyny sorama.

* * *

Ýigit aýbyn gyz açar, ädik aýbyn – suw.

* * *

Ýigit diýeniň yssyly-sowukly bolsun.

* * *

Ýigit diýerler – janyn giderer, jomart diýerler – malyn gidirer.

* * *

Ýigit garrasa, dişden düşer, bürgüt garrasa – güýçden.

* * *

Ýigit garyp, namysa baý.

* * *

Ýigit göre batyr, at çapa ýüwrük.

* * *

Ýigit görki – hünär.

* * *

Ýigit läşine tüýkürder, ýüzüne tüýkürtmez.

* * *

Ýigit ýörişinden aňdyrar, gyz – garaýşyndan.

* * *

Ýigit öler – jan galar, at öler – meýdan.

* * *

Ýigit ulalsa, jeň başlar, gyz ulalsa – heň.

* * *

Ýigit ýa doly gerek, ýa-da – däli.

* * *

Ýigit ýa erinlek gerek, ýa – burunlak.

* * *

Ýigitlik – meslik, garrylyk – susluk.

* * *

Ýigitlik bir uly olja, ony mydam tutup bolmaz,
Garrylyk bir gara derýa, ýüzüp ony ötüp bolmaz.

* * *

Ýigitlikde garyplyk, öler bolsaň, bäri gel,
Garrylykda garyplyk, güler bolsaň, bäri gel.

* * *

Ýigrimide toý görmedik kyrkdan soň at sürmez.

* * *

Ýiten goýnuň guýrugy uly.

* * *

Ýiten iňňe Aý ýagtysynda görner.

* * *

Ýiten pyçagyň sapy altyn.

* * *

Ýitgisiz ýarlyk – başyňa horluk.

* * *

Ýiti gyzyl tiz solar.

* * *

Ýiti sirke öz gabyny zaýalar.

* * *

Ýitigli enesiniň goýnuny agtarar.

* * *

Ýitmedik goýun semremez.

* * *

Ýitse malym, ýitmese janym.

* * *

Ýodany yzlasaň, ýola elter, ýoly yzlasaň – ile.

* * *

Ýogurdym[1] turşapdyr diýen bolmaz.

* * *

Ýogy ýaradyp bolmaz.

* * *

Ýogyn ýatar, inçe ýortar.

* * *

Ýogyn sozulýança, inçe üzüler.

* * *

Ýogyn ýuwdan düwner.

* * *

Ýok diýseň ýukalar, bar diýseň galňar.

* * *

Ýok ýerden bar eden, ýonuşgadan don eden.

* * *

Ýokarda diýdiler, gökde ýok, aşakda diýdiler, ýerde ýok.

---

[1] Ýogurt – gatyk.

* * *

Ýokdan Hudaý-da almandyr.

* * *

Ýokluk – daşdan gaty.

* * *

Ýol azaby – gör azaby.

* * *

Ýol bilen giden ýorulmaz.

* * *

Ýol bilmeseň, ýol sorarlar gelenden,
Söz bilmeseň, söz sorarlar bilenden.

* * *

Ýol bilmeseň, ýola git.

* * *

Ýol bilmez adam menzile ýetmez.

* * *

Ýol ogly ýolda ýagşy.

* * *

Ýol siňegi ýolda bolar, it siňegi – kölde.

* * *

Ýol uzak bolsa, aty gyssaman sür.

* * *

Ýol ýitse-de, ýodam ýitmesin.

* * *

Ýol ýöremek bilen, bergi-borç ödemek bilen.

* * *

Ýol yzlan gazna ýolugar, söz yzlan – bela.

* * *

Ýola çyksaň, ýoldaşyňy tap, öýde bolsaň – syrdaşyňy.

* * *

Ýola çykyp, ýoldan gaýtma.

* * *

Ýolagça ýol gerek, gurbaga – köl.

* * *

Ýolagçy ýolda ýagşy.

* * *

Ýolda azaşsaň, it üýren tarapa git.

* * *

Ýolda duşan ýolda galar.

* * *

Ýolda goşulan ýoldaş bolmaz.

* * *

Ýoldan çykmak aýyp däl, ýola girmezlik aýyp.

* * *

Ýoldan çyksaň çyk, ilden çykma.

* * *

Ýoldan gal, ýoldaşdan galma.

* * *

Ýoldan öň ýolagçy soralar.

* * *

Ýoldaş ýolda synalar.

* * *

Ýoldaşlynyň ýoly giň görner.

* * *

Ýoldaşyň it bolsa, taýagyňy berk tut.

* * *

Ýoldaşyň kör bolsa, gözüň gyparak.

* * *

Ýoluň açyk, ýeňsäňe gara palçyk.

* * *

Ýoluň hemişe bossanlygyň gyrasyndan düşmez.

* * *

Ýoluny ýitirene köpek sesi bilbil sesinden datly.

* * *

Ýoly ýörän ýeňer, bergini – beren.

* * *

Ýoly ýöräp ozarlar, karzy berip ýeňerler.

* * *

Ýorga ata ýol ýagşy, ýüwrük ata – meýdan.

* * *

Ýorga bilen ýoldaş bolma, ker bilen – söhbetdeş.

* * *

Ýorga münen ýoldaşdan aýrylar, uzak ýaşan – heserdeşden.

* * *

Ýorga ýaby özüni gamçylatmaz.

* * *

Ýorgaly bilen ýoldaş bolma, akmak bilen – syrdaş.

* * *

Ýorgaly bilen ýoldaş bolsaň, atdan aýrar.

* * *

Ýorgan gitdi, gowga bitdi.

* * *

Ýorgana görä aýak uzat.

* * *

Ýortanyň yzyndan ýörän ýeter.

* * *

Ýortup ýetdim, çalyp tutdum.

* * *

Ýorunja: «Ekseňem doýyryn, sökseňem doýyryn» diýenmiş.

* * *

Ýowa barsaň baryň bar, awa barsaň biriň.

* * *

Ýöne oturandan çöp ýon.

* * *

Ýörän aýaga ýörmez aýak çolaşar.

* * *

Ýöränini ýol biler, göçenini – gol.

* * *

Ýöremäni oňarmaz ýol bozar, geplemäni oňarmaz – il.

* * *

Ýörgür at gamçysyz gider.

* * *

Ýugrumy ýetmedik hamyr tamdyrda durmaz.

* * *

Ýumrukdan symsyk ýaman.

* * *

Ýumurtga ogurlan towugam ogurlar.

* * *

Ýumurtga tüý bitmez.

* * *

Ýumurtgalany bir ýumurtga, gohy bütin mähelläni tutar.

* * *

Ýumşa gideniň eglenenini dile.

* * *

Ýurdy belet çapar.

* * *

Ýuwaş atyň depigi gaty.

* * *

Ýuwaş düýe ýolda ýagşy, ýuwaş at – elde.

* * *

Ýuwaşyň şahy içinde.

* * *

Ýük agyr, menzil uzak.

* * *

Ýük – haltada, akyl – keltede.

* * *

Ýüki agyr eşek – aňňyrmaz.

* * *

Ýüki ýeňil bolsa, eşek sojar.

* * *

Ýüp inçelen ýerinden üzüler.

* * *

Ýüp syrylyp, toýnukdan öter.

* * *

Ýüpdäki it towşan awuna ýaramaz.

* * *

Ýüpek donuň içinde ýagşy-ýaman tanatmaz.

* * *

Ýüpi bar, paltasy ýok, oragy bar, haltasy ýok.

* * *

Ýüplügine bak – biýzin al.

* * *

Ýürek ýanar – göz ýaşarar.

* * *

Ýürekden çykan söz ýürege ýeter.

* * *

Ýürekden ýürege ýol bar.

* * *

Ýüwel[1] aýal gyzyny toýa getirer.

* * *

Ýüwrene ýok, buýrana bar.

* * *

Ýüwrüge meýdan köp.

* * *

Ýüwürjim bar – ýedi ýegenim bar.

* * *

Ýüwrük – ýaryşda, semiz – iýmişde.

* * *

Ýüwrük at öňüni gözlär, ýagşy ýigit – soňuny.

* * *

Ýüwrük ata baha bolmaz.

* * *

Ýüwrük ata gamçy çalynmaz.

* * *

Ýüwrük ata münen özüni beg saýar.

* * *

Ýüwrük çapyşda belli.

---

[1] Ýüwel – ýeňles, kelpeň.

* * *

Ýüwrüp geçiljek ýoly ýöräp-de geçip bolar.

* * *

Ýüz – kalbyň aýnasy.

* * *

Ýüz – otdan yssy.

* * *

Ýüz ýüzden utanar, göz – gözden.

* * *

Ýüz «siz-bizden», bir «jyz-pyz».

* * *

Ýüz agaç eken oduna gitmez.

* * *

Ýüz akyllyny bir tentek ýandyrar.

* * *

Ýüz bereniň hatyryny ýykma.

* * *

Ýüz berseň, ýüzin düşer.

* * *

Ýüz döndi, köňül döndi.

* * *

Ýüz gapydan duz dadan, bir gapyda bent bolmaz.

* * *

Ýüz gezek eşidenden, bir gezek gören ýagşy.

* * *

Ýüz gören jennet görmez.

* * *

Ýüz göreniň ýüzi gursun.

* * *

Ýüz görüp gapyrga syrma.

* * *

Ýüz goýun tükener, ýüzügaralyk tükenmez.

* * *

Ýüz goýundan bir dost.

* * *

Ýüz gün ýargak, bir gün gerek.

* * *

Ýüz günlük tetärik bäş günlük ömre.

* * *

Ýüz hünäri çala bilenden bir hünäri doly bil.

* * *

Ýüz namart bir merdiň ýerini tutmaz.

* * *

Ýüz puluň bolandan, ýüz dostuň bolsun.

* * *

Ýüz tomaşa, bir omaça.

* * *

Ýüz tümen tükener, ýüzi garalyk tükenmez.

* * *

Ýüz ýalandan ýeke çyn bahaly.

* * *

Ýüz ýüzden ýiti, ýüz – gylyçdan.

* * *

Ýüz ýüzden yssy, ýüz – otdan.

* * *

Ýüz ýüze düşse utanar.

* * *

Ýüz ýylky sallahlykdan bir günki dulluk ýaman.

* * *

Ýüzärlikden jyn gaçar, taýakdan – jynly.

* * *

Ýüzden ýorga çykar, müňden – tulpar.

* * *

Ýüzi gözel bolanyň, hüýi-de gözel bolar.

* * *

Ýüzi gyzylyň uýalany aňdyrmaz.

* * *

Ýüzi nähili bolsa, ýüregi-de şo hili.

* * *

Ýüzi öpüleniň eli öpülmez.

* * *

Ýüzi ýumşak bolanyň, donunyň syýy guramaz.

* * *

Ýüzügarada haýa bolmaz, kakmaç etde – maza.

* * *

Ýüzügaralyk bir ömür dek uzak bolar.

* * *

Ýüzüm gyzandan malym gyzsyn.

* * *

Ýüzüm gyzarandan, guşlukda gumum gyzarsyn.

* * *

Ýüzüň gyşyklygyny aýnada görme.

* * *

Ýüzüne gülüp baksaň, Taňrysy bile bakar.

* * *

Ýüzüni çeken ellisini hem çeker.

* * *

Ýüzüni gör-de, halyny sora.

* * *

Ýüzüni görüp, öwme, ýeňsesinden döwme.

* * *

Ýüzüni örter, dyzyny açar.

* * *

«Ýüzüň üstünde burnuň bar» diýýän ýok.

* * *

Ýykylan derege geçi müner.

* * *

Ýykylan göreşden doýmaz.

* * *

Ýykylan tamy bir kerpiç daýamaz.

* * *

Ýykylan ýere ýapyşar.

* * *

Ýykylanyň ýeňsesinden depme.

* * *

Ýykyljak araba, kyrk gün öňünden jygyldar.

* * *

Ýykyljak ýerimi bilsem, saman düşärdim.

* * *

Ýykylsaň, bir gysym gum alyp tur.

* * *

Ýykylsaň, bökeden[1] ýykyl.

* * *

Ýykylsaň, ýere ýapyş.

* * *

Ýyl alajyny ýylyň başyndan görüp başla.

* * *

Ýylan çakan kendirden gorkar.

* * *

Ýylan duýar, duşman duýmaz.

* * *

Ýylan egiler, büküler, öz awuny özi tapar.

* * *

Ýylan gowuny täzelär, häsiýeti öňküligi.

* * *

Ýylan gumy gysganar.

* * *

Ýylan ýüz ýaşasa – aždarha, müň ýaşasa – ýuwha.

---

[1] Böke – uly, pälwan.

* * *

Ýylan ýylyny ýaman görseň, ýylky alnyňdadyr.

* * *

Ýylandan gorkan alaja ýüpden ätlemez.

* * *

Ýylany duşmanyň penjesi bilen öldür.

* * *

Ýylanyň agyna-da nälet, garasyna-da.

* * *

Ýylanyň agzyna giren çykmaz.

* * *

Ýylanyň aýagyny görmersiň, mollanyň – çöregini.

* * *

Ýylanyň başyny kesseň-de, guýrugy duýmaz.

* * *

Ýylanyň daşy ýumşak, içi zäher.

* * *

Ýylanyň ýigreneni narpyz, ol hem hininiň agzynda gögerer.

* * *

Ýylanyň zäheri ýylana kär etmez.

* * *

Ýyldyzy alyşmaýanyň salamy-da sowuk bolar.

* * *

Ýylky ýylynyň aýagy sowuk, takyk ýylynyň başy sowuk.

* * *

Ýylyň gelşi nowruzyndan belli, ýaryň gelşi – sowgadyndan.

* * *

Ýylyň ýyldan, gyşyň gyşdan parhy köp.

* * *

Ýyndam boljak taý enesine eýermez.

* * *

Ýyrtyga ýama, deşige dyky.

* * *

Ýyrtyjy guşuň eti iýilmez.

* * *

Ýyrtyjy guşuň ömri gysga.

* * *

Ýyrtyk elek, ýykyk tam.

* * *

Ýyrtyk geýim görse, it ýarar.

* * *

Ýyrtyk öýi ýel tapar, ýalan gepi – çyn.

* * *

Ýyrtyk ulalsa, ýamalyk ýetmez.

– Z –

Zadyň bolmasa, dadyň bolmaz.

* * *

Zagarany[1] bal bolanda iý.

* * *

Zagaranyň hurşy – günaşym.

* * *

Zäher ber, köňlüni al.

* * *

Zäherden şypa bolmaz.

* * *

Zähmet soňy – rehnet.

* * *

Zähmetiň nany süýji, ýaltanyň – jany.

* * *

Zähmetsiz iş bolmaz.

* * *

Zalyma: «Işiň näme?» diýenmişler, «Zulum» diýip, jogap berenmiş.

---

[1] Zagara – jöwen çöregi.

* * *

Zalymyň ömri az bolar.

* * *

Zalymyň – zulumyndan, şermendäniň – şerinden.

* * *

Zamana bap bolan utulmaz.

* * *

Zamana saňa bakmasa, sen zamana bak.

* * *

Zarym bar-da, zorum ýok.

* * *

Zehin zehinden zyýada.

* * *

Zekady bolmadygyň namazy bolmaz, namazy bolmadygyň – imany.

* * *

Zelel – otly köýnek.

* * *

Zelel – peýdanyň garyndaşy.

* * *

Zelelden gorkan kär edinmez.

* * *

Zeleliň ýaryndan gaýtmak peýda.

* * *

Zer bilen bolan, zor bilen bolmaz.

* * *

Zer gadyryny zergär biler, ýer gadyryny – kärgär[1].

* * *

Zergär öler – zer galar, daýhan öler – ýer galar.

* * *

Zergär zer tanyr, harban[2] – har.

* * *

Zerräniň gadyryny bilmedik, müňüň gadyryny näbilsin.

* * *

Zora mal kän.

* * *

Zulum bilen abat bolan, bir gün geler, berbat bolar.

* * *

Zulum ýerde galmaz, ýagşylyk ýerde ýatmaz.

* * *

Zyýansyz garanyň köpi ýagşy.

* * *

Zyýany degmedik garyndaşyňy nepi degençe gör.

---

[1] Kärgär – bu ýerde daýhan manysynda.
[2] Harban – eşek bakýan.

PAÝHASYŇ DÜR DÄNELERI

Türkmen halkynyň taryhynyň örän gadymy bolşy ýaly, onuň dilden aýdylyp gelnen şahyrana halk döredijiligi-de juda gadymyýetden habar berýär. Olar adamzat aňynyň asyrlarboýy synagdan geçiren ruhy gymmatlyklary bolup, halkyň geçmiş taryhy, dili, ýaşaýyş durmuşy, tebigat hadysalaryna bolan gatnaşygy ýaly onlarça meseleleri öz içine alýar. Wagtyň geçmegi bilen olar gitdigiçe kämilleşip, timarlaşyp, çeperleşip, ahyrda durnukly görnüşe girip, biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Halk döredijiligi eserleriniň şunuň ýaly häsiýetli aýratynlyklaryny we gymmatyny kesgitläp, dana Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada: **«Ata-babalarymyz türkmen ruhuna täsir edýän parasatly pikirleri gursaklarynda eşrepi deýin saklap, nesilden-nesle geçiripdirler. Her kim öz bilýänini ogullaryna, agtyklaryna gürrüň beripdir. Şeýdip, ata-baba pähim-parasatlary biziň günlerimize gelip ýetipdir»**[1] diýip, örän jaýdar belleýär.

Adyndan belli bolşy ýaly, halk döredijiligi hasaplanylýan nusgalaryň hemmesi many-mazmuny boýunça goýazylygy özlerine siňdiren çeper we şahyrana sözleriň jeminden emele gelen dürdäne pikirlerdir. Ol pikirler ýöne bir ýüz ugruna aýdylaýan närseler däl-de, eýsem tutuş bir halkyň akyl gazanynda gaýnap, eýi ýetirilen, telim asyryň synagyndan geçip, halk köp-

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001, 297 sah.

çüliginiň ol ýa-da beýleki bir mesele barada iň soňunda gelen netijeleriniň jemidir. Şol synagdan üstünlikli geçenleri biziň günlerimize gelip ýeten bolsa, beýleki bir geçip bilmedik böleklerini halk köpçüligi ulanman, olar ulanyşdan galýar. Başgaça aýdylanda, olar halkyň gündelik durmuşynda, sözleýiş dolanyşygynda özüne orun tapyp bilmän, ýatdan çykyp gidýär.

Şu ýerde halk döredijiligi hasap edilýän şahyrana eserlere mahsus bolan ýene-de bir aýratynlyk hakynda durup geçmek ýerliklidir. Ol hem bolsa, bu topara girýän eserleriň haýsy birini alsaň-da, olar doly öwrenildi diýlen netijä gelip bolmaýanlygydyr. Sebäbi olar köp nusgalydyr. «Barylmadyk ýerlerden eşidilmedik gep çykar» diýlişi ýaly, ol eserleriň başga-başga nusgalary bu obadan bolmasa, beýleki bir obadan yzygiderli tapylyp dur. Şonuň üçin-de ol hiç haçan döreýiş dowamlylygyny ýitirmeýär, diňe ýadaman-ýaltanman ýerlere aýlanyp bilseň bolany. Gürrüňini edýän hadysamyz halk döredijiliginiň beýleki toparlary bilen deňeşdireniňde türkmen nakyllaryna has-da mahsusdyr. Şonuň üçin il içine aýlanyp ýörseň olaryň entek eşidilmedik täze-täze nusgalary bilen birlikde, ozalky bar bolanlarynyň-da başga-başga usulda beýan edilenlerine-de köp duş gelinýär. Käbirlerine goşmaça bölek goşulan bolsa, beýleki birlerinden ozalky goşulan goşundylar aýrylyp, ol nakylyň has sagdynlaşdyrylan, many taýdan goýazylaşdyrylan, çeperçilik taýdan kämilleşdirilen halatlary-da az duş gelmeýär. Bu hem öz nobatynda halk döredijiligi eserlerini ylmy taýdan öwrenmegiň we çap etmegiň dowamly suratda alnyp barylmalydygyna şert döredýär. Beýik Serdarymyz bize: **«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalary-**

myzyň öňünde biziň ogulluk borjumyzdyr»[1] diýip sargaýar we ol işiň şu günki gün, ilkinji nobatda, bu ugurda zähmet çekýän alymlaryň, şeýle hem onuň bilen gyzyklanýan islendik raýatyň jana-jan borjy bolup durýandygyny ýatladýar.

Halk döredijiligi hasap edilýän eserleriň hemmesi bitewi milli çeper söz sungatydyr. Ýöne şeýle bolmagyna garamazdan, olar aýry-aýry görnüşlere eýedir. Olaryň göwrüm taýdan ululary-da, kiçileri-de bar. Aýdaly, şadessanlarymyz bilen halk dessanlarymyz iň uly topara girse, halk nakyllarydyr matallary, ýomaklary kiçi topar hasap edilýär. Ýöne bu kiçilik we ululyk şertli ýagdaýdadyr. Many-mazmuna, ýerine ýetirýän hyzmatyna gezek gelende weli, olary uly-kiçi ýaly toparlara bölmek düýbünden nädogry bolar. Munuň, hut, şeýledigini biz türkmen halk nakyllary bilen baglanyşykly ýöretjek aşakdaky pikirlerimizde başardygymyzdan delillendirmäge çalşarys.

Dana Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy söz, sözüň güýji, söz sungaty hakynda Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle ýazýar:

«Söz – beýik Allatagalanyň ynsana eçilen iň keramatly peşgeşidir.

Söz – ynsanyň miwesi. Ýöne ol miwe adama Alla tarapyn berilýändir.

Mukaddes, keramatly kitaplaryň döremegi bilen adamzadyň gara güýje sežde edýän zamanasy tamamlanyp, Söze-Paýhasa sarpa goýýan zamanasy başlandy. Bular adamzadyň taryhyndaky iki sany äpet eýýamdyr»[2]**.**

Beýik Serdarymyzyň söz hakyndaky bu taglymaty halk döredijiliginiň esasy görnüşleriniň biri bolan türkmen halk nakyllary babatda alanyňda has gymmatlydyr. Çünki adamzat

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001, 98 sah.
[2] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001, 20 sah.

aňynyň, paýhasynyň emele gelsiniň we ösüşiniň irki döwürlerinden bäri nakyllar ynsan ahlagynyň kämilligine, terbiýesine hyzmat edip gelipdir. Nakyllar halkyň bäş müň ýyllyk hakydasyny, durmuş tejribesini özüne siňdirip, ata-babalarymyzyň ahlak ýörelgelerine eýlenip, pikir çugdamlygyny, çuňňurlygyny, many goýazylygyny, täsirliligini, ýatda galyjylygyny, durmuşylygyny jemlänligi üçin beýikdir hem täsirlidir. Halkyň durmuş bilen baglanyşygyny, taryhyny, dilini, däp-dessuryny, syýasy-ykdysady ýagdaýyny, zähmetkeş halkyň öz azatlygy ugrunda alyp baran göreşlerini we dünýägaraýşlaryny öwrenmekde şol halkyň nakyllary gymmatly çeşme hasap edilýär. Sebäbi halk nakyllary durmuş bilen üznüksiz bagly bolup, taryhy şertlerde ýüze çykýar. Şonuň üçin olar milliligi, çuň manylylygy, ötgürligi, akyl-paýhasa ýugrulanlygy, az sözde giň many bermegiň ajaýyp nusgasylygy bilen çeper söz sungatynyň beýleki görnüşlerinden düýpgöter tapawutlanýar.

Türkmen halk nakyllarynyň döreýiş taryhy tas adamzat ömrüne barabardyr. Ýöne olaryň aýratynlykda haýsysynyň näwagt dörändigini kesgitlemek weli juda çetindir. Emma, muňa garamazdan, türkmen topragynda ýazylyp, soňra dünýä ýaýran «Awesta» atly meşhur kitap bilen bagly dörän, ýöne biziň günlerimizde-de örän işjeň ulanylýan «Ot – oraz», «Ot astynda bela galmaz», «It geldi – gut geldi», «It – wepa...» ýaly nakyllaryň otparazçylyk, segparazçylyk dinleri bilen baglydygyny, bu dinleriň bolsa entek türkmenler yslam dinini kabul etmezden has öň bolandygyny birnäçe alymlar öz işlerinde aýratyn nygtapdyrlar.[1]

Mahmyt Kaşgarynyň «Türki dilleriň diwanyna», beýleki türkmen-oguz ýazgylaryna, «Oguznamalara», «Gorkut ata»,

---

[1] Seret: Türkmen nakyllary. Çapa taýýarlanlar: B. Garryýew, M. Sakali, K. Osmanow.— Aşgabat, TDN, 1949, 18 sah., Türkmen nakyllary we atalar sözi. Toplan, çapa taýýarlan G. Geldiýew.— Aşgabat, «Ylym», 2004, 7–8 sah.

«Görogly» ýaly şadessanlarymyza, şeýle hem halk dessanlarymyza, Ýusup Has Hajyp Balasagunlynyň «Kutadgu bilik» («Bilimnama») atly meşhur eserine, Nesiminiň, Nowaýynyň, Fizulynyň, Ýunus Emräniň, Baýram hanyň, Andalybyň, Azadynyň, Gaýybynyň, Magtymgulynyň we beýleki söz ussatlarynyň eserleri göçürilen golýazma gatlaryna düşüp, bize ýazuw üsti bilen gelip ýeten nakyllaryň dörän döwrüniň has irki zamanlara degişlidigini weli, çekinmän açyk aýtsa bolar. Elbetde, olaryň hem dörän döwründäki durkundan gitdigiçe timarlanyp, çeperleşip, sagdynlaşyp biziň günlerimize gelip ýetendigine asyl nusga bilen biziň günlerimizde ulanylýan nusgany okan islendik okyjy aňsat göz ýetirip biler.

Aslynda nakyllaryň hiç biri-de başky dörän halynda bize gelip ýeten däl bolsa gerek. Sebäbi islendik halkyň şahyrana halk döredijiligine esasy mahsus bolan alamatlar timarlaşma, çeperleşme hadysasy ilkinji dörän döwründen başlap, halk nakyllaryndan hem sowa geçen däldir hasap edýäris. Şonuň üçinde olaryň agramly bölegi bu hadysadan daşda galan däldir. Aşakda alynjak mysallara ser salanymyzda oňa doly göz ýetirip bolar. Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwanyndan» käbir mysallar:

Karga kazga ötkünse buty synar.
Goş gylyç kynga sygmaz.
Andyz bolsa at ölmez, egir bolsa är ölmez.
Aç nä iýmes, tok näme tiýmes.
Ýylan ýarbuzdan gaçar, kança barsa ýarbuz ötrüw keler.
Iki bogra igeşür, otra kökegün ýençilür.
Tag tagka kawuşmas, kişi kişig kawuşur.
Neçe egri erse ýol eýgü.
Kyz birle göreşme, kysrak bilen ýaryşma.

Mysal alnan nakyllaryň biziň günlerimizdäki ulanylyşy:

Garga gaza öýkünse, budy synar.
Iki gylyç bir gyna sygmaz.
Andyzlyň aty ölmez, egrijeli är taýmaz.
Açlyk näme iýdirmez, dokluk näme diýdirmez.
Ýylanyň ýigreneni narpyz, ol hem hininiň agzynda gögerer.
Iki at depişer, aralykda eşek öler.
Dag daga gowuşmaz, adam adama gowşar.
Egrem bolsa ýol ýagşy, garram bolsa gyz ýagşy.
Gyz bile göreşme, gysrak bile ýaryşma.

Biz ýokardaky mysallaryň üsti bilen şahyrana halk döredijiligine, onuň esasy görnüşleriniň biri bolan halk nakyllarynada mahsus bolan timarlaşma hadysasyny başdan geçirýändigini nygtamak isledik. Ýene-de bir zat, ol hem biziň timarlaşma diýýän hadysamyz islendik eseriň çeperçilik taýdan has sagdyn, has düşnükli, has nepis bolmagyna-da öz täsirini ýetirýär. Çeperleşme bolsa, öz nobatynda, okyja oňat täsir edip, oňa ruhy taýdan goldaw berip, şol eseriň uzak wagtlap ýatda galyjylygyny üpjün edýär.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, nakyllar şahyrana halk döredijiliginiň örän ykjam şekile giren, şonuň bilen barabar çuň mazmuna eýe bolan, köp asyrlaryň dowamynda halkyň jemgyýetçilik-ykdysady, syýasy we medeni tejribeleri, döredijilik agtaryşlary esasynda ýüze çykan çeper mirasdyr. Nakyllar özleriniň gelip çykyşyna, ýerine ýetirýän hyzmatyna görä, esasan, giň halk köpçüliginiň ähli gatlaklarynyň ýa-da toparlarynyň dünýägaraýyşlaryny ýüze çykarýar. Şonuň üçin şahyrana halk döredijiliginiň bu toparynyň gerimi juda giň bolup, olary belli bir galypa salyp bolmaýar. Başgaça aýdylanda, halk nakyllaryndan ynsan ýaşaýşynyň we durmuşynyň, şeýle-de tebigat we haýwanat dünýäleriniň öz ýüzüni görkezmedik meselesini tapmak asla mümkin däl. Has takygy, nakyllar hem Watan, hem

döwür babatda adamzat aňynyň döreden aýna deýin çeper mirasy bolup, halkyň kalbynda müdimilik ýaşap gelýär. Onuň-da düýp sebäbi, olar (halk nakyllary) halk köpçüliginiň baý durmuş tejribeleriniň asyrlaryň dowamynda müň mertebe tassyklanan ganatly pikirleri bolany üçin, biz olara häli-şindi islesek-islemesek ýüzlenmäge mejbur bolýarys. Eger-de öňe sürýän pikirlerimizi halk köpçüliginiň bu çeper mirasy bilen berkidip bilen ýagdaýymyzda, diňleýji diýiljek bolunýan pikire aňyrýany bilen göz ýetirýär. Şonuň üçin diňleýjiniň garşydaşy pikirini düşündirjek bolup uzak sözläp oturmakdan halas bolýar. Başgaça aýdylanda, sözleýjiler biri-birine ýarpy sözde düşnüşýärler. Türkmen halkynyň şahyrana döredijiliginiň örän işjeň ulanylýan topary, ýagny halk nakyllary babatda pikir ýöredilmeli bolsa, onda onuň dürli-dümen gül pürçüge beslenen türkmen sährasyna çalymdaş, ata-babalarymyzyň bize goýup giden çeper mirasdygyny hiç haçan ýatdan çykarmak bolmaz.

Şu ýerde başga bir hakykaty-da ýatlap geçen ýagşy. Eger dünýä halklarynyň nakyllarynyň hemmesi bir ýere üýşürilip, olar sözbaşylary boýunça topara bölünse, onda adamzadyň çekýän zähmeti bilen bagly nakyllaryň birinji orunda durjakdygy hakyndaky netijä gelip bolar. Başgaça aýdylanda, islendik halkyň döreden nakyllaryny alsaň-da, şolaryň içinde zähmete degişlileriniň ilkinji orny eýelejekdigini alymlar uly ynam bilen nygtapdyrlar. Bu tötänleýin ýüze çykan hadysa däldir. Sebäbi ynsan durmuşyny we ýaşaýşyny zähmetsiz göz öňüne getirmek mümkin däl. Mälim bolşy ýaly, ynsana kemal tapdyryjy we onuň durmuşyny gözelleşdiriji zat diňe zähmetde jemlenipdir. Zähmetiň ýok ýerinde ýaşaýyş-da ýokdur, eşretli durmuş-da. Zähmet ynsany diňe bir maddy taýdan ekleýji bolman, eýsem onuň diriliginiň we saglygynyň-da baş girewidir. Ynsan isle akyl, isle-de gara güýji bilen zähmet çeksin, tapawudy ýok, ol diňe şonda janyna teselli tapar. Onuň ýaşaýyşa bolan islegi ar-

tar. Şularyň hemmesine aňly-başly göz ýetiren eždatlarymyz durmuşyň dürli serişdelerinde, şol sanda halk nakyllarynda-da ony ilkinji orna çykarypdyrlar diýen netijä gelinse, ol hakykatdan daş düşmese gerek. Özge halklaryň nakyllarynda bolşy ýaly, türkmen nakyllarynyň-da halk köpçüliginiň ýaşaýşy we durmuşy bilen berk baglylygy olaryň milliligi jähtden türkmen halkynyň özüne has bolan alamatlary, şeýle hem umumyadamzada degişli bolan oý-hyýallaryny özlerinde jemleýänligi bilen baglydyr. Bu iki hususyýet türkmen halk nakyllarynyň sözbaşylara bölünmeginde, durmuş wakalaryny çeper şekilde teswirleýşinde we ahyrda hem giň halk köpçüliginiň gepleşik dilinde öz şöhlelenmesini tapyşynda görünýär. Şu nukdaý nazardan türkmen halk nakyllaryny iki sany uly topara bölmek mümkin.

Onuň birinji topary türkmen halk nakyllarynyň agramly bölegini özünde jemleýär we gös-göni türkmen halkynyň özüne mahsus bolan durmuşyny, dünýägaraýşyny, urp-adatlaryny görüm-göreldelerini, ahlak kadalaryny, gözellik hakdaky düşünjelerini we ş.m. onlarça meseleleri öz içine alýar. Bu topara girýän nakyllaryň milli özboluşlylygyny kesgitlemek üçin, biziň pikirimizçe, aşakdaky hususyýetleri nazara almak gerek:

a) gönüden-göni türkmen halkynyň özüne mahsus bolan syýasy, ykdysady-medeni durmuşyny, ýaşaýyş şertlerini, başyndan geçiren taryhy wakalaryny we ş.m. şöhlelendirişini;

b) türkmen halkyna mahsus bolan zähmetsöýerlik, watanperwerlik, agzybirlik, mertlik-namartlyk, özüňden ulyny hormatlamaklyk, zandyhalallyk, dostluk-doganlyk, ygrarlylyk, sadalyk, myhmansöýerlik, utanç-haýalylyk, söýgi we oňa wepadarlyk, rehimdarlyk, garyp-gasary goldamaklyk, goňşy-golama mylakatlylyk, hatda aýry-aýry haýwanlara (ata, ite, taza, elguşa) eýeçilik gözi bilen garamaklyk... ýaly onlarça meseleleri teswirleýişini;

ç) türkmenleriň mekan tutan ýerlerindäki haýwanat we ösümlik dünýäsini, tutuş tebigatyny suratlandyryşyny;

d) türkmen halkyna mahsus bolan hususyýetlerini;

e) türkmen halkynyň öz janly gepleşik dilini.

Elbetde, biziň bu sanan hususyýetlerimiz biri beýlekisi bilen berk bagly, şonuň bilen birlikde-de olar başga-başga hususyýetler. Şonuň üçin islendik bir nakyly mysal alyp, ol nakyldan biziň sanan hususyýetlerimiziň hemmesini özünde jemländigini ýa-da jemlemändigini talap etmek nädogry bolar. Ýöne iň soňky şert weli, hemme nakyl babatda-da göz öňünde tutulmaly esasy şertdir. Eger şol şert ýok bolsa, onda galan şertler dogrusynda pikir edip oturmagyň zerurlygy-da aradan aýrylýar.

Bu ugurda nakyllaryň ikinji topary barada gürrüň etmezden öň bir meseläni aýdyňlaşdyrmak gerek. Türkmen nakyllarynyň içinde özge halklaryň nakyllarynyň-da barlygy tebigy zatdyr. Bu meselede, aýratyn-da kowumdaş türki halklaryň nakyllarynyň beýleki halklara garanyňda has-da köp boljakdygy öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Bu hili nakyllar bir tarapdan, umumy ynsan özboluşlylygyny, mertebesini özlerinde saklaýanlygy, ýokary derejede görelde alarlyk hususyýetlere eýedigi bilen, ikinji tarapdan bolsa, goňşuçylyk gatnaşyklary, birek-biregiňkä baryp-gelişleri, alyş-beriş, söwda-satyg, medeni we edebi hyzmatdaşlyk meseleleri bilen bagly her bir halkyň durmuş şertlerindäki bolup geçýän umumyösüş kanunlarynyň esasynda ýüze çykýar.

Halk nakyllarynda her bir döwrüň möhüm hususyýetleri kesgitli suratlandyrylan, şöhlelendirilen bolsa hem, birtopar nakyllarda şol suratlandyrylan durmuş hakykatyny belli bir anyk taryhy waka bilen baglap bolmaýar. Sebäbi islendik nakylyň döremeginiň ýa-da unudylmagynyň örän haýal halda, köp wagta çekýän, uzak döwürleri öz içine alýan hususyýetini hasaba alanyňda, onda dürli döwürleriň, täsiri öz yzyny galdyrýar.

Türkmen halk nakyllarynyň döreýiş çeşmeleri dogrusynda durlup geçilse ýerlikli bolsa gerek. Sebäbi halk nakyllarynyň döremegine ozaly bilen ony ýüze çykaran halkyň ýaşaýyş we durmuş şertleriniň sebäp boljakdygy öz-özünden düşnüklidir. Türkmen halkynyň durmuşa eden ýiti synçylygy, birek-birek bilen bolan mähirli gatnaşygy, başyndan geçiren taryhy wakalary, olaryň häli-şindi iş salşyp ýören tebigat we haýwanat dünýäsi, ýer we asman jisimlerine bolan gatnaşyklary, ýaşaýan ýerlerindäki günde-günaşa gaýtalanyp duran tebigy hadysalara bolan garaýyşlary, şeýle hem telim ýyllaryň dowamynda daştöweregini gurşap alan maýda-çüýde zatlar bilen geçiren tejribeleri, garaz, ýaşaýyş we durmuş şertleriniň ählisini öz içine alýan meseleler türkmen nakyllarynyň içinden eriş-argaç bolup geçýän baş. Eger şeýle bolýan bolsa, onda biz olary türkmen halk nakyllarynyň ýüze çykmagyna sebäp bolýan ilkinji çeşme hökmünde kabul etmeli bolarys.

Nakyllaryň ýüze çykmagynyň, kämilleşmeginiň bir çeşmesi türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli söz ussatlarynyň hyzmatlary bilen baglydyr. XVIII-XIX asyr türkmen şahyrlarynyň goşgulary bilen halk nakyllarynyň arabaglanyşygyny has çuňňur ýüze çykarmakda birtopar kynçylygyň hem bardygyny inkär etmek bolmaz. Ol kynçylyklaryň ilkinjisi we esasysy derňelýän döwür şahyrlaryň ýaşap geçen wagtlaryna çenli bolan halk nakyllarynyň bir ýere toplanylan golýazma görnüşli ýazgylaryň we başga çeşmeleriň, şeýle-de neşir edilen ýygyndylaryň bolmazlygy, galyberse-de, söz ussatlarynyň halk nakyllaryndan örän ezberlik bilen peýdalanmaklary, şeýle-de olaryň düzen ganatly sözleriniň halk nakyllary hökmünde köpçülige ýaýramagy, olaryň biri-birine gatyşyp gitmegine sebäp bolupdyr we olary aýyl-saýyl etmegi kynlaşdyrýär.

XVIII-XIX asyr türkmen şahyrlary eserlerini halk nakyllary bilen bezäpdirler. Olaryň watançylyk, il-güni, zähmeti söý-

mek, agzybirlik, ynsan gözelligini wasp etmek, mertlik-namartlyk, ulyny sylap, kiçä hormat goýmak, myhmanparazlyk, ynsan gözelligini wasp etmek, entäni goldamak, öwüt-nesihat ugurlary, umuman, edebi mirasyň agramly bölegi diýen ýaly halk nakyllarynyň baş maksadyna gabat gelýän eserlerdir. Nakyllar şahyrlaryň eserlerinde türkmen halk döredijiliginiň beýleki toparlaryna garanyňda has köp işledilen görnüşdir. Olaryň edebi mirasynyň ep-esli bölegi nakyl setirlerine öwrülip, şu gün hem öz ähmiýetini ýitirmän gelýär. Olaryň goşgularynda nakyllary köp we ýerlikli ullanmaklarynyň esasy sebäbi bolsa şahyrlaryň öz eserleri arkaly ündeýän baş maksatlarynyň halk nakyllarynyň ýerine ýetirýän hyzmaty bilen gabat gelýänligindedir.

Türkmen şahyrlary mümkin boldugyça halk nakyllaryny dürli-dürli görnüşde peýdalanypdyrlar we olara döredijilikli özgerişler girizipdirler. Käbir nakyllar üýtgewsiz, käbiriniň diňe bir bölegi, käbir ýagdaýda söz goşulyp ýa aýrylyp, käbiriniň bolsa manysy çalşyrylyp ulanylypdyr. Çeper söze uly sarpa goýýan ussatlaryň halk nakyllaryndan örän ussatlyk bilen peýdalanmaklarynyň netijesinde olaryň aýry-aýry ganatly sözleri ilat köpçüliginiň içinde nakyl setirlerine öwrülip gidipdir. Şonuň üçin hem olaryň käbir goşgy setirlerini türkmen halk döredijiliginiň bu görnüşinden tapawutlandyrmak zerurýetçiligi ýüze çykypdyr.

Halklaryň arasyndaky syýasy we ykdysady, medeni we edebi, şeýle hem dostlukly gatnaşyklaryň netijesinde halklaryň nakyl goruny baýlaşdyrýan usul biziň pikirimizçe, nakyllaryň ýüze çykmasynyň ýene bir çeşmesi hökmünde nazara alynmalydyr. Ýöne bu meselede alymlar, näme üçindir, ony çeşme hökmünde nazara alman, diňe şeýle ýagdaýyň bardygyny ýatlap geçmek bilen oňupdyrlar. Biziň bu usuly çeşme hökmünde nazara almagymyzyň özüne ýetik sebäpleri bar. Onuň birinji sebäbi goňşulykda ýaşap, özara gatnaşykda bolmakdan

gelip çyksa, ikinji sebäbi kowumdaşlyk meselesi bilen bagly. Biz şu derňewi geçirýärkäk bir hakykatyň şaýady bolduk. Ol hem bolsa özbek, azerbaýjan, türk, tatar, garagalpak halklarynyň nakyllary bilen ýakyndan tanşanymyzda we olary özara deňeşdirenimizde türkmen nakyllarynyň tas 10-15 göterimi şol halklaryň dillerinde-de sözme-söz diýen ýaly gabat gelýär. Käbir nakyllarda bolsa her halkyň öz dil nukdaýy nazaryýetinden az sanly ses özgerişliklerine gabat gelmek bolýar. Ýöne weli ol özgerişler nakylyň düýp many-mazmununa hiç hili täsir etmändir. Many öňküligine galypdyr. Diýmek, şu ýagdaýlary göz öňünde tutsaň, onda bu usuly nakyllaryň döreýişleriniň bir çeşmesi hasap etmäge doly esas beryär.

Dünýä halklarynyň nakyllarynda bolşy ýaly, türkmen halkynyň nakyllarynda-da öz halkymyza mahsus bolan alamatlary, olaryň dünýägaraýyşlaryny, syýasy-ykdysady ýagdaýlaryny, milli häsiýetlerini, zähmet we ynsan, tebigat we haýwanat durmuşy bilen bagly bolan ähli oý-pikirlerini görmek bolýar. Şahyrana halk döredijiliginiň bu topary bilen bagly dünýä halklarynyň akyldarlarynyň ençemesiniň ajaýyp pikirleri aýdyp gidendikleri-de tötänden bolman, eýsem halk nakyllarynyň çeper miras hökmünde islendik halkyň dil baýlygyny, taryhyny, däp-dessurlaryny, dünýägaraýyşlaryny we başga-da onlarça meselelerini öwrenmekde we ýüze çykarmakda örän uly hyzmaty ýerine ýetirýändigi sebäpli bolsa gerek.

Bu ýagdaýa anyk göz ýetirmek üçin mysal gözläp uzak gidip oturmagyň hajaty ýok. Ähli halklaryň akyldarlarynyň esasylarynyň biri hökmünde dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilen sarpaly Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň edýän her bir çykyşlarynda, Mukaddes Ruhnama kitaplarynda we Ş a şygyrlar diwanlarynda şahyrana döredijiligiň bu toparyna häli-şindi ýüzlenip, aňlatmak isleýän pikirlerini olar bilen berkitmegini ýatlap geçmegiň özi-de ýeterlikdir.

Halk nakyllary hemme zamanlarda-da akyldarlaryň, çeper söz sungaty bilen iş salşan beýik söz ussatlarynyň hemişe üns merkezinde bolupdyr. Ynha, şu ýerden hem halk döredijiligi bilen çeper edebiýatyň özara edebi hyzmatdaşlygy ýüze çykýar. Ýazyjydyr şahyrlar eserlerini şahyrana halk döredijiliginiň aýry-aýry toparlaryndan döredijilikli peýdalanyp bezemegi başaran halatlarynda, olar şol eserleri bilen birlikde dünýä edebiýatynyň beýik söz ussatlary hökmünde müdimilik edebiýat taryhyna girip, şan-şöhrata eýe bolýarlar.

Şeýle söz ussatlarynyň hatarynda Firdöwsiniň, Nyzamynyň, Hysraw Dehlewiniň, Nowaýynyň, Fuzulynyň, Andalybyň, Azadynyň, Magtymgulynyň (goşgulary) we başga-da onlarça ýazyjy-şahyrlaryň, şol sanda türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekilleri hasap edilýän Gaýybynyň, Şeýdaýynyň, Magrupynyň, Şabendäniň, Seýdidir Zelililiniň, Keminedir Mollanepesiň, Mätäjidir Misgingylyjyň we beýlekileriň atlaryny tutmak bolar. Olaryň bir topary halk ertekileriniň we rowaýat ýordumlarynyň esasynda iri eserler ýazan bolsalar, beýleki bir topary öz şahyrana goşgularynda tutuş Gündogar ýurtlaryna ýaýran nakyllarlardan, parasatly sözlerden başarjaňlyk bilen döredijilikli peýdalanyp özlerinden soňkulara ajaýyp miras goýup gidipdirler.

Ýöne ýeri gelende şu ýerde bir hakykaty-da nygtamalydyrys. Magtymguly şahyryň goşgularyny türkmen halk döredijiliginden üzňelikde göz öňüne getirmek asla mümkin däldir. Onuň goşgularynyň içinden türkmenleriň häli-şindi ýüzlenip duran nakyl, matal, erteki we rowaýat ýaly toparlarynyň ruhy eriş-argaç bolup geçýär. Ol halk döredijiligi toparlarynyň häsiýetine laýyklykda onuň ruhuny, mazmunyny şahyrana şygra siňdirmegi ussatlarça başaran şahyrdyr.

Magtymguly we nusgawy edebiýatymyzyň beýleki görnükli wekilleri-de nakyllaryň diňe terbiýeçilik ähmiýeti bolan-

laryny saýlap-seçip almagy başarypdyrlar we olary öz maksatlaryna tabyn edipdirler. Ine, şonuň üçin hem Magtymgulynyň we beýlekileriň edebiýat taryhymyzda bitiren bu hyzmatlary aýratyn bellenilip geçilmäge mynasypdyr. XVIII-XIX asyr türkmen şahyrlarynyň halk nakyllaryndan peýdalanmakdaky ussatlyklary olaryň öwüt-nesihat häsiýetli eserlerinde has-da belent derejä göterilendigini weli, aýratyn nygtamagymyz gerek. Munuň sebäbini nakyllaryň asyl gelip çykyşy, durmuşda ýerine ýetirýän hyzmaty, ýagny olaryň ynsanlary terbiýelemekde nesihat berijilik, öwredijilik ýaly häsiýete ýugrulandygy bilen düşündirmek bolar. Şonuň üçin hem şahyrlaryň öwüt-nesihat häsiýetli goşgularyndaky baş maksat nakyllar bilen sepleşip, tutuş goşgynyň ýa-da aýry-aýry setirleriniň sazlaşyp gitmegine ýardam edýär. Munuň hut şeýledigine göz ýetirmek üçin Magtymgulynyň, Magrupynyň, Aşykynyň, Kätibiniň, Zelililiniň öwüt-nesihat häsiýetli tutuş goşgulary we Dowan şahyryň aýry-aýry goşgy bentleri bilen tanyşmaklyk hem ýeterlikdir. Biz bu ýerde Dowan şahyry (1800-1880) ýöne ýere ýatlamadyk. Ol edebiýat taryhymyzda türkmen halk nakyllaryndan döredijilikli peýdalanyp tutuş rubagylar toplumyny döreden ýeketäk türkmen şahyrydyr. Türkmen edebiýatynyň taryhynda Dowan şahyryň halk nakyllary esasynda tutuş rubagylar toplumy bilen çykyş etmegini onuň döredijiliginiň mazmun we keşp taýdan edebiýata girizen täzeligi hökmünde bellemek bolar. Dogry, goşgy düzülişiň rubagy görnüşi halk döredijiligi nusgalarynyň monjugatdy, läle, hüwdi, küştdepdi ýaly toparlarynda ozal işlenilen görnüşdir. Bu görnüşe biz Azadynyň we Kätibiniň döredijiliklerinde hem (ikisiniňki birigip, takmynan 30 bent töweregi) gabat gelýäris. Emma Dowan şahyryňkydan başga halk nakyllaryna esaslanylyp düzülen rubagylary edebiýat taryhy entek ýüze çykaryp bilenok. Ol bu keşpde düzen takmynan 50 bent töweregi rubagysynda 60-a golaý türkmen halk nakyly-

ny döredijilikli özleşdiripdir. Şahyr şol özleşdiren nakyllaryny hem dürli-dürli keşpde bermegi ussatlarça başarypdyr. Biziň ýokarda ýöreden pikirlerimizi şahyryň edebi mirasyndan alynjak aşakdaky mysallar doly tassyklasa gerek:

Agzybiriň rysgy artar,
Köpüň sözi dagy kerter,
Bir ýigidi Hudaý tutsa,
Pygamber hasasyn dürter.

Gün gulaklap, Aý agyllar,
Gar ýagar, garga gagyldar,
Işi gaýdyp ýykyljak öý
Kyrk gün öňünden jygyldar[١].

Jöwen eken müner diňe,
Gulak salyň uşbu heňe,
Goýun bir ýüze ýetýänçä,
Derisi ýeter bir müňe.

Öz işiň üçin irinme,
Gorkagy kowma, sürünme,
Birew çagyrsa bararlar,
Çagyrylmadyk ýerde görünme[٢].

Umuman, diňe bir Dowan şahyr hem däl, derňelýän döwür türkmen şahyrlarynyň hemmesi halk nakyllarynyň ruhuny şygra siňdirmekde biri-birine meňzeş bolmadyk dürli usullardan

---

[١] TMGI, 2185-nji bukja, 158 sah.
[٢] TMGI, bukja №2185, 158 sah.

peýdalanypdyrlar. Olaryň esasylary hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

Birinjiden, halk nakyllarynyň nusgasy janly gepleşikde nähili ulanylýan bolsa, söz ussatlarynyň edebi miraslarynda-da edil şonuň ýaly görnüşde ulanylypdyr:

Bisabyr gul tiz ýolugar belaga,
Sabyrly gul dura-dura şat bolar[١] (Magtymguly).

Nakyl – «Sabyrly gul dura-dura şat bolar».

Başa bela dilden geler,
Ýaman özün gözden salar[٢] (Aşyky).

Nakyl – «Başa bela dilden geler».

Ikinjiden, şahyrlar nakyl setirleriniň diňe bir bölegini goşgy bentlerine girizýärler:

Magtymguly, güýçli bile talaşmaň,
Haýry goýup, şer işlere ulaşmaň[٣] (Magtymguly).

Nakyl – «Güýçli bile talaşma, ýüwrük bile ýaryşma».

Janly-jandar öter, gümany bolmaz,
Daglary ýel bozar, dumany bolmaz[٤] (Baýly şahyr).

Nakyl – «Dagy-daşy ýel bozar, adam arasyny dil bozar».

---

[١] Şol ýerde, 281-nji bukja, 83 sah.
[٢] Şol ýerde, 2-nji bukja, 5 sah.
[٣] Şol ýerde, 400[a] – nji bukja, 36 sah.
[٤] Şol ýerde, 933-nji bukja, 23 sah.

Üçünjiden, şahyrlar halk nakyllarynyň janly gepleşikde ulanylýan nusgasyna özlerinden söz goşup ýa-da aýryp peýdalanýarlar, ol bolsa nakylyň-da, goşgynyň-da manysyny güýçlendirýär:

Garyplyk bir dertdir adam öldürmez,
Öldürmese dirilikde güldürmez[1] (Magtymguly).

Nakyl – «Garyplyk öldürmez, öldürmese-de – güldürmez».

Küpür bolma, diliň sakla Afzaly,
Dil bela enesi, diş gala eken[2] (Çary Afzal).

Nakyl – «Dil – bela, diş – gala».

Dördünjiden, şahyrlar halk nakyllaryndaky öňe sürülýän baş maksady, manyny öz sözleri bilen berýärler:

Ýeke atdan tozan çykmaz,
Imdat gerekdir ýigide[3] (Magtymguly).

Nakyl – «Ýekäniň çaňy çykmaz».

Artan – egsen, galan ýük,
Ner ýanyňda bellidir[4] (Zelili).

Nakyl – «Hatarda ner bolsa, ýük ýerde galmaz».

---

[1] TMGI, 772-nji bukja, 4 sah.
[2] Şol ýerde, 847-nji bukja, 21 sah.
[3] Şol ýerde, 2-nji bukja, 147 sah.
[4] Şol ýerde, 2012-nji bukja, 16 sah.

Towşan dogduk depesine çaglasa,
Ilden aýry mydam gözi ýaş eken[1] (Çary Afzal).

Nakyllar – «Towşana dogduk depe», «Ýaryndan aýrylan ýedi ýyl aglar, ýurdundan aýrylan – ölinçä ».

Bäşinjiden, söz ussatlary nakyllaryň halk arasynda ulanylýan nusgalaryndaky sözleriniň ýerini çalşyryp peýdalanýarlar:

...Boý satyn alyp ýamandan,
Baky ondan dynma barmy?[2] (Magtymguly).

Nakyl – «Ýamandan boýuňy satyn al».

Hoş söz munda yzzat, magşarda – haýrat,
Ýaman tilden başa bela duş bolar[3] (Aşyky).

Nakyl – «Başa bela dilden geler».

Arwananyň ýüki galmaz,
Meger hatarda ner bolsa[4] (Magrupy).

Nakyl – «Hatarda ner bolsa, ýük ýerde galmaz».

Jemlenip aýdylanda, islendik döwrüň kämil türkmen şahyrynyň ýa-da ýazyjysynyň şahyrana halk döredijiliginiň bu toparyndan peýdalanman eser ýazmadygy ýok diýip, doly tassyklasa bolar. Onuň geljekde-de şeýle boljakdygyna çekinmän kepil

---

[1] Şol ýerde, 7-nji bukja, 9 sah.
[2] Şol ýerde, 1123-nji bukja, 63 sah.
[3] TMGI, 1-nji bukja, p-2, 19 sah.
[4] Şol ýerde, 307-nji bukja, 339 sah.

geçse bolar. «Taýagyň iki ujy bar» diýlişi ýaly, şu ýerde meseläniň beýleki bir tarapyny-da ýatdan çykarmak bolmaz. Sebäbi islendik halkyň nakyllarynyň mukdar taýdan baýlaşmagyna şol halkyň görnükli ýazyjy-şahyrlarynyň, beýik söz ussatlarynyň hut özleriniň goşýan goşantlary dogrusynda-da ýatlap geçen ýagşy.

Mälim bolşy ýaly, her bir halkyň nakyl gory iki hili ýol bilen baýlaşýar. Olaryň ilkinjisi, şol halkyň köp asyrlyk syýasy-durmuşy, ykdysady tejribeleri, agtaryşlary, gözlegleri netijesinde ýüze çykan bolsa, soňkusy şol halkyň ýazyjy-şahyrlarynyň, beýik söz ussatlarynyň eserlerinde aýdylan nakyl pisint ybratly[١] pikirleriniň halk köpçüligi tarapyndan goldanylyp, häli-şindi dile alnyp ýörülmesi bilen baglydyr. Aradan uzak ýyllaryň geçmegi bilen ýaňky halkyň dilinde häli-şindi gaýtalanylyp ýörlen ybratly pikirler kem-kemden nakyllaşma häsiýetine eýe bolup, ahyrda hem halk nakyllaryna öwrülip gidýär. Dogry, käbir sowatly adamlar şol nakyla öwrülen goşgy setirleriniň kim tarapyndan düzülendigini bilýärler, şonda-da pylan şahyryň goşgy setiri diýenoklar-da, nakyl görnüşinde dile getirýärler. Şeýlelikde, ol setirler halk nakyllarynyň içinde özlerine mynasyp orun alýarlar. Biz aşakda XVIII-XIX asyr nusgawy şahyrlarymyzyň edebi miraslaryndan käbir mysallar getirip, bu babatdaky pikirimizi jemleýäris:

Käbe weýran etmeden müň mertebe,
Bir köňül ýykmak ýamandyr, eý dede[٢]

(Döwletmämmet Azady).

---

[١] Ybrat – görüm-görelde.
[٢] Şol ýerde, 714-nji bukja, 148 sah.

Garyplyk bir dertdir adam öldürmez,
Öldürmese dirilikde güldürmez...[1]

Mert çykar myhmana güler ýüz bilen,
Namart özün gizlär, myhman ýoluksa[2] (Magtymguly).

... Nadan dostdan dana duşman ýagşydyr.

Owal garyp bolup, soňra baýan är,
Iýmez, geýmez, soň baýamak biläni (Zelili).

Köňlüň söýen hapysaňy berseler,
Öz gözüňe tomagaly gyz görner (Seýdi).

Özüňi süýt bilgin, dostuňy – gaýmak (Kätibi).

...Watandan el götär «çöl» sesin aňsa (Mollanepes).

Halk nakyllarynyň mazmuny babatda aýdylanda, olar many taýdan adatdan daşary güýje eýedir. Bu hususyýet olaryň many-mazmunynyň goýazylygyny öz-özünden ýokary derejä göterip, netijede şol bir topar nakylyň dürli ýagdaýlarda başga-başga mazmunda ulanylmak mümkinçiligini ýüze çykarýar. Galyberse-de, köp halatlarda olaryň ulanylyş çägini giňeldip, ömürlerine ömür goşýar.

Nakyllar öz tebigaty boýunça halk şahyrana döredijiliginiň pelsepewi topary hasaplanylyp, ol haýsydyr bir gutarnykly pikiri şekil taýdan çeper, doly we birkemsiz hala salyp, ondan degişli netije çykaryp, şol netijäni hem birinji orna çykaryp, ileri

---

[1] Şol ýerde, 281-nji bukja, 136 sah.
[2] Şol ýerde, 307-nji bukja, 96 sah.

sürýär. Nakyllaryň pelsepewiligi, bir tarapdan, olaryň öte umumylaşdyrylyşynda görünse, ikinji tarapdan, durmuşy dogruçyllyk bilen teswirleýşi arkaly adamzat jemgyýetiniň aýry-aýry kanun we düzgünlerini hakyky manysyna adalatly beýan edişinde görünýär. Meselem, köp nakyllarda näme hakda pikir ýöredilendigine garamazdan, göräýmäge şol gelnen dogruçyl hakykat göýä aýry-aýry närseler dogrusynda ýaly bolup görünsede, ol pikir umumylykda alanyňda düýp mazmuny bilen beýleki bir şunuň ýaly närsä-de deň derejede degişli hasaplanylýar.

Sebäbi her bir nakyldaky dile alnan pikir tebigaty boýunça özgelerden tapawutlanyp, diňe özüne mahsus bolan alamatlary bilen umumydyr. Meselem, «Şemalsyz çöp başy gymyldamaz» nakyly diňe bir tebigatdaky bolýan hadysany aňlatmak bilen çäklenmän, eýsem ol durmuşda bolýan her bir hadysanyň ýa-da wakanyň döremegine haýsydyr bir zadyň sebäp bolýandygynyda ýatladyp goýýar, şonuň üçin hem «Sebäpsiz çöp başy gymyldamaz» görnüşinde hem ulanylýar.

Tebigatyň we adamzat jemgyýetiniň elmydama hereket edýän we üýtgäp durýan ähliumumy kanunlaryna göz ýetirmek üçin nakyllarda şunuň ýaly alamatlaryň dogruçyllyk bilen öz beýanlaryny tapmaklary hemme wagt hem ähmiýetlidir.

Nakyllar halk durmuşyny, ýaşaýyş şertlerini, dünýägaraýyşlaryny we ymtylyşlaryny, köp asyrlyk tejribelerini teswirlemek arkaly juda goýazy çeperçilikli, şonuň bilen barabar terbiýewi maksady göz öňünde tutýan iň anyk, iň işjeň topar hasaplanylýar. Onuň terbiýewi ähmiýeti, esasan, şu aşakdakylardan ybarat:

Birinjiden, nakylda suratlandyrylýan islendik waka ýa-da hadysa oňa degişli bolan mynasybet arkaly yzygiderli, syntgylanan görnüşde orta atylandan soň, ol ýa tassyk bolýar, ýa-da inkär edilýär. Diýmek, ol ýa beýleki nakyly eşiden adamda, el-

betde, şol waka ýa-da närse bilen bagly anyk mynasybetiň ýüze çykjakdygy öz-özünden düşnüklidir.

Ikinjiden, her bir nakyl adamlara ýokary çeperçilige ýugrulan, terbiýeçilik taýdan yzygiderlilige eýe bolan ýol salgy berýär, nakyllardaky juda goýazy arzuw-hyýallaryň hasyl bolmagyna giň şert döredip, ahyrda-da diňleýjini öz tutan maksat-myradyna ýetmek üçin göreş alyp barmaga çagyrýar.

Üçünjiden, hakyky halk nakylynda zähmetkeş halkyň bähbitleriniň dogruçyllyk bilen suratlandyrylýandygy üçin her bir adamynyň öz mähriban Watanyny, adalaty we azatlygy, mertligi we gahrymançylygy, ynsanperwerligi, zähmeti, öz doglan we ýaşaýan ülkesiniň tebigy baýlyklaryny, dagyny, derýasyny, düzüni, hatda şol ýerde bitýän ösümlik dünýäsini, malyny-garasyny, jemlenip aýdylanda, şuňa meňzeş hakyky ynsan häsiýetlerini söýmäge, olara uly hormat goýmaga bolan çagyryş äheňi hemişe özüne mynasyp orun alyp gelýär. Bu aýdylanlar bolsa öz nobatynda, ozaly bilen, ýaşlary, galyberse-de, islendik ynsany Watançylyk ruhunda terbiýelemegiň iň esasy serişdelerinin biri hökmünde dana halkymyzyň häli-şindi olara ýüzlenip, olardan özüne gerek pähim-paýhaslaryny susup alyp durmagyna şert döredýär.

Şu ýerde meseläniň beýleki bir tarapyny-da aýdyp geçmek gerek. Nakyly dile getirýän her bir şahsyň ondaky taryhylygy asla nazardan salmazlygy gerek. Çünki, halk nakyllarynyň köpüsi geçmişde ýüze çykanlygy sebäpli, olarda halkyň ruhy jemindäki, dünýägaraýşyndaky gapma-garşylyklar, kesgitli çäklenmeler ol ýa bu derejede şöhlelenipdir. Bu hili nakyllara taryhyň belli bir döwürdäki önümi hökmünde seretmän, belki, olara uzak döwürleriň miwesi jähtden garap toplamak we öwrenmek zerur. Sebäbi olar dürli zamanlaryň täsirlerini özüne siňdirip, bize gelip ýetipdirler.

Halk döredijiliginiň iň ýörgünli we uly toparlarynyň biri hasap edilýän halk nakyllarynyň beýleki şahyrana toparlardan özüne mahsus bolan birnäçe alamatlary bilen tapawutlanýandygyny belläp geçmek gerek. Ol alamat hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar.

Birinjiden, halk nakyllary hemişe anyk we aýdyň pikiri aňladyp gelýär. Olarda artykmaç sözler bolmaýar. Şeýle bolaýan ýagdaýda-da ol aňlatma nakyllyk alamatyny ýitirip, diňe sözler toplumy bolup galýar.

Ikinjiden, islendik nakyl mälim etmekçi bolýan pikirini yzygiderlilikde we mäkämlikde beýan etmek häsiýetine eýedir!

Üçünjiden, olara häsiýetli alamatlaryň iň esasylarynyň biri-de nakyllaryň hem asyl, hem göçme mana eýe bolmaklary bilen baglydyr. Bu hususyýet olaryň mowzuk örüsini we ulanylyş çygryny giňeldýän esasdyr, manylar halklaryň çeper miraslarynda-da özüne orun alyp, olarda hem deň derejede şol bir hyzmaty ýerine ýetirip gelýär[1].

Dördünjiden, halk nakyllary şahyrana döredijiligiň beýleki toparlary ýaly köp adamynyň bir ýere ýa-da öýe toplanylyp, üýşülip aýdylyşy ýaly aýdylmaýar. Başgaça aýdylanda, halk döredijiliginiň nakyllardan özgesi ýörite topar guralyp ýerine ýetirilýär. Köplenç hem gijelerine aýdylýar. Emma halk nakyllarynyň weli, wagty-salymy bolmaýar, şonuň ýaly-da ony aýdyşmak üçin toparlanyşyk guralmaýar. Nakyllar üçin wagtyň çägi ýok, gije bolsun, gündiz bolsun, onuň-da tapawudy ýok. Ol mesaýy gürrüňçilikde ýüze çykýar. Şonuň üçin ol diňe iki adamyň arasynda-da ýa-da köpçülikde-de bolup biler.

Bäşinjiden, halk nakyllaryny köplenç sowatly, zehinli, ýatkeş, gepe çeper, ýerini bilip sözlemegi başarýan aňly-düşünjeli

---

[1] Prof. G. Geldiýewiň ýokarda ýatlanylan kitabynda bu hakda giňden pikir ýöredilendigini nazara alyp, biz olary gaýtalap oturmakdan saklanýarys.

adamlar dile alagan bolýar. Olar gep arasynda nakyl getirmek bilen edilýän gürrüňiň manyly we mazmunly bolmagyny, şeýle-de ynandyryjylyk häsiýetiniň güýçli ýüze çykmagyny, üpjün etmek bilen diňleýjiniň aňyna güýçli täsir etmegi başarýarlar.

Nakyl aýdylýan pikiriň dogrudygyny tekrarlaýar. Nakyl aýdyldymy – diýmek, aýdylýan pikir örän dogry. Halk ata-babalardan galan ruhy mirasa uly baha berýär. Dogry, nakyllara mahsus bu alamatlar halk döredijiliginiň beýleki toparlaryna-da azda-kände degişli. Ýöne olar nakyllara garanda has pes derejede.

Altynjydan, nakyly aýdaýyn diýip aýdyp bolmaýar. Olar edilýän gürrüňiň many-mazmunyna gabat gelen halatynda aýdyjynyň diline duýdansyz gelýär. Hatda muny aýdyjynyň özide duýman galýar.

Halk nakyllarynyň şu häsiýeti bilen bagly bir ýagdaý hakynda-da şu ýerde ýatlap geçmek artykmaçlyk etmese gerek. Biz uzak ýyllaryň dowamynda ilat arasyndan edebi we taryhy mirasy toplap, golýazmalar hazynamyzy baýlaşdyrmak maksady bilen Türkmenistanyň çägindäki welaýatlarda we etraplaryň köpüsinde ençeme gezek ylmy saparlarda bolanymyzda bir hakykata göz ýetirdik. Köpi gören, sakally ak gunduz ýaly, perişde sypat islendik gepe çeper diýilýän adamynyň ýanyna baryp, onuň bilýän nakyllaryny ýazyp almakçy bolsaň, ol adam birbada aljyrap, bilýän nakyllarynyň ýüzden birini-de aýdyp bilmeýär. Emma weli, ýaňky adam bilen uzak wagtlap gürrüňdeş bolup otursaň, ol öz gürrüňlerini halk nakyllary bilen bezär gider otyr, bezär gider otyr, asyl onuň gapdalyndan turasyň gelmez. Ýazyp ýetişip bilseň zor boldugyň.

Ýedinjiden, halk döredijiliginiň bu topary beýlekilere garanyňda has işjeň ulanylýanlygy bilen tapawutlanýar. Ony çagalar-da, ýaşlar-da, garrylar-da deň derejede hemme wagt we

hemme ýerde ulanýarlar. Munuň-da düýp sebäbi biziň ýokarda görkezen bäşinji aýratynlygymyz bilen baglydyr.

Sekizinjiden, şahyrana döredijiligiň agramly toparlary (aýdymlar, hüwdiler, läleler, küştdepdiler, agylar, ýaremezanlar, belli bir derejede monjugatdylar, toý aýdymlary) heň-owaz bilen ýerine ýetirilýär. Emma nakyllara bu häsiýet mahsus däldir. Olar, ýokarda ýatlap geçişimiz ýaly, özara mesaýy gürrüňçilikde dile alnyp, olaryň hiç hili heň-owaz gatanjy ýokdur.

Ýokarda ýatlap geçen birnäçe hususyýetlerimizden daşgary-da, nakyllar halk döredijiliginiň beýleki toparlaryna has bolan umumy hususyýetleri-de özlerinde jemleýär.

Mälim bolşy ýaly, adamzat aňynyň önümi bolan her bir pikir elmydama görelde alarlyk, nusgalyk derejede bolup bilmeýär. Edil şonuň ýaly-da islendik görelde alarly we nusga edinerli pikir-de nakyl bolup bilmeýär. Şeýle bolandan soň her bir nusgalyk pikiriň nakyl derejesine göterilmegi üçin aýry-aýry şertler gerek:

Birinjiden, her bir ybratly pikiriň nakyla öwrülmegi üçin ol pikir giň halk köpçüliginiň telim ýyllaryň dowamynda synagyndan geçen, tejribelerinde ýetjek derejesine ýeten pikir bolmaly. Diňe şeýle ýagdaýda ol ybratly pikir nusgalyk derejä eýe bolup, adamlary özüne çekip, olaryň ynamyny gazanyp biler.

Ikinjiden, nakyl häsiýetine eýe bolan pikir umumyadamzat durmuşyna, ýaşaýşyna onuň içki we daşky gurşawyna, tebigat hadysalaryna bolan gatnaşygyna des-deň derejede täsirini ýetirýän bolmaly. Käbir ýagdaýda her bir halkyň gös-göni öz milli häsiýeti bilen bagly az sanly nakyllaryň-da ýüze çykaýmak ähtimallygyny ýatdan çykarmak bolmaz.

Üçünjiden, ýokardaky iki şerte doly jogap berip bilýän islendik ybratly (nusgalyk) pikiriň ykjam, gutarnykly, çeperçilik taýdan kämil hala eýe bolmagy gerek. Sanalan üç şerti jemlän

göreldeli pikirlermiz nakyl keşbine girip, halkyň çeper mirasy hökmünde ýaşamak hukugyna eýe bolýar.

Her bir nakylyň juda haýal halda döreýändiginiň ýa-da ýok bolýandygynyň daşky şertlere baglydygyny hem unutmazlyk zerur. Sebäbi nakyllaryň öz mazmunyny, köplenç hem öz şeklini saklap galmagy-da jemgyýetiň gurluşy, ýaşaýyş ykdysady, syýasy we medeni ýagdaýlarynyň durnuklylygyndan we durnuksyzlygyndan gelip çykýar. Ýaşaýyş durmuşynyň özgermegi bilen nakylyň ündeýän many-mazmunynyň-da üýtgemegi mümkin: ýa öňki nakyla derek täzesi döreýär, ýa onuň ozalky manysy giňeýär, ýa-da ol nakyl başga mazmuna eýe bolýar. Bu ýagdaý öz nobatynda nakylyň ikinji bir hususyýetini ýüze çykarýar. Nakylyň bu hususyýeti onuň halk durmuşy bilen gönüden-göni berk baglanyşmagyna hemmetaraplaýyn açyk sebäp bolýar. Şol sebäpli-de olar halkyň durmuşyna, onuň geçmişdäki syýasy we ykdysady, şeýle hem medeni hal-ýagdaýlaryna göz ýetirmekde bahasyna ýetip bolmajak çeşme bolup hyzmat edýär. Bu ahwalat, birinjiden, nakyllarda dürli mynasybetleriň, halkyň ahlaky hal-ýagdaýlarynyň, ýaşaýyş şertleriniň, durmuş hadyslaryna bolan söýgi we ýigrençleriniň, erkinlik ugrundaky ymtylyşlarynyň, arzuwlarynyň, göreşleriniň dogruçyl ykjam we anyk şekilde beýan edilenliginde görünýär.

Ikinjiden, halk nakyllary durmuş wakalaryny beýan etmän, eýsem çuň mana eýlenen görnüşde ýüze çykarýar. Diýmek, nakyllarda ol ýa-da bu döwre mahsus bolan wakalar öz beýanyny tapýar.

Üçünjiden, nakyllar halkyň ençeme asyrlap ýaşaýyş we iş dowamynda toplan tejribelerini umumylaşdyryp, olary ykjam hala salyp, jemläp berýär.

Dördünjiden, nakyllar halkyň asyrlaryň dowamynda toplan tejribelerini diňe bir jemlemek bilen çäklenmän, eýsem olary

çeperçilik taýdan-da timarlaşdyrýar, bezeýär, gözel görke getirýär.

Durmuşdaky ýaramaz nogsanlyklara, dürli barjamly toparlara we ýokary synp wekillerine yzygiderli gahar-gazap bildirip, ýagşylygy dabaralandyrýan, oňat ynsançylyk häsiýetleri ündeýän köp sanly nakyllarda şol ýaramazlyklaryň üstünden kinaýaly gülmek ýa-da olara düýpli gahar-gazap bilen garamak ýaly meýiller halk nakyllarynyň möhüm häsiýetlerinden biri hasap edilýär. Bular ýaly nakyllaryň ahlak-terbiýewi täsiri durmuşda, köpçülikde özüňi ýaramaz alyp barmagy inkär etmek arkaly ýüze çykarylýar. Üstünden ýeňles gülmek häsiýetine eýe bolan nakyllar güýçli kinaýa, piçjiň atmak we ajy gülmek esasynda gurulýar. Meselem: „Işýakmaza iş buýursaň, ataňdan artyk akyl öwreder” ýaly nakylda diňebir ýaltalara has bolan esasy hususyýet beýan edilip oňulman, eýsem onuň bu häsiýetiniň üstünden ýeňil kinaýa bilen ajy gülünýärem. Nakyldaky ajy gülki onda suratlandyrylan durmuş hakykatyna ýa-da şahsyň synpy mynasybetine garap, dürli derejede bolup bilýär.

Nakyllaryň şekilleri olaryň örän ýokary derejedäki çeper mazmunlaryny ýüze çykarmaga hyzmat edýär. Şonuň üçin hem nakyllar özbaşdak topar görnüşinde gözelligiň şekil we mazmun birligi kanunyny äşgär etmäge juda golaýdyr.

Islendik pikiri çeper serişdeler arkaly gysga, çugdam, ykjam teswirlemäge bolan ymtylyş, meýil ediş nakyllara örän uly kaşaňlyk ýokundysyny bagyşlap, olaryň gözellik taýdan has-da çeperleşmegini üpjün edýär. Bu bolsa öz nobatynda nakyllaryň düzülişindäki özüne has bolan aýratynlygy ýüze çykarýar. Biziň pikirimizçe, şol diýilýän aýratynlyk hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar: eger nakyllaryň bir bölegi düşnükli, sada sözler toplumyndan ybarat şekilde düzülen bolsa, beýleki bir bölegi azda-kände çylşyrymly haldalygyna garamazdan, olar özlerinde göwrüm taýdan örän çuňňur mazmuny ykjam gör-

nüşde ýüze çykarmaga ukyplydyr. Düzüliş şekili babatda bolsa nakyllar hem şahyrana, hem-de kyssawy häsiýete eýedir.

Has takygy olaryň agramly bölegi kyssa görnüşinde düzülen birnäçe sözden ybarat sada sözlemlerdir. Professor G. Geldiýewiň örän jaýdar belleýşi ýaly, eger hakyky halk nakyly boljak bolsa, onda şol sözleriň arasyna söz goşup bolmaýşy ýaly, olardan bir sözi şol sözüň manydaş sözi bilen çalşyryp-da bolmaýar. Şeýle edäýen halatyňda ol sözler toplumy nakyllyk häsiýetini ýitirýär.[1]

Halk nakyllarynyň ikinji bir bölegi köplenç iki setirden ybarat bolup, ol goşgy setirlerini ýadyňa salýar. Setirler özara sazlaşyp, goşgy düzülişiň ähli kadalaryny özlerinde jemleýär.

Türkmen halk nakyllarynyň içinde seýregräk hem bolsa üç we dört setirden ybarat bolan nusgalaryň-da duş gelýändigini ýüzugra ýatlap geçen ýagşy. Olar-da edil iki setirli nakyllar ýaly, goşgy düzülişiň hemme kadalaryna tabyn haldadyr.

Şeýle bolandan soň halk nakyllary edil goşgy setirlerindäki ýaly, bogun ölçegi babatda-da dürli-dürli bolup, olaryň üçden başlap, on alty bogundan ybaratlaryna hem duş gelmek bolýar.

Şeýlelikde, nakyllar, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, halk şahyrana döredijiliginiň beýleki toparlaryna garanyňda, wakalary iň dogruçyl suratlandyrýan çeper pelsepewi häsiýete eýe boluşlary ýaly, olarda çeper döredijilige mahsus bolan hususyýetleriň iň esasylarynyň biri – şahyranalyk juda ösen haldadyr. Nakyllaryň bu häsiýeti aşakdaky ýagdaýlarda has-da mälim bolýar:

1. Nakylda şekillendirilýän şahs, ozaly bilen, bize anyk keşpde görünse-de, ol şonuň bilen barabar, özüne kybapdaş şahslara has bolan alamatlaryň ençemesini özünde jemlän gör-

---

[1] Seret: Türkmen halk nakyllary we atalar sözi. Aşgabat, 2004 ý.

nüşde teswirlenýär. Teswiriň anyk we aýny wagtda umumy häsiýetde beýan edilişi bolsa, şahyranalygyň möhüm serişdelerinin biri hasaplanylýar.

2. Nakyllaryň az sanly böleginde ozal hem ýatlap geçişimiz ýaly, aýry-aýry keşpler göni we dogry manylarynda teswirlense, beýleki köp sanly böleginde şol keşpler göçme manyda suratlandyrylandygy bilen tapawutlanýar. Nakyllardaky bu hususyýetiň ozaly bilen, şeýle halda ýüze çykmagy, adamlaryň gadymy düşünjeleriniň täsiriniň esasynda kemala gelen bolsa, soňky ýagdaý, ýagny göçme manylylyk olaryň, hut, özleriniň aňly-başly oýlap tapan agtaryşlarynyň netijesidir. Mälim bolşy ýaly, göçme manylylyk bolsa, öz nobatynda nakyllaryň şahyranalygyny görkezýän, artdyrýan, güýçlendirýän esasy çeperçilik alamatlaryň biri hasap edilýär.

3. Professor G. Geldiýewiň örän jaýdar belleýşi ýaly: „Nakyllar adaty sözlem görnüşinde gelseler-de, olaryň şahyranalygy kyssadan şygra ýakyn durýar. Ol golaýlyk belli bir sazlaşygyň saklanmagy, basym äheňli aýdylmagy, säginmäniň ulanylmagy, belli bir bogun ölçeginde bolmagy ýaly zatlaryň hasabyna emele gelýär...”[1]

Nakyllarda ulanylan kinaýalar meňzetmeler, deňeşdirmeler, sypatlandyrmalar, janlandyrmalar, çekimli we çekimsiz sesleriň sazlaşygy, ugurdaşlyklar, göçme manylar, meňzeşlikler, atdaş sözler, aýlawly sözler ýaly şygyr düzmeklige mahsus bolan esasy çeperçilik serişdeleriniň tas hemmesi diýen ýaly ulanylyp, olar halk nakyllaryna özbaşdak topar hukugyny beripdir. Nakyllarda işledilen şeýle köp sanly çeperçilik serişdeler bir tarapdan nakyllaryň kyssadan şygra ýakyndygyny doly tassyklasalar, ikinji tarapdan, olaryň many-mazmun taýdan go-

---

[1] Geldiýew G. Türkmen şahyrana halk döredijiligi. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2003, 176 sah.

ýazylaşmagyna, keşp babatda gözel görke gelmegine, kämillik nukdaý nazardan ýatda galyjylyk täsiriniň artmagyna ýardam berýär. Ahyrda bolsa, bularyň hemmesi birigip, şahyrana döredijiligiň bu toparynyň terbiýeçilik güýjüne güýç goşup, olaryň ähmiýetini artdyrýar. Başgaça aýdylanda, islendik adam olarda ündelýän many-mazmundan, pähim-paýhasdan, görüm-göreldeden ybrat almaga çalyşýar.

Türkmen halk nakyllary we atalar sözleri bilen bagly söz açylanda olaryň neşir edilişi, öwrenilişi babatda belli bir işleriň edilendigine garamazdan, halk döredijiliginiň bu gymmatly toparyna şu günki günüň nukdaýnazaryndan garamak, toplamak, öwrenmek, neşir etmek zerur bolup durýar. Indi döwür üýtgedi. Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň gazanyp beren Garaşsyzlygy ylmyň beýleki pudaklarynda bolşy ýaly, türkmen halkynyň taryhyny, edebiýatyny, geçmiş mirasyny öwrenmegiň ugurlaryny kesgitläp, alymlaryň öňünde uly-uly wezipeler goýdy. Indi öňki ýaly negözel nakyllarymyz «diniň ýokundysy bar» ýa-da «bu nakyl ýokary synpyň bähbidini goraýar» diýen nädogry meýillerden daşda durlup, altyn hazynamyzyň iň köp ýaýran we işjeň toparynyň ylmy derňewiniň çägi has-da giňelip, olar Garaşsyzlyk zamanasynyň ylmy nukdaý nazary bilen öwrenilýär.

Sarpaly Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň «Türkmen ilim aman bolsun» atly şadiwanynda hemmeler tarapyndan söýlüp okalýan «Türkmendir» atly meşhur goşgusy ýerleşdirilip, şol goşgynyň «Türkmeni beýik edip biljek diňe türkmendir»[1] diýen ajaýyp setiri bar. Örän çuň manyny özünde saklaýan bu goşgy setiri durmuşyň hemme tarapy babatda ulanarlyklydyr. Ýöne çeper mirasa gezek gelende ol has-da gymmatlydyr. Sebäbi islendik başga bir halkyň çeper mirasyna şol

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Türkmen ilim aman bolsun. – Aşgabat, 2003, 195 sah.

halkyň öz wekilinden gowy düşünjek, onuň iň inçe manylaryna anyk göz ýetirjek özge bir halk wekilini tapmak mümkin däl. Türkmen nakyllaryny türkmen bolup, türkmen ýüregi bilen aýtmaly, eşitmeli, okamaly, manysyna akyl ýetirmeli, öwrenmeli, söýmeli. Ana, şonda paýhasyň dür däneleri bolan türkmen nakyllarynyň pelsepe hem many çuňlugyna doly göz ýetirip bolar. Beýik Serdarymyzyň ýokarda mysal alnan, hatda biziň günlerimizde halk nakylyna öwrülip giden goşgy setiriniň çuň manysynyň äşgär edişi ýaly, türkmen hakyllaryny toplajagam, öwrenjegem, gymmaty bilen nesillere ýetirjegem biziň özümizdiris — türkmenlerdir.

Halkymyzyň döreden edebi-ruhy ýadygärliklerini şu günki Garaşsyzlyk eýýamynyň täze ruhy, täze aňyýeti bilen Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň talaplarynyň esasynda giň halk köpçüligine ýetirmek maksady bilen biz hem başardygymyzdan, şu ýygyndyny çapa taýýarladyk. Ýygyndy iki sany bölümden ybarat. Birinji bölüm Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnama kitaplaryndaky ulanan halk nakyllaryny hem-de dür dänesi deý nakyllaşan pähim-paýhaslaryny öz içine alýar. Ikinji bölümde bolsa türkmen halk nakyllarynyň iň durnukly we işjeň toparlaryndan saýlanyp-seçilip alnan nusgalaryndan ybarat nakyllar ýerleşdirildi. Biziň taýýarlan ýygyndymyzyň öňki neşirlerden tapawudy häzirki ýygyndyda ýerleşdirilen nakyllaryň agramly bölegi Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynda saklanylýan, tas 350 töweregi bukjadan saýlanylyp-seçilip alnandygy, şeýle hem olaryň diňebir öz aralarynda deňeşdirilmän, eýsem ozalky neşir edilen kitap nusgalary bilen-de deňeşdirilendigindedir. Şol özara seljerilmeleriň esasynda hem has durnukly, has çeper, halk köpçüligi tarapyndan has işjeň ulanylýan hasap edilenleri şu ýygyndyda özüne orun aldy. Bulardan başga-da özümiziň ýyllaryň, has takygy, 40-45 ýylyň

dowamynda toplan şahsy hazynamyzdaky 5-6 müňe ýakyn nakyllardan-da peýdalandyk.

Şu ýerde başga bir hakykaty-da ýatlasymyz gelýär. Biziň golýazmalar hazynamyzda gyzylyň garyndysy ýaly bolup, bukjalarda gizlenip ýatan nakyl gorumyzyň örän kändigine ýenede bir gezek göz ýetirdik. Olary doly ýüze çykaryp, hemmetaraplaýyn derňäp, seljerip, giň okyjylar köpçüligine hödürlemek geljegiň işi. Biziň çaklamymyza görä, diňe golýazmalar hazynamyzdaky nakyllaryň sany 10-12 müňden geçýär. Bularyň üstüne kitap neşirlerindäki, gazet-žurnallardaky, şeýle hem garagalpak, stawropol, eýran, owgan, kerkuk, türk türkmenleriniň nakyllaryny-da goşsaň, olaryň jemi sanynyň 20 müňden geçjekdigi göze görnüp duran hakykat ahyry. Biziň häzirki taýýarlan neşirimiz şol diýilýän tutumly işiň diňe başlangyjy bolmaly. Bu möhüm işiň amal ediljekdigine Beýik Türkmenbaşy eýýamynyň galkynyşlary doly ynam döredýär.

Myrat ÇARYÝEW,
Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan
Milli golýazmalar instituty.

MAZMUNY

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasyndaky pähimler we nakyllar 9
Türkmen halk nakyllary 106
Paýhasyň dür däneleri 615

TÜRKMEN HALK
NAKYLLARY

Tehredaktor S.Abaýew
Çeperçilik redaktory A.Muhammedow
Korrektor M.Amanowa

Çap etmäge rugsat edildi 01.07.2005ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 40,5.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Sany 5 000.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №.
A-21555

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.